D.A.Mowlamow, G.A.Şükürow,
A.I.Rozyýew

EKONOMETRIKA

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

Türkmenistanyň Bilim ministrligi
tarapyndan hödürlenildi

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2016

UOK 330.1:378
M 29

Mowlamow D.A. we başg.
M 29 **Ekonometrika.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.

Bu okuw kitabynda milli ykdysadyýetde bolup geçýän umumy proseslere giňişleýin, çuňňur we çalt seljerme we bahalandyrma usullaryna seredilip, ol ýokary okuw mekdepleriniň ykdysady hünärlerinde «Ekonometrika» dersi boýunça bilim alýan talyplara niýetlenendir. Şeýle hem bu okuw kitabyndan Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde ykdysady prosesleri öwrenýän ähli talyplar peýdalanyp bilerler.

TDKP № 75, 2016 KBK 65.053 ýa 73

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

Gaýtalama:

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim – janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

Gaýtalama:

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim – janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Türkmenistanyň Prezidenti
Gurbanguly Berdimuhamedow:

– Ekonometriki modeli işläp taýýarlamaklyk Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň gysga we orta möhletleýin döwür üçin ahyrky sarp edilişiň esasy makroykdysady görkezijileri boýunça ssenariý häsiýetli çaklaýyşlary gurmaga gönükdirilendir.

Sözbaşy

Häzirkizaman ykdysadyýet ylmyny, berk matematiki pikir ýöretmä we matematiki hasaplamalara esaslanan bahalandyrma usullarysyz ösdürmek mümkin däldir. Täze ykdysady modelleriň ählisi diýen ýaly ekonometrikanyň usullaryna esaslanandyr. Olary ekonometrikanyň esaslaryny ele alman ulanmak mümkin däldir. Häzirkizaman ykdysady edebiýaty özleşdirmek hem gowy ekonometriki taýýarlygy, bilimi talap edýär.

Ekonometrika ykdysady desgalaryň (obýektleriň) we prosesleriň mukdar aragatnaşyklaryny matematiki-statistiki modelleriň we usullaryň kömegi bilen öwrenýän amaly ykdysady dersdir. Ol ykdysady nazaryýeti, amaly ykdysady ylmy-barlaglary we amalyýeti baglanyşdyrýar. Ekonometrika mikro we makroykdysady görkezijileri bahalandyrmagyň usullaryny berýär. Belli bolşy ýaly, ykdysady nazaryýetiň esaslary matematiki gatnaşyklaryň kömegi bilen beýan edilýär we matematiki statistikanyň usullarynyň kömegi bilen hakyky (real) maglumatlary ulanmak bilen barlanylýar. Ekonometrikanyň usullarynyň kömegi bilen ykdysady nazaryýet tarapyndan çak edilýän ykdysady görkezijileriň arasyndaky täze gatnaşyklary aýan edip, olara degişli çaklamalary (gipotezalary) anyklap, soňraky barlaglarda olary tassyklap ýa-da ret edip bolýar. Şol sebäpli, ekonometrikany ykdysadyýeti statistiki usullaryň kömegi bilen öwrenýän ykdysady statistika bilen hem, matematiki usullary ulanýan ykdysady nazaryýet bilen hem çalyşmak bolmaz. Ekonometrika bu garaýyşlaryň häzirkizaman ykdysadyýetiniň mukdar gatnaşyklaryny öwrenýän birleşmesidir.

Ekonometrikanyň esasy we merkezi meselesi ekonometriki modelleri gurmakdan we olary hakyky ykdysady prosesleri beýan etmekde, seljermekde we çaklaýyşda ulanmagyň mümkinçiliklerini kesgitlemekden ybaratdyr. Şol sebäpli, bu okuw kitabynda gözegçilik edilýän ykdysady prosesleri beýan edýän deňlemeleriň parametrlerini bahalandyrmakda giňden ulanylýan regressiýaly seljermä uly orun berildi. Şeýle usul arkaly alnan deňlemeleriň kömegi bilen ykdysady prosesleriň geljekde özüni alyp barşynyň çaklaýşyna mümkinçilik alynýar.

Ykdysady prosesleriň köpüsi wagta görä üýtgeýän hadysalardyr. Wagtyň geçmegi bilen ykdysady prosesleriň, önümçiligiň şertleri we görkezijileri üýtgeýär. Şeýle prosesleriň geljegini çaklaýyş etmäge we beýan etmäge ymtylyş adama mahsus ahwalatdyr. Şonuň üçin okuw kitabynda wagt hatarlary we olaryň barlagy beýan edilýär.

Köp ykdysady prosesler birnäçe deňlemeleriň kömegi bilen beýan edilýär. Şol sebäpli, olaryň ulgamlaryny seljermek hem özleşdirmek zerurdyr.

Okuw kitaby yokary matematikanyň, ähtimallyklar nazaryýetiniň we matematiki statistikanyň esaslaryny özleşdiren ykdysadyýetçi talyplara niýetlenendir. Onda çylşyrymly matematiki subutnamalar ýokdur. Şeýle subutnamalar zerur halatynda ýokarda sanalan dersleri düýpli esasda özleşdiren talyp olary özbaşdak amala aşyryp bilmelidir.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň hil taýdan özgerdilmegi üçin, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly, ykdysady ösüşi ylmy taýdan üpjün etmegi, ýagny onuň strategiki ugurlaryny ylmy taýdan esaslandyrmak we bazar ykdysadyýetiniň ösüşiniň üýtgemelerini öňünden kesgitläp dolandyrmakda ylma esaslanan taktiki usullary saýlap almagy üpjün etmek gerekdir. Bu jogapkärli işiň esasynda geljekki hünärmenlere düýpli ykdysady bilim bermegiň durýandygy aýandyr. Okuw kitaby bazar ykdysadyýeti şertlerinde işlejek ykdysady hünärmenleri taýýarlamak meselesini çözmegiň çäklerinde düýpli ykdysady bilim bermek göz öňünde tutulan ýokary okuw mekdeplerinde ykdysadyýetde ulanylýan ekonometriki usullar we modeller boýunça bilim bermekde ulanmaga niýetlenilýär.

Geljekki ykdysadyýetçi we dolandyryjy dürli ykdysady derejedäki bolup geçýän proseslere aň ýetirip, doly öwrenip, olara täsir edýän faktorlaryň köplüginde öwrenilýän prosese täsir edýänleriniň özara gatnaşygyny aýan etmegi we prosesi dolandyrmakda olary göz öňünde tutmagy başarmalydyr. Onuň üçin ol ykdysady prosesleri dolandyrmagyň seljeriş, çaklaýyş we meýilleşdiriş usullaryndan peýdalanmagy başarmalydyr. Geljekki ykdysadyýetçä olaryň işleýiş we ulanylyş tehnologiýasyny görkezýän nusgawy görnüşlerini özleşdirmek zerurdyr. Şol usullaryň özenini ekonometrikanyň usullary düzýär.

Okuw kitabynda milli ykdysadyýetde bolup geçýän umumy proseslere giňişleýin, çuňňur we çalt seljerme we bahalandyrma berme usullaryna seredilip, ol ýokary okuw mekdepleriniň ykdysady hünärlerinde «Ekonometrika» dersi boýunça bilim alýan talyplara niýetlenendir. Şeýle hem bu okuw kitabyndan Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde ykdysady prosesleri öwrenýän ähli talyplar peýdalanyp bilerler.

I bap

EKONOMETRIKA DERSINIŇ MAKSADY WE WEZIPELERI. EKONOMETRIKANYŇ USULYÝETINIŇ ÖSÜŞI. EKONOMETRIKA WE BEÝLEKI YLYMLAR

§1.1. Ekonometrika dersiniň maksady we wezipeleri

Ykdysadyýetdäki täze usullaryň köpüsi ekonometriki modellere esaslanýar. Ekonometrika ykdysady nazaryýeti, amaly ykdysady derňewleri we amalyýeti baglanyşdyrýar. Ekonometrika mikroykdysady we makroykdysady modelleriň parametrlerini bahalandyrmagyň usullaryny berýär.

Ekonometrikanyň esasy meselesi ekonometriki modeli gurmakdan we bu modeliň hakyky ykdysady prosesleri beýan etmekdäki, seljermekdäki, çaklaýyşdaky mümkinçiliklerini kesgitlemekden ybaratdyr.

Ekonometrika ykdysady hadysalaryň baglanyşyklary baradaky ylym hökmünde seredip bolýar. Bu baglanyşyklary öwrenmek üçin regressiýa seljermesi ulanylýar. Regressiýa seljermesiniň kömegi bilen bagly we bagly däl üýtgeýän ululyklaryň gözegçiliklerden alnan bahalarynyň toplumyna ýokary derejede degişli bolan deňlemeler bahalandyrylýar. Bahalandyrylan deňlemeleriň kömegi bilen bagly däl üýtgeýänleriň berlen bahalary üçin bagly üýgeýäniň bahasyny öňünden tapyp bolýar. Ykdysadyýetde wagt boýunça üýtgeýän hadysalar köpdür. Wagtyň geçmegi bilen önümçilik prosesleri we ykdysady şertler üýtgeýärler. Şu ýagdaýda geljegiň ýagdaýyny önüňden aýtmak maksady bilen wagt hatarlary ulanylýar.

Köp sanly hakyky ykdysady prosesleri diňe bir deňleme bilen beýan etmek mümkin däl. Şeýle ýagdaýda birnäçe ekonometriki deňlemeleri bolýar. Bu deňlemeler käbir ulgamy düzýärler.

Ekonometrika hakyky statistiki maglumatlaryň esasynda dürli ykdysady görkezijileriň (faktorlaryň) arasyndaky baglanyşyklary seljermegiň usullarynyň toplumydyr. Şu usullaryň komegi bilen öň belli bolmadyk täze baglanyşyklary ýüze çykarmak, ykdysady görkezijileriň arasyndaky kesgitli baglanyşyklaryň bardygy baradaky çaklamalary barlamak mümkin.

Ykdysadyýetçi alym Samuelson ekonometrika barada: «Ekonometrika nazaryýetiň we gözegçiligiň häzirkizaman öşüşine daýanyp, hakyky ykdysady hadysalaryň mukdar seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýär» diýse, alym Malenwo: «Ekonometrikanyň maksady-ykdysady kanunlaryň empiriki getirip çykarylmasydyr. Ekonometrika hakyky maglumatlary ulanmak bilen postulirlenen takyklamalary barlamak we takyklamak üçin nazaryýeti doldurýar» diýip belleýär.

Ekonometrikanyň esasy meselelerine aşakdakylar degişlidir.

1) Empiriki seljerme üçin amatly bolar ýaly ykdysady modelleri matematiki formada gurmak.

2) Deňlemäniň parametrlerini kesgitlemek.

3) Modeliň tapylan parametrleriniň we modeliň tutuş özüniň hilini barlamak.

4) Öwrenilýän ykdysady görkezijileriň özüni alyp barşyny düşündirmekde, çaklaýyşda we ykdysady syýasaty oýlanyşykly geçirmekde gurlan modelleri ulanmak.

Soňky döwürlerde ekonometrikanyň usulyýetine tankydy göz bilen seredilip başlandy.

Eger ekonometrikanyň kömegi bilen alnan netijeler (çaklaýyşlaryň netijeleri) ýaramaz bolsa, onda usulyýete daýanýan öwreniji modele, maglumatlara täzeden seretmeklige derek bahalandyrmagyň täze usullaryny ulanmalydyr diýip hasap edilýär.

Häzirkizaman ekonometriki modelleşdirmäniň wajyp düzgüni bahalandyrylýan modeli hemme taraplaýyn barlamakdan durýar. Bahalandyrylan regressiýa modeliň nähili dogry gurlandygyny barlamak üçin ulanylýan esasy kriterilere seredeliň:

– Hasaba alynmadyk üýtgeýän ululyklaryň kriterisi. Bu kriteri öň hasaba alynmadyk üýtgeýän ululygyň modele goşulmak kriterisidir.

– Funksional formanyň kriterisi. RESET kriterisi.

– Gurluşlaýyn (strukturalaýyn) üýtgemeler kriterisi (Чoy, CUSUM we CUSUMSQ kriterisi) we taşlanmalar(zyňylmalar) kriterisi.

– Galyndylaryň awtokorrelýasiýasynyň kriterisi. (Darbiniň-Uotsonyň, Godfreýiň kriterileri, Kingiň nokatlanç – optimal kriterisi).

– Regressorlaryň ekzogenlik kriterisi. (Darbinyň – By – Hausmanyň kriterisi).

– Ilkinji tapawutlar kriterisi we maglumatlary özgertmegiň beýleki kriterileri.

– Girizilmedik ululyklar kriterisi.

– Üýtgeýänleriň stasionarlyk kriterisi.

– Ýalňyşlyklaryň geteroskedastiklik kriterisi.

– Normallyk kriterisi (Žarka-Beranyň kriterisi).

Her bir kriterä statistika (tötän ýalňyşlaryň toplumy) degişli bolýar. Bu statistika maglumatlara bagly funksiýadyr. Ulanylýan modeli (ähtimallykly modeli) dogry hasap edip, berlen statistikanyň paýlanyşyny nazary getirip çykaryp bolýar. Modeliň dogrulygy baradaky nol çaklamanyň barlagy şeýle yzygiderlikde geçirilýär. Eger bar bolan maglumatlaryň esasynda alnan statistika öňden kesgitlenen ynamly aralyga degişli bolmasa, onda nol çaklama taşlanýar we model nädogry gurlan hasaplanýar.

Ynamly aralyk kritiki çäkleri (serhetleri) görkezmek bilen berilýär. Statistikanyň ynamly aralykdan çykmaklygynyň ähtimallygyna **ähmiýetlilik derejesi** diýilýär. Her bir statistika üçin käbir ähmiýetlilik derejesi bar. Amalyýetde 5% kritiki çäkler has köp ulanylýar.

Ekonometriki modelleşdirmegiň käbir meselelerine seredeliň. Ekonometriki modelleşdirme käbir şertleriň ýerine ýetmegine daýanýar. Şol şertleriň biri funksional gatnaşyklaryň seredilýän döwür içinde üýtgemeýänliginden durýar. Ýöne bu şert, köplenç, ýerine ýetmeýär (geçiş ykdysadyýeti bilen iş salşylanda bu şert ýerine ýetmeýär). Bu meselä ykdysadyýetçi üýtgäp durýan gurluşly ykdysady prosesleri öwrenende duş gelýär. Modeliň formasynyň üýtgemeýänligi baradaky şert kabul edilmese modelleşdirme mümkin bolmaýar.

Gurluşlaýyn süýşmeleri hasaba almagyň mümkin bolan usullarynyň biri dürli görnüşli gurlan üýtgeýän ululyklaryň (emeli (fiktiw) üýtgeýän ululyklar we trendler) ulanylmagyndan durýar. Trendleriň ekonometriki modele girizilmegi regressiýa deňlemesiniň ähli koeffisiýentlerindäki üýtgemeleri göz öňünde tutmaga mümkinçilik berýär. Mundan başga-da, modelde emeli üýtgeýän ululyklaryň we garmoniki trendleriň (sinuslar we kosinuslar) ulanylmagy möwsümleýin yrgyldylary hasaba almaklyga mümkinçilik berýär.

Şeýle-de bolsa, bu usullar häsiýeti we ýüze çykma pursaty näbelli bolan (böküşli üýtgeme) üýtgemeleri dogry (adekwat) hasaba almaga mümkinçilik bermeýär. Aýratyn hem gurluşlaýyn süýşmeler çaklaýyş üçin uly meseleleri döredýär.

Bar bolan maglumatlar üýtgeýän ululyklaryň arasyndaky funksional baglanyşygy kesgitlemek üçin ýeterlik däl ýa-da bir faktoryň täsirini beýleki faktoryň täsirinden tapawutlandyrmak üçin maglumatlaryň ýeterlik derejede üýtgemeýän (warirlenmeýän) bolmagy mümkin.

Soňky meselä ekonometriki modelleşdirmede **multikollinearlyk** diýilýär.

Maglumatlaryň ýeterlik dälliginiň öwezini dolmak üçin käbir aprior ýol bermeleri ulanmaly bolýar.

Modeliň funksional formasy öňünden belli bolmaýar. Şeýle ýagdaýda **bahalandyrmagyň parametrik däl usullaryny** ulanmak has amatlydyr. Ýöne, bu usullary ulanmak üçin maglumatlaryň toplumy has uly bolmaly. Şonuň üçin amalyýetde iki üýtgeýäniň arasyndaky baglanyşyk çyzykly diýlip hasaplanýar. Köplenç ýagdaýda maglumatlaryň ýerleşýän käbir aralygynda çyzykly baglanyşyk çyzykly däl baglanyşyklaryň gowy approksimasiýasyny berýär. Ýöne, «hakyky» baglanyşyk çyzykly baglanyşykdan güýçli daşlaşmaýar diýip bolmaz.

§1.2 Ýalan regressiýanyň meselesi

Determinasiýa koeffisiýentiniň ýokary bahasyny almak üçin bagly we bagly däl üýtgeýänlerde trendleriň bolmaklygy we trendleriň dinamikasynyň käbir derejä çenli gabat gelmegi ýeterlikdir. Determinasiýa koeffisiýenti bir ösýän görkezijiniň başga bir ösýän görkeziji boýunça regressiýasynda ýokary bolýar. Başga bir tarapdan bir prosesiň başga bir şeýle proses boýunça regressiýasynda determinasiýa koeffisiýenti pes bolýar.

Wagt hatarlarynda «trendiň» bolmaklygy aşakdaky sebäpler bilen düşündirilýär.

1) Determinirlenen düzüji;
2) Stasionar dällik (stohastiki trend).

Determinirlenen trendiň bolmaklygy ýalan regressiýanyň ýüze çykmagyna getirýär. Goý, y_t we x_t $y_t = a + b_t + \varepsilon_t$; $x_t = c + d_t + \xi_t$ proseslerden alynýan bolsun. Bu ýerde ε_t; ξ_t – birmeňzeş paýlanan garaşsyz ýalňyşlyklardyr. Hemişelik ululyk we x_t boýunça y_t – niň regressiýasynyň ýokary determinasiýa koeffisiýentiniň bolmagy mümkin. Bu netije saýlamanyň ölçeginiň artmagy bilen güýçlenýär. Bu seredilýän ýagdaýda ýalan regressiýanyň berjek netijesini ýok etmek üçin deňlemä trendi regressor hökmünde goşmak ýeterlikdir.

Eger stasionar däl tötän prosesleriň stasionar çyzykly kombinasiýasy bar bolsa, onda bu proseslere kointegrirlenen prosesler diýilýär. Kointegrirlenmeklik ýalan regressiýanyň ýüze çykmazlygyny kepillendirýär.

§1.3. Ekonometrika we beýleki ylymlar

Ekonometrika – bu ykdysady seljermäniň usulydyr. Ekonometrika ykdysady nazaryýeti seljermäniň statistiki we matematiki usullary bilen baglanyşdyrýar. Ekonometrikada ykdysady nazary tassyklamalar matematiki gatnaşyklar görnüşde aňladylýar, soňra statistiki usullaryň kömegi bilen empiriki barlanylýar. Şeýle ýol bilen milli ykdysadyýetiň, hojalygyň modelini düzýärler. Şu modeliň kömegi bilen wajyp ykdysady görkezijiler üçin çaklaýyş geçirilýär. Ekonometrikanyň kömegi bilen alnan çaklaýyşlar hemme wagt ýeterlik derejede takyk bolmasa-da ekonometrika has giňden ulanylýar.

Şeýlelikde, ekonometrika bilimiň üç sferasynyň kombinasiýasy ýaly seredip bolar:

1) Ykdysady nazaryýet;
2) Ykdysady statistika;
3) Matematiki statistika.

Ekonometrikanyň we statistikanyň öwrenýän meseleleri biri-birine ýakyndyr. Ekonometrika köp gaýtalanýan ykdysady hadysalary, statistika bolsa islendik tebigatly (şol sanda ykdysady) köp gaýtalanýan hadysalary öwrenýär.

Ykdysady nazaryýet we matematiki ykdysadyýet kanunalaýyklyklary umumy görnüşde kesgitleýär. Ekonometrika şol kanunalaýyklyklary statistikanyň kömegi bilen aňladýar.

Ekonometrika anyk ykdysady maglumatlar bilen iş salyşýar we anyk özarabaglanyşyklary mukdar taýdan ýazyp beýan edýär.

Mysal üçin, ykdysady nazaryýet harydyň bahasy bilen bu haryda bolan islegiň arasynda (beýleki faktorlar üýtgemeýän ýagdaýda) baglanyşygyň bardygyny tassyklaýar. Ýöne, ykdysady nazaryýet bu baglanyşyga mukdar taýdan baha bermeýär. Mukdar bahalandyrmalary hasaplamak ekonometrikanyň meselesi bolup durýar. Ekonometrikada empiriki hasaplamalary geçirmek mümkinçiligini üpjün etmek üçin, köplenç, matematiki deňlemeler, modeller ulanylýar.

§1.4. Ekonometrikanyň taryhy we ösüşiniň häzirkizaman tendensiýalary

Ähtimallyklar nazaryýetiniň ýüze çykmagy bilen statistiki maglumatlary işlemekde ähtimallykly modeller ulanylyp başlandy. XIX asyrda amaly statistikanyň ösmegine belgiýaly alym A.Ketle uly goşant goşdy. Amaly statistikanyň häzirkizaman ösüş tapgyrynyň (etabynyň) başlangyjy 1900-nji ýyl hasap edilýär. 1900-nji ýylda iňlis alymy K.Pirson «Biometrika» žurnalyny esaslandyrdy. XX asyryň 30 – 35-nji ýyllary parametriki statistika uly üns berildi. Paýlanyşlaryň parametriki köplüginiň (maşgalasynyň) maglumatlaryny seljermegiň usullary öwrenildi. Bu paýlanyşlar Pirsonyň maşgalasy diýilýän köplüge degişli egriler bilen berilýär. Has köp ulanylýan paýlanyş normal paýlanyş (Gaussyň paýlanyşy) boldy. Çaklamalary barlamak üçin Pirsonyň, Stýudentiň, Fişeriň kriterileri peýdalanyldy. Maksimal hakykata ýakynlaşma usuly, dispersiýaly seljerme teklip edildi.

XX asyryň 30–35-nji ýyllarynda işlenip düzülen nazaryýet **parametriki statistika** diýlip atlandyryldy. Parametriki statistikanyň öwrenýän zady bir ýa-da birnäçe parametrler bilen aňladylýan, ýazyp beýan edilýän paýlanyşlardan alnan saýlamalardyr. Has umumy paýlanyş Pirsonyň dört parametr bilen berilýän paýlanyşydyr. Ekonometriki we statistiki usullaryň ösüşiniň häzirki döwri bäş sany esasy ugur bilen beýan edilýär (bäş «ösüş nokatlary»).

1) Parametriki däl statistika;

2) Durnukly dällik (robastlyk);

3) Butstrep (başlangyç saýlamanyň göwrümine deň göwrümli köp saýlamalary almak prosesiniň imitirlenilişi. Bu imitirleme bahalandyrylýan häsiýetnamalaryň (harakteristikalaryň) bahasynyň (meselem, korrelýasiýa koeffisiýenti) şol ýa-da beýleki aralyga haýsy ähtimallyk bilen düşýändigini kesgitleýär);

4)Aralyklaýyn maglumatlaryň statistikasy;

5) San däl maglumatlaryň statistikasy (san däl tebigatly desgalaryň statistikasy).

§1.5. Ekonometrikanyň ulanylýan ugurlary

Ekonometrika, esasan, aşakda sanalýan ylmy-amaly ugurlarda ulanylyp bilner:

1) Çaklaýyşda (guramalar, sebitler, ýurtlar, tutuş Ýer ýüzi derejesinde);

2) Wajyp maliýe-hojalyk we durmuş-ykdysady çözüwleri taýýarlamak maksady bilen geçirilýän dürli tebigatly maglumatlaryň seljermesinde;

3) Dürli tebigatly töwekgelçilikleriň seljermesinde (ykdysady, ekologiki töwekgelçilikler, ätiýaçlandyryşyň düzgünleri işlenilip düzülende);

4) Önümiň we harytlaryň hilini dolandyrmaklygyň statistiki usullarynda;

5) Esasy we aýlaw kapitalyň dinamikasyny seljermekde we çaklaýyşda;

6) Maddy, maliýe we maglumat akymlarynyň hereketi baradaky, isleg, gorlar baradaky maglumatlar seljerilende logistiki meselelerde;

7) Eksperimenti ekstremal meýilleşdirmegiň usullary bilen tehnologiki prosesler optimallaşdyrylanda;

8) Tehnologiki prosesiň takyklygy we durnuklylygy öwrenilende;

9) Marketingde sarp edijileriň ileri tutmalary öwrenilende;

10) Saýlanyp alnan auditde;

11) Maliýe (pul) akymlary deňeşdirilende, çaklaýyşda öwrenilende;

12) Ähli bolup biljek reýtingler we indeksler gurlanda;

13) Bahalaryň we durmuş derejesiniň ösüşiniň seljermesinde, puluň hümmetsizlenmeginiň (inflýasiyanyň) maliýe-hojalyk işiniň görkezijilerine edýän täsiri seljerilende;

14) Salgyt salmak bazasynyň döremegine dürli faktorlaryň edýän täsirleri öwrenilende;

15) Kontrolling meselelerinde;

16) Innowasiýa menejmentiň meselelerinde;

17) Kiçi kärhanalary dolandyrmakda, kiçi telekeçilik öwrenilende.

Soraglar:

1. Ekonometrikanyň esasy meselesi nämeden ybarat?
2. Ekonometrikada nähili modeller ulanylýar?
3. Funksional baglanyşyk korrelýasiýa baglanyşygyndan nähili tapawutlanýar?
4. Ýalan regressiýa meselesi näme?
5. Ekonometrikanyň beýleki ylymlar bilen nähili baglanyşygy bar?
6. Ekonometrika nähili ugurlarda ulanylýar?

2. sargyt № 2842

II bap

STATISTIKI DÜŞÜNJELER WE PAÝLANYŞLAR

§2.1. Giriş. Regressiýa seljermesiniň düýp mazmuny

Ylma «ekonometrika» adalgasy 1926-njy ýylda norweg ykdysadyýetçisi we statistigi **Ragnar Friş** tarapyndan girizildi. «Ekonometrika» sözi formal taýdan «ykdysadyýetdäki ölçemeler» diýmekligi aňladýar.

Regressiýa seljermesiniň düýp mazmuny. Funksional baglanyşykda bir üýtgeýän ululygyň her bir bahasyna başga bir üýtgeýän ululygyň bir bahasy degişlidir. Ykdysady üýtgeýän ululyklaryň arasynda şeýle baglanyşyk ýok. Mysal üçin, girdeji bilen sarp edişiň, baha bilen islegiň we ş.m. arasynda berk baglanyşyk ýok. Ykdysady üýtgeýänleriň arasynda funksional baglanyşygyň ýoklugy aşakdaky sebäpler bilen düşündirilýär. Birinjiden, bir üýtgeýän x ululygyň beýleki y ululyga edýän täsiri öwrenilende y üýtgeýän ululyga täsir edýän beýleki faktorlar alynmaýar. Ikinjiden, x ululygyň y ululyga edýän täsiri gös-göni bolman beýleki ululyklaryň üsti bilen ýüze çykýan bolmagy mümkin. Üçünjiden, köp sanly şeýle täsirler tötän häsiýete eýedir. Ykdysadyýetde ululyklaryň arasynda funksional baglanyşyga derek korrelýasiýa ýa-da statistiki baglanyşyk bar. Şeýle baglanyşyklary tapmak, bahalandyrmak we seljermek, baglanyşyklaryň formulasyny gurmak we olaryň parametrlerini bahalandyrmak ekonometrikanyň wajyp bölümleriniň biridir.

Bir ululygyň üýtgemesiniň beýleki ululygyň paýlanyşyny üýtgedýän baglanyşyga **statistiki baglanyşyk** diýilýär. Bir üýtgeýän ululygyň dürli bahalaryna beýleki üýtgeýän ululygyň dürli orta bahasy degişli edilýän baglanyşyga **korrelýasiýa baglanyşygy** diýilýär. Korrelýasiýa baglanyşygy statistiki baglanyşygyň hususy ýagdaýydyr.

X we Y ululyklaryň arasyndaky baglanyşyga iki halda seredip bolar. Birinji ýagdaýda iki ululyklar hem deň ähmiýetli hasaplanylýar, ýagny bu ululyklar bagly däl we bagly üýtgeýänlere bölünmeýärler. Bu ýagdaýda bu ululyklaryň (meselem, harydyň bahasy bilen islegiň göwrüminiň) arasynda baglanyşygyň bardygy we bu baglanyşygyň güýji baradaky mesele esasy mesele bolup durýar. Iki üýtgeýän ululyklaryň arasyndaky çyzykly baglanyşygyň güýji öwrenilýän ýagdaýda korrelýasiýa seljermesi ulanylýar. Korrelýasiýa seljermesiniň esasy ölçegi korrelýasiýa koeffisiýentidir. Iki üýtgeýän ululyk deň ähmiýetli hasaplanylanda baglanyşygyň ugry bolmaýar. Ikinji ýagdaýda baglanyşyklar iki ululygyň arasynda dürli ähmiýetliligi göz öňüne tutýar. Ululyklaryň biri garaşsyz (düşündiriji) beýlekisi garaşly (düşündirilýän) hasaplanylýar. Garaşsyz ululygyň üýtgemesi garaşly ululygyň üýtgemesiniň sebäbi bolup biler. Meselem, girdejiniň artmagy sarp edişiň artmagyna, bahalaryň artmagy islegiň kemelmegine, göterim derejesiniň azalmagy maýa goýumyň artmagyna, walýutanyň alyş-çalyş kursunyň artmagy arassa eksportyň kemelmegine getirýär. Ýöne, şeýle baglanyşyk birbelgili bolmaýar. Düşündiriji üýtgeýän ululygyň (ýa-da düşündiriji ululyklaryň toplumynyň) her bir anyk bahasyna düşündirilýän (bagly) ululygyň birden köp bahasynyň degişli bolmagy mümkin. Başgaça aýdylanda, düşündiriji ululygyň (ululyklaryň) anyk bahasyna bagly üýtgeýän ululygyň (tötän ululygyň) käbir ähtimallykly paýlanyşy degişlidir. Şonuň üçin düşündiriji üýtgeýän ululygyň (ululyklaryň) bagly ululyga «ortaça» edýän tasiri seljerilýär. Eger $f(x)$ funksiýa bagly üýtgeýän y ululygyň şertli orta bahasynyň üýtgemesini beýan edýän bolsa, onda $f(x)$ funksiýa y ululygyň x ululyga regressiýasynyň funksiýasy diýilýär. Bu ýerde garaşsyz üýtgeýän ululyk (ululyklar) anyk bahany alýar.

Regressiýa deňlemesi şeýle gatnaşyk bilen berilýär:

$$M(y|x) = f(x)\,, \tag{2.1}$$

bu ýerde x – garaşsyz üýtgeýän ululyk (regressor), y – garaşly (bagly) üýtgeýän ululyk. Iki üýtgeýän tötän ululyklaryň arasyndaky baglanyşyga seredilende **jübüt regressiýa** alynýar.

$M(y|x)$ – belgileme y ululygyň x – iň berlen bahasyndaky şertli matematiki garaşmasyny aňladýar.

§2.2. Birnäçe üýtgeýän ululyklaryň arasyndaky baglanyşyk

Şeýle baglanyşyk

$$M(y\,|\,x_1, x_2, \ldots, x_m) = f(x_1, x_2, \ldots, x_m) \qquad (2.2)$$

funksiýa bilen aňladylýar. Bu baglanyşyga **köplük regressiýa** diýilýär.

Bagly üýtgeýän ululygyň hakyky bahalary hemme wagt onuň şertli matematiki garaşmasy bilen gabat gelmeýär. Düşündiriji üýtgeýän ululygyň şol bir bahasyna degişli bagly üýtgeýän ululygyň dürli bahalary bolup biler.

Şol sebäpli hakyky bahalara ε tötän ululyk goşulýar. ε tötän ululyga gyşarmalar hem diýilýär. Regressiýa modellerinde ε tötän ululygyň hökman bolmagy aşakdaky sebäpler bilen düşündirilýär.

1. *Modele düşündiriji üýtgeýän ululyklaryň hemmesiniň goşulmazlygy.* Islendik regressiýa modeli hakyky ýagdaýyň ýönekeýleşdirilen görnüşidir. Modele regressorlaryň hemmesiniň alynmaýanlygy üçin düşündirilýän (bagly) ululygyň hakyky bahalary onuň nazary (modelden alnan) bahalaryndan gyşarýar.

2. *Modeliň funksional formasynyň nädogry saýlanyp alynmagy.* Öwrenilýän prosesiň gowşak öwrenilen ýagdaýynda modelleşdiriji funksiýanyň nädogry saýlanyp alynmagy mümkin. Bu bolsa modeliň hakyky ýagdaýyndan gyşarmasyna getirýär. Düşündiriji üýtgeýän ululyklaryň nädogry saýlanmagy mümkin. Bu hem gyşarmalary döredip biler.

3. *Üýtgeýän ululyklaryň agregirlenmegi* (umumylaşdyrylmagy). Köp modellerde has ýönekeý üýtgeýän ululyklaryň çylşyrymly kombinasiýasy bolan faktorlaryň arasyndaky baglanyşyklara seredilýär. Bu hem hakyky we model bahalaryň arasynda gyşarmalaryň döremegine getirýär.

4. *Ölçemeleriň ýalňyşlyklary.* Modeliň hili gowy bolsa-da, üýtgeýän ululyklary ölçemekde goýberilen ýalňyşlyklar bagly üýtgeýän ululyklaryň modelden alnan bahalarynyň empiriki bahalaryndan gyşarmagyny döredip biler.

5. *Statistiki maglumatlaryň çäkliligi.* Köplenç üznüksiz funksiýalar bilen aňladylýan modeller gurulýar. Ýöne, model gurlanda dis-

kret gurluşly maglumatlaryň toplumy peýdalanylýar, bu hem tötän gyşarmalara täsir edýär.

6. *Adam faktory barada öňden belli bir pikir aýdyp bolmaýanlygy*. Bu sebäp iň gowy hilli gurlan modele otrisatel täsir edip biler. Çünki her bir adamyň (indiwidumyň) hereketini çaklap bolmaýar.

Şu sebäplere görä bagly we bagly däl ululuklaryň arasyndaky baglanyşyk:

$$Y = M(y|x) + \varepsilon, \quad Y = f(x) + \varepsilon; \tag{2.3}$$

$$Y = M(y|x_1, x_2, \ldots, x_m) + \varepsilon, \quad Y = f(x_1, x_2, \ldots, x_m) + \varepsilon \tag{2.4}$$

gatnaşyklar bilen berilýär. Bu gatnaşyklara **regressiýa modelleri** (deňlemeler) diýilýär.

Regressiýa deňlemelerini gurmak prosesi şeýle yzygiderlikde amala aşyrylýar:

1. Regressiýa deňlemesiniň formulasyny saýlamak.
2. Saýlanyp alnan deňlemäniň parametrlerini kesgitlemek.
3. Deňlemäniň hiliniň seljermesi we deňlemäniň empiriki maglumatlara dogry gabat gelýändigini (adekwatlylygyny) barlamak.

§2.3. Statistikanyň käbir düşünjeleri

Baş toplum – bu öwrenilýän görkezijiniň alyp biljek ähli mümkin bolan bahalarynyň toplumydyr. Baş toplum – şertli matematiki düşünjedir we ony statistiki barlaga degişli bolan hakyky toplum bilen garyşdyrmaly däl.

Saýlama toplum – baş toplumdan tötänleýin saýlanyp alnan bölekdir. Saýlama toplumyň maglumatlarynyň esasynda model gurulýar.

Goý, saýlamanyň netijesinde x nyşanyň n sany $x_1, x_2, \ldots, x_n$ we y nyşanyň $y_1, y_2, \ldots, y_n$ bahalary belli bolsun.

Saýlama orta baha – ($M(x) = m$ matematiki garaşmanyň bahalandyrmasy) $\bar{x}$ bilen belgilenýär we

$$\bar{x} = \frac{1}{n} \cdot \sum_{i=1}^{n} x_i$$

formula bilen tapylýar.

Saýlama dispersiýa (wariasiýa) x ululyk üçin

$$var\,(x) = \frac{1}{n}\cdot\sum_{i=1}^{n}(x_i - \bar{x})^2 = \frac{\sum_{i=1}^{n} x_i^2}{n} - \left(\frac{\sum_{i=1}^{n} x_i}{n}\right)^2$$

formula boýunça tapylýar.

***x* üýtgeýän ululygyň süýşmedik saýlama dispersiýasy**

$$s_x^2 = \frac{1}{n-1}\sum_{i=1}^{n}(x_i - \bar{x})^2$$

formula bilen tapylýar.

S_x^2 ululyk nazary σ_x^2 dispersiýanyň süýşmedik bahalandyrmasydyr. x we y üýtgeýän ululyklaryň arasyndaky özarabaglanyşygyň ölçegi saýlama **kowariasiýadyr.**

Ol aşakdaky formula boýunça tapylýar:

$$cov(x,y) = \frac{1}{n}\sum_{i=1}^{n}(x_i - \bar{x})\,(y_i - \bar{y}) = \frac{1}{n}\sum_{i=1}^{n} x_i y_i - \bar{x}\,\bar{y} = \overline{xy} - \bar{x}\cdot\bar{y}.$$

$cov(x,y)$ ululyk $\sigma_{x,y}(x, y)=M[(x - M(x))(y - M(y))]$ nazary kowariasiýanyň bahalandyrmasydyr.

x we y ululyklaryň arasyndaky baglanyşygyň has takyk ölçegi $r_{x,y}$ **saýlama korrelýasiýa koeffisiýentidir.** Ol şeýle tapylýar:

$$r_{x,y} = \frac{cov(x,y)}{\sqrt{var(x)\cdot var(y)}} = \frac{\overline{xy} - \bar{x}\cdot\bar{y}}{\sqrt{var(x)\cdot var(y)}}.$$

Nazary korrelýasiýanyň koeffisiýenti aşakdaky formula bilen tapylýar:

$$p_{x,y} = \frac{\sigma_{x,y}}{\sqrt{\sigma_x^2\cdot\sigma_y^2}}.$$

Takyk položitel çyzykly baglanyşykda korrelýasiýa koeffisiýenti + 1, takyk otrisatel çyzykly baglanyşykda korrelýasiýa koeffisiýenti (– 1) bahalary alýar.

$r = 0$ ululyk üýtgeýän ululyklaryň arasynda çyzykly baglanyşygyň ýokdugyny görkezýär. $r = 0$ ýa-da $r = \pm 1$ ýagdaýdan $\rho = 0$ ýa-da $\rho = \pm 1$ ýagdaýyň alynmagy hökman däl. $\rho = 0$ ýa-da $\rho = \pm 1$ şertden $r = 0$ ýa-da $r = \pm 1$ bolmazlygy mümkin.

$r_{x,y}$ korrelýasiýa koeffisiýentiniň statistiki ähmiýetliligini kesgitlemek üçin tötän ululyklaryň normal paýlanyşynda t statistika ulanylýar.

Goý, saýlama toplum boýunça kesgitlenen $r_{x,y} \neq 0$ bolsun. $r_{x,y} \neq 0$ ululyk x, y ululyklaryň arasynda baş toplumda korrelýasiýa baglanyşygyň bardygyny aňladýarmy? Ýa-da $r_{x,y} \neq 0$ ýagdaý saýlama toplumyň elementleriniň tötänden alynmaklygynyň netijesimi? Bu soraglara jogap bermek üçin çaklamany barlamaly.

Saýlama korrelýasiýa koeffisiýentiniň hasaplanan bahasy boýunça H_0 çaklamany barlamaly.

H_0: baş toplum üçin korrelýasiýa koeffisiýenti nola deň.

H_1: baş toplum üçin korrelýasiýa koeffisiýenti nola deň däl (alternatiw çaklama).

H_0 çaklama üçin statistiki kriteri hökmünde adatça aşakdaky ululyk ulanylýar:

$$t = \frac{|r|}{\sqrt{1 - r^2}} \cdot \sqrt{n - 2}.$$

Bu tötän ululyk $(n - 2)$ – erkinlik dereje sany bilen Styudentiň kanuny boýunça paýlanandyr. Eger t ululygyň bahasy ýalňyşlyk ähtimallygy α bolan we $(n - 2)$ erkinlik derejeli $t_{\frac{\alpha}{2}\cdot(n-2)}$ kritiki bahadan uly bolsa, onda H_0 çaklama taşlanýar (kabul edilmeýär). Bu bolsa $r_{x,y} \neq 0$ şertiň baş toplumda hem ýerine ýetýänligini aňladýar. r koeffisiýentiň hakyky bahasy $1 - \alpha$ ähtimallyk bilen $thz_1 < \rho < thz_2$ aralykda ýatýar. Bu ýerde

$$z_{1,2} = \frac{1}{2} ln \frac{1 + r}{1 - r} - \frac{r}{2(n - 1)} \mp \frac{u_{\frac{\alpha}{2}}}{\sqrt{n - 3}};$$

$$thz = \frac{e^z - e^{-z}}{e^z + e^{-z}} - z \text{ argumentiň giperboliki tangensi,}$$

$u_{\frac{\alpha}{2}}$ – standart normal paýlanyşyň $\frac{\alpha}{2}$ derejeli kwantili.

Mysal. Öýjükli telefon boýunça gepleşigiň dowamlylygy x (sagat) we batareýalaryň göwrümleri y (mA /sagat) ululyklar barada maglumatlar berlen. Aşakdaky hasaplaýyş tablisasyny düzeliň.

№	x	y	x^2	y^2	xy
1	4,5	800	20,25	640000	3600

tablisanyň dowamy

2	4	1500	16	2250000	6000
3	3	1300	9	1690000	3900
4	2	1550	4	2402500	3100
5	2,75	900	7,5625	810000	2475
6	1,75	875	3,0625	765625	1531,25
7	2,25	750	5,0625	562500	1687,5
8	1,75	1100	3,0625	1210000	1925
9	1,5	850	2,25	722500	1275
10	2,35	450	5,5225	202500	1057,5
jemi	25,85	10075	75,7725	11255625	26551,25

Aşakdaky hasaplamalary geçireliň:

$$var(x) = \frac{\sum_{i=1}^{n} x_i^2}{n} - \left(\frac{\sum_{i=1}^{n} x_i}{n}\right)^2 = \frac{75,7725}{10} - \left(\frac{25,85}{10}\right)^2 = 0,895;$$

$$var(y) = \frac{\sum_{i=1}^{n} y_i^2}{n} - \left(\frac{\sum_{i=1}^{n} y_i}{n}\right)^2 = \frac{11255625}{10} - \left(\frac{10075}{10}\right)^2 = 110506.3;$$

$$r_{x,y} = \frac{n\sum_{i=1}^{n} x_i y_i - \sum_{i=1}^{n} x_i \cdot \sum_{i=1}^{n} y_i}{\sqrt{\left[n \cdot \sum_{i=1}^{n} x_i^2 - \left(\sum_{i=1}^{n} x_i\right)^2\right]\left[n \cdot \sum_{i=1}^{n} y_i^2 - \left(\sum_{i=1}^{n} y_i\right)^2\right]}} =$$

$$= \frac{10 \cdot 26551,25 - 25,85 \cdot 10075}{\sqrt{[10 \cdot 7577,25 - (25,85)^2] \cdot [10 \cdot 11255625 - (10075)^2]}} \approx 0,161.$$

t statistikanyň bahasy:

$$t = \frac{|r_{xy}|}{\sqrt{1 - r_{yx}^2}} \cdot \sqrt{n-2} = \frac{0,161}{\sqrt{1-(0,161)^2}} \sqrt{10-2} \approx 0,461.$$

$\alpha = 0,05$; $n - 2 = 10 - 2 = 8$ ýagdaýda t statistikanyň kritiki bahasy 2,306 deň. $t = 0,461 < 2,306$ bolýanlygy üçin seredilýän ululyklaryň arasynda görnüp duran çyzykly baglanyşyk ýok.

§2.4. Normal paýlanyş

Bu paýlanyş statistiki barlaglaryň nazaryýetinde we amalyýetinde esasy orun tutýar. Goý, öwrenilýän üznüksiz tötän ululylygyň bahasy bagly däl örän köp sanly faktorlaryň täsiri astynda alynýan bolsun. Her bir faktoryň bagly üýtgeýän ululyga edýän täsiri kiçi bolsun.

Şeýle görnüşli tötän ululygyň dykyzlyk funksiýasy

$$\varphi(x;\mu,\sigma^2)=\frac{1}{\sqrt{2\pi}}e^{-\frac{(x-\mu)^2}{2\sigma^2}}$$

görnüşde bolýar (2.1-nji surat). Bu ýerde μ – matematiki garaşma, σ^2 – dispersiýa. Eger $\mu=0$, $\sigma^2=1$ bolsa standart normal kanun üçin dykyzlyk funksiýasy

$$\varphi(x;0;1)=\frac{1}{\sqrt{2\pi}}e^{-\frac{(x-0)^2}{2\cdot 1}}=\frac{1}{\sqrt{2\pi}}e^{-\frac{x^2}{2}}$$ görnüşi alar.

Normal tötän ululygyň paýlanyş funksiýasy aşakdaky ýaly ýazylýar:

$$\Phi(x;\mu\,\sigma^2)=\frac{1}{\sqrt{2\pi}}\int_{-\infty}^{x}e^{-\frac{(t-\mu)^2}{2\sigma^2}}dt$$. $\mu=0$, $\sigma^2=1$bolanda standart normal paýlanyşyň grafigi 2.2-nji suratda görkezilendir

Normal kanun amalyýetde has köp ulanylýan paýlanyş kanunydyr. Normal paýlanyş kanuna degişli nazary barlaglaryň dolulygy



2.1-nji surat. Normal paýlanyşyň dykyzlyk funksiýasynyň grafigi



2.2-nji surat. Standart normal paýlanyş funksiýasynyň grafigi

hem-de onuň ýönekeý matematiki häsiýetleriniň barlygy üçin bu kanuny ulanmak has amatlydyr.

Öwrenilýän eksperimental maglumatlaryň normal kanundan gyşarýan ýagdaýynda ony iki ýol bilen maksadalaýyk ulanyp bolýar: a) bu maglumatlary birinji ýakynlaşma hökmünde ulanmaly; b) başlangyç «normal däl» paýlanyşy normal paýlanyşa özgerdýän özgertmäni saýlap almaly.

§2.5. χ^2(hi-kwadrat) paýlanyş

Bu paýlanyşyň paýlanyş funksiýasy $F_{\chi^2(m)}(x)$ ýaly belgilenýär. $x < 0$ bahalar üçin $F_{\chi^2(m)}(x) = 0$, $x \geq 0$ üçin:

$$F_{\chi^2(m)}(x) = \frac{1}{2^{\frac{m}{2}}\Gamma\left(\frac{m}{2}\right)}\int_0^x t^{\frac{m}{2}-1}e^{-\frac{t}{2}}dt,$$

bu ýerde m – erkinlik derejesiniň sany, $\Gamma(y) = \int_0^\infty u^{y-1}e^{-u}\,du$-Eýleriň gamma funksiýasynyň y nokatdaky bahasy.

Bu paýlanyşyň dykyzlyk funksiýasy

$$f_{\chi^2(m)}(x) = \frac{1}{2^{\frac{m}{2}}\Gamma\left(\frac{m}{2}\right)}x^{\frac{m}{2}-1}e^{-\frac{x}{2}}, \ \ x > o\ .$$

$m \leq 2$ bolanda dykyzlyk hemişe kemelýär ($x > 0$), $m > 2$ bolanda $x = m - 2$ nokatda ýeke-täk maksimum bahany alýar.

§2.6. Stýudentiň paýlanyşy (t paýlanyş)

$\bar{x}$ saýlama orta bahanyň öwrenilýän ξ (ksi) tötän ululygyň hakyky orta bahasyndan tötän gyşarmalaryny seljerme edende iňlis statistigi W.Gosset (lakamy «Stýudent») şeýle netijeleri alypdyr. Goý $\xi_1, \xi_2, \ldots, \xi_m$ garaşsyz $(0, \sigma^2)$– normal paýlanan tötän ululyklar bolsun. Onda

$$t(m) = \frac{\xi_o}{\sqrt{\frac{1}{m}\sum_{i=1}^{m}\xi_i^2}}$$

tötän ululygyň paýlanyş dykyzlygy aşakdaky funksiýa bilen berilýär:

$$f_t(x) = \frac{1}{\sqrt{\pi m}} \cdot \frac{\Gamma\left(\frac{m+1}{2}\right)}{\Gamma\left(\frac{m}{2}\right)} \cdot \left(1 + \frac{x^2}{m}\right)^{-\frac{m+1}{2}}, (-\infty < x < \infty).$$

Şeýle paýlanyşa m erkinlik derejeli Stýudentiň paýlanyşy diýilýär. Stýudentiň paýlanyşynyň dykyzlyk funksiýasy ξ_i tötän ululygyň σ^2 dispersiýasyna bagly däl. Dykyzlyk funksiýasy unimodaldyr we $x = 0$ nokada görä simmetrikdir.

$m \to \infty$ ýagdaýda Stýudentiň paýlanyşynyň dykyzlyk funksiýasy normal paýlanyşyň dykyzlyk funksiýasyna ymtylýar. Amalyýetde $m > 30$ bolanda Stýudentiň paýlanyşyny normal paýlanyş bilen çalyşýarlar.

Stýudentiň paýlanyşy (ýa-da $t(m)$ paýlanyş) aşakdaky standart shema boýunça ulanylýar. $\varphi(x; \mu, \sigma^2)$ normal kanun boýunça paýlanan garaşsyz $x_1, x_2, \ldots, x_m$ tötän ululyklar üçin μ – matematiki garaşmanyň we σ^2 – dispersiýanyň iň gowy süýşmedik bahalary bolup aşakdaky statistikalar hyzmat edýärler:

$$\overline{x} = \frac{x_1 + x_2 + \ldots + x_m}{m};$$

$$S^s = \frac{(x_1 - \bar{x})^2 + (x_2 - \bar{x})^2 + \ldots + (x_m - \bar{x})^2}{m - 1}.$$

$\frac{\overline{x} - \mu}{\sigma}$ tötän ululyk $\varphi(x; 0;1)$ standart normal kanuna boýun egýär, $\frac{(m-1)S^2}{\sigma^2} = \chi^2$ tötän ululyk «hi-kwadrat» kanuna boýun egýär.

$$\frac{\frac{\overline{X}-\mu}{\sigma}}{\sqrt{\frac{s^2}{\sigma^2}}} = \sqrt{m-1}\,\frac{\overline{X}-\mu}{\chi^2}$$

gatnaşyk Stýudentiň paýlanyşy bolýar.

§2.7. *F* paýlanyş (dispersiýaly gatnaşygyň paýlanyşy)

Normal baş toplumdan alnan iki saýlama toplumyň maglumatlary boýunça hasaplanan saýlama dispersiýalaryň gatnaşygynyň özüni alyp barşyny seljerende iňlis statistigi R.Fişer *F* paýlanyş diýilýän paýlanyşy aldy. Bu paýlanyşyň umumy ýagdaýda kesgitlenilişine seredeliň.

$m_1 + m_2$ sany garaşsyz we $(0, \sigma^2)$ normal paýlanan $\xi_1, \xi_2, \ldots, \xi_{m_1}$;η_1, $\eta_2, \ldots, \eta_{m2}$) ululyklara seredeliň (ξ – ksi, η – eta). Aşakdaky gatnaşygy alalyň:

$$F(m_1, m_2) = \frac{\frac{1}{m_1}\sum_{i=1}^{m_1}\xi_i^2}{\frac{1}{m_2}\sum_{j=1}^{m_2}\eta_j^2}.$$

Şol bir tötän ululyk iki garaşsyz we degişlilikde χ^2 paýlanan $\chi^2(m_1)$ we $\chi^2(m_2)$ ululyklaryň gatnaşygy ýaly kesgitlenip bilner:

$$F(m_1, m_2) = \frac{\frac{1}{m_1}\chi_1(m_1)}{\frac{1}{m_2}\chi_2(m_2)}.$$

$F(m_1, m_2)$ tötän ululygyň dykyzlyk funksiýasy şeýle görnüşde bolar:

$$F(m_1, m_2) = \frac{\Gamma\left(\frac{m_1+m_2}{2}\right)\cdot m_1^{\frac{m_1}{2}}\cdot m_2^{\frac{m_2}{2}}}{\Gamma\left(\frac{m_1}{2}\right)\cdot\Gamma\left(\frac{m_2}{2}\right)}\cdot\frac{x^{\frac{m_1}{2}-1}}{(m_1x+m_2)^{\frac{m_1+m_2}{2}}}.$$

§2.8. Çaklamalaryň statistiki barlagy

Nol çaklama H_0 ýaly belgilenýär. H_0 çaklama kabul edilmedik ýagdaýda (ýerine ýetmedik ýagdaýda) oňa alternatiw hasaplanýan H_1 çaklama kabul edilýär. Meselem, eger θ (teta) parametriň θ_0 bahany almaklygy H_0 çaklama bolsa, alternatiw çaklama bolup aşakdaky çaklamalar hyzmat edip biler:

$$H_1^{(1)}: \theta \neq \theta_0;\ H_1^{(2)}: \theta > \theta_0;\ H_1^{(3)}: \theta < \theta_0;\ H_1^{(4)}: \theta = \theta_1 \neq \theta_0.$$

Saýlamanyň esasynda geçirilýän çaklamanyň statistiki barlagy ýalan çözüwi kabul etmek töwekgelçiligi bilen hökman bagly bolýar. Iki görnüşli ýalňyşlyk goýberilmegi mümkin. Birinji görnüşli ýalňyşlyk – dogry nol çaklamanyň kabul edilmezligi mümkin. Ikinji görnüşli ýalňyşlyk – alternatiw çaklama dogry ýagdaýda H_0 çaklamanyň kabul edilmekligi mümkin. Birinji görnüşli ýalňyşlyklaryň bolmaklygynyň ähtimallygy α bilen belgilenýär we oňa ähmiýetlilik derejesi diýilýär.

Ikinji görnüşli ýalňyşlyk goýberilmeginiň ähtimallygyny β bilen belgileýärler. Onda ikinji görnüşli ýalňyşlygyň goýberilmezliginiň ähtimallygy $1 - \beta$ bolar, $1 - \beta$ ähtimallyga kriteriniň kuwwaty (güýji) diýilýär. Adatça α – nyň bahalary öňünden berilýär (meselem: 0,1; 0,05; 0,01). Soňra iň uly kuwwaty bolan kriteri gurulýar. Eger α = 0,05 deň bolsa, onda 100 ýagdaýyň 5 – den köp ýagdaýynda birinji görnüşli ýalňyşlyk goýbermek islemeýärler.

H_1 bäsleşiji çaklamanyň görnüşine baglylykda çep taraplaýyn, sag taraplaýyn ýa-da iki taraplaýyn kritiki aralygy saýlap alýarlar. $H_0 : \theta = \theta_0$ bäşleşiji çaklamada iki taraplaýyn kritiki aralygy alýarlar. Kritiki aralygyň serhetleri aşakdaky şertlerden kesgitlenýär.

$$P(\theta \leq \theta_{\text{kritiki 1}}) = \int_{-\infty}^{\theta_{\text{kritiki 1}}} f(\theta/H_0)d\theta = \frac{\alpha}{2};$$

$$P(\theta \geq \theta_{\text{kritiki 2}}) = \int_{\theta_{\text{kritiki 2}}}^{\infty} f(\theta/H_0)d\theta = \frac{\alpha}{2}.$$

Bu ýerde $f(\theta/H_0)$ – H_0 nol çaklamanyň dogry bolan ýagdaýyndaky θ tötän ululygyň paýlanyşynyň dykyzlyk funksiýasy, $P(\theta \leq \theta_{\text{kritiki 1}})$ $\theta \leq \theta_{\text{kritiki 1}}$ bolmaklygyň ähtimallygy. Onda θ ululygyň $(\theta_{\text{kritiki 1}}; \theta_{\text{kritiki 2}})$ aralygyň daşyna düşmekliginiň ähtimallygy α bolar. α ululyga tötän ululygyň bu aralygyň daşyna düşmekligi kiçi ähtimallykly waka bolar ýaly has kiçi bahany bereliň. Eger H_0 çaklama dogry bolsa, onda bir saýlama toplumyň maglumatlary boýunça hasaplanan kriteri boýunça θ ululygyň $\hat{\theta}$ gözegçilik edilýän bahasy ($\theta_{\text{kritiki } 1}$; $\theta_{\text{kritiki } 2}$) aralyga düşmek mümkinçiligi has ýokary diýip hasaplap bolar. Eger $\hat{\theta}$ baha bu aralygyň daşyna düşse, onda kiçi ähtimallykly, amaly nukdaý nazardan mümkin däl waka ýüze çykýar. Bu bolsa, $1 - \alpha$ ähtimallyk bilen H_0 çaklamanyň adalatly däldigini, ýagny nädogrudygyny aňladýar.

$(-\infty; \theta_{\text{kritiki } 1}) \cup (\theta_{\text{kritiki } 2} + \infty)$ aralyga iki taraplaýyn kritiki aralyk diýilýär (2.3-nji surat).



2.3-nji surat. Aralyklaýyn kritiki köplük.
Reňklenen bölegiň meýdany α deň

Sag taraplaýyn kritiki aralyk aşakdaky gatnaşykdan kesgitlenýär:

$$P(\theta \geq \theta_{\text{kritiki}}) = \int_{\theta_{\text{kritiki}}}^{+\infty} f(\theta / H_o) d\theta = \alpha.$$ Bu aralyk

H_1: $\theta > \theta_0$ alternatiw çaklama üçin ulanylýar (2.4-nji surat).
$(-\infty; \theta_{\text{kritiki}})$ çep taraplaýyn kritiki aralygy şeýle kesgitleýärler.



2.4-nji surat. Sag taraplaýyn kritiki aralyk.
Reňklenen bölegiň meýdany α deň



2.5-nji surat. Çep taraplaýyn kritiki aralyk.
Reňklenen bölegiň meýdany α deň

$$P(\theta \leq \theta_{\text{kritiki}}) = \int_{-\infty}^{\theta_{\text{kritiki}}} f(\theta / H_o)\, d\theta = \alpha .$$

Bu aralyk H_1: $\theta < \theta_0$ alternatiw çaklama üçin ulanylýar (2.5-nji surat).

§2.9. Stýudentiň, Fişeriň paýlanyşlarynyň kritiki bahalarynyň Microsoft Offise Excel programmanyň kömegi bilen tapylyşy

Stýudentiň t statistikasynyň kritiki bahalaryny tapmak üçin α – nyň ähmiýetlilik derejesini (meselem, 0,05 ýa-da 0,01) we erkinlik derejesiniň sanyny bilmek zerur. Çyzykly regressiýanyň koeffisiýentleriniň statistiki ähmiýetliligi barlananda erkinlik derejesiniň sany $n - m - 1$ bolar. Bu ýerde n – gözegçilikleriň sany, m – düşündiriji üýtgeýän ululyklaryň sany.

Amallaryň tertibi:

1) Boş öýjügi saýlap almaly;

2) f_x – funksiýa düwmejigini basmaly;

3) Statistiki kategoriýany bermeli;

4) (стьюдраспобр) – funksiýany saýlamaly, OK düwmejigi basmaly.

5) Täze penjirede ähtimallygy (meselem, 0,05) we erkinlik derejesiniň sanyny (meselem, 18) girizmeli, OK düwmejigi basmaly.

6) Ýazylan öýjükde 2,100922037 jogap çykar.

Fişeriň F statistikasynyň kritiki bahasyny tapmak üçin α ähtimallygyň we erkinlik derejesiniň 2 sany bahalaryny bermek zerur. R^2 determinasiýa koeffisiýentiniň statistiki ähmiýetliligi barlananda erkinlik derejesiniň birinji sany m, ikinji sany $n - m - 1$ bolar, bu ýerde n – gözegçilikleriň sany, m – düşündiriji üýtgeýän ululyklaryň sany. Amallaryň tertibi:

1) Boş öýjügi saýlap almaly;

2) f_x – funksiýa düwmejigini basmaly;

3) Statistiki kategoriýany saýlamaly;

4) (f распобр) – funksiýany saýlamaly ,OK düwmejigi basmaly.

5) Täze penjirede ähtimallygy (meselem, 0,05) we erkinlik derejesiniň 2 sanyny (meselem, 2 we 18) girizmeli, OK düwmejigi basmaly.

6) Ýazylan öýjükde 3,554557146 jogap çykýar.

§2.10. Microsoft Offse Excel programmada matrisalar bilen geçirilýän amallar

Iki matrisany köpeltmek amalyna seredeliň.

1) «çep» tarapky matrisanyň elementlerini almaly.

2) «sag» tarapky matrisanyň elementlerini almaly.

3) «syçanyň» kömegi bilen $k \times l$ ölçegli erkin ýaýlany (oblasty) almaly, bu ýerde k – birinji matrisanyň setirleriniň sany we l-ikinji matrisanyň sütünleriniň sany.

4) f_x funksional düwmejige basmaly.

5) «matematiki» kategoriýany saýlamaly;

6) «Мумнож» funksiýany saýlamaly,OK düwmejigi basmaly;

7) Massiw1– «syçanyň» kömegi bilen birinji matrisany bölüp almaly, massiw 2 – «syçanyň» kömegi bilen ikinji matrisany bölüp almaly, OK basmaly;

8) F2 funksional düwmejigi basmaly;

9) Şol bir wagtda *ctrl* + *shift* + *enter* üç düwmäni birbada basmaly;

10) Başda alnan ýaýlada netije – matrisanyň elementleri çykar.

Ters matrisany tapmak amalyna seredeliň.

1) Berlen kwadrat matrisanyň elementlerini almaly;

2) «Syçanyň» kömegi bilen $k \times k$ ölçegli ýaýlany bölüp almaly, bu ýerde k – berlen matrisanyň setirleriniň we sütünleriniň sany;

3) f_x funksional düwmejige basmaly.

4) «Matematiki» kategoriýany saýlamaly;

5) «мобр» funksiýany saýlamaly we OK düwmejigi basmaly;

6) Massiw – «syçanyň» kömegi bilen başky berlen matrisany bölüp almaly, OK düwmejigi basmaly;

7) $F2$ funksional düwmejigi basmaly;
8) Şol bir wagtda ctrl + shift + enter üç düwmäni birbada basmaly;
9) Başda alnan ýaýlada netije-ters matrisanyň elementleri çykar.

Soraglar:

1. Nähili sebäplere görä modelde hökman tötän gyşarmalar bolýar?
2. Korrelýasiýa koeffisiýenti nämäni görkezýär? Ol haýsy aralykda üýtgeýär?
3. Eger x we y üýtgeýänleriň ähli bahalaryny (– 1) – e köpeltsek korrelýasiýa koeffisiýenti üýtgeýärmi?
4. Eger x we y üýtgeýänleriň ähli bahalary n gezek artsa, r_{xy} korrelýasiýa koeffisiýenti üýtgeýärmi?
5. Eger x we y üýtgeýänleriň ähli bahalary n gezek atrsa, kowariasiýa üýtgärmi?
6. Nähili baglanyşyga statistiki baglanyşyk diýilýär?
7. «Modeli parametrleşdirmek» nämäni aňladýar?
8. Regressiýa funksiýasy näme?
9. Näme üçin saýlama toplum boýunça hasaplanan dispersiýa, kowariasiýa, korrelýasiýa koeffisiýenleritleri nazary bahalardan tapawutlanýarlar?

III bap

JÜBÜT ÇYZYKLY REGRESSIÝA. GAUSSYŇ-MARKOWYŇ ŞERTLERI

§3.1. Esasy düşünjeler

Çyzykly regressiýa modeli (çyzykly deňleme) ykdysady üýtgeýän ululyklaryň arasyndaky baglanyşygyň has ýönekeý görnüşidir. Çyzykly deňlemäni gurmak ekonometriki seljermäniň başlangyç nokady bolup biler.

Jübüt çyzykly regressiýa (regressiýanyň nazary çyzykly deňlemesi) bagly üýtgeýän y ululygyň şertli matematiki garaşmasy bilen bir düşündiriji üýtgeýän ululygyň arasyndaky çyzykly funksiýany aňladýar.

$$M(Y \mid X = x_i) = \beta_0 + \beta_1 x_i\,. \tag{3.1}$$

Her bir indiwidual y_i ululygyň degişli şertli matematiki garaşmasyndan gyşarýanlygy üçin (3.1) deňlemä ε tötän goşulyjyny goşmak zerurdyr:

$$y_i = M(Y \mid X = x_i) + \varepsilon_i = \beta_0 + \beta_1 x_i + \varepsilon_i\,. \tag{3.2}$$

(3.2) deňlemä **nazary çyzykly regressiýa modeli** diýilýär, β_0, β_1 – regressiýanyň nazary parametrleri (nazary koeffisiýentleri), ε_i – tötän gyşarmalar.

Ekonometrikada baş topluma degişli deňleme we parametrler **nazary deňleme** we **nazary parametrler** diýlip atlandyrylýar.

Saýlama toplumyň maglumatlary boýunça bahalandyrmagyň netijesinde alnan deňlemä we parametrlere **empiriki deňleme** we **empiriki parametrler** diýilýär.

y_i indiwidual baha β_0, $\beta_1 x_i$ we tötän ε_i düzüjileriň jemi görnüşinde aňladylýar. Çyzykly nazary regressiýa modeli aşakdaky görnüşde aňladyp bolar:

$$Y = \beta_0 + \beta_1 X + \varepsilon \,. \tag{3.3}$$

Regressiýanyň nazary koeffisiýentleriniň bahalaryny kesgitlemek üçin baş toplumyň Y, X üýtgeýän ululyklarynyň ähli bahalaryny bilmek we peýdalanmak zerurdyr. Bu bolsa mümkin däl.

Çyzykly regressiýa seljermesiniň meseleleri şeýle goýulýar.

Y we X üýtgeýän ululyklaryň saýlama toplumdan alnan (x_i, y_i), $i = 1,2,3,\ldots, n$ statistiki maglumatlary boýunça:

1) Näbelli β_0, β_1 parametrler üçin iň gowy bahalandyrmany almaly;

2) Modeliň parametrleri barada statistiki çaklamalary barlamaly;

3) Modeliň gözegçilikleriň maglumatlaryna dogry gelýändigini barlamaly.

Biz çäkli göwrümli saýlama boýunça regressiýanyň empiriki deňlemesini gurup bilýäris:

$$\hat{y}_i = b_0 + b_1 x_i \,, \tag{3.4}$$

bu ýerde $\hat{y}_i - M(Y \mid X = x_i)$ şertli matematiki garaşmanyň bahalandyrmasy; b_0, b_1 – näbelli β_0, β_1 parametrleriň bahalandyrmalary. Onda

$$y_i = b_o + b_1 x_i + e_i \,, \tag{3.5}$$

bu ýerde e_i – nazary (ε_i) tötän gyşarmanyň bahalandyrmasy.

Baş toplumyň we saýlama toplumyň statistiki bazasynyň gabat gelmeýänligi üçin b_0, b_1 bahalandyrmalar hemişe diýen ýaly β_0, β_1 koeffisiýentleriň hakyky bahalaryndan tapawutlanýarlar. Regressiýanyň empiriki we nazary çyzyklary gabat gelmeýärler. Şol bir baş toplumdan alnan dürli saýlama toplumlar adatça dürli bahalandyrmalaryň alynmagyna getirýär.

Anyk alnan saýlama toplumyň (x_i, y_i), $i = 1,2,3, \ldots, n$ maglumatlary boýunça näbelli β_0, β_1 parametrleriň b_0, b_1 bahalandyrmasyny tapmaly. Bu tapylan bahalandyrmalar boýunça gurlan $\hat{y} = b_0 + b_1 x$ göni çyzyk saýlama toplumyň (x_i, y_i) nokatlaryny daşynda has jebis ýerleşdirmeli.

Näbelli koeffisiýentleriň bahalandyrmasyny tapmak üçin

$$\sum_{i=1}^{n} e_i^2 = \sum_{i=1}^{n} (y_i - \hat{y}_i)^2$$

jemi ulanmak bolar. Bu jemiň minimal bahasyna degişli b_0, b_1 bahalandyrmalar alynýar. Bu usula **iň kiçi kwadratlar** usuly diýilýär.

§3.2. Iň kiçi kwadratlar usuly

Goý, (x_i, y_i), $i=1,2,3, \ldots, n$ saýlama boýunça (3.4) regressiýanyň empiriki deňlemesiniň b_0, b_1 bahalandyrmasyny tapmak gerek bolsun.

Iň kiçi kwadratlar usuly boýunça

$$Q(b_o, b_1) = \sum_{i=1}^{n} e_i^2 = \sum_{i=1}^{n} (y_i - \hat{y}_i)^2 = \sum_{i=1}^{n} (y_i - b_0 - b_1 x_i)^2 \qquad (3.6)$$

funksiýanyň minimum bahasy tapylýar.

$Q\ (b_0, b_1)$ funksiýa b_0, b_1 ululyklara görä iki argumentli kwadrat funksiýadyr, x_i, y_i-gözegçiliklerden belli bolan maglumatlardyr. Q(b_0, b_1) funksiýa üznüksiz, güberçek we aşakdan çäklenen funksiýa bolýanlygy üçin onuň minimumy bardyr. Bu funksiýanyň minimumynyň bolmaklygynyň zerurlyk şertini ýazalyň:

$$y(t) = \phi_1\, y(t-1) + \varepsilon_t + \theta_1\, \varepsilon_{t-1} + \theta_4\, \varepsilon_{t-4} + \theta_5\, \varepsilon_{t-5},$$

$$y(t) = \phi_1\, y(t\text{–}1) + \phi_4\, y(t-4) + \phi_5\, y(t\text{–}5) + \varepsilon_t + \theta_1\, \varepsilon_{t-1},$$

$$\theta_5 = \theta_1\, \theta_4, \qquad \phi_5 = \phi_1\, \phi_4.$$

§10.9. Stasionar däl wagt hatarlary. Awtoregressiýa we integrirlenen süýşýän orta bahaly prosesler (ARIMA (*p, k, q*))

Stasionar däl hataryň ýönekeý modeline seredeliň:

$$y(t) = \beta_0 + \beta_1\, t + \varepsilon_t.$$

Detrendlemegiň netijesinde (ýagny $y(t)$ hataryň bahalaryndan $\beta_0 + \beta_1\, t$ trendi aýyrmaklygyň netijesinde) ε_t staionar hatary (ak galmagal prosesi) alarys.

Ýöne, köp sanly wagt hatarlary üçin determinirlenen trendi aýyrmak amaly (operasiýasy) stasionar hatara getirmeýär. Hatary stasionar görnüşe getirmeklige başga usul bilen hem synanyşyp bolýar. $y(t)$ derejäniň hataryndan birinji tapawutlar $\Delta\, y(t) = y(t) - y(t\text{–}1)$ hataryna geçip bolýar. Wagt hatarlarynyň nazaryýetinde şeýle geçişe hatary differensirlemek diýilýär. Şuňa meňzeşlikde ikinji we ýokary tertipli tapawutlary tapýarlar:

$$\Delta^2\, y(t) = \Delta\, y(t) - \Delta\, y(t\text{–}1),$$

$$\ldots \quad \ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots$$

$$\Delta^k\, y(t) = \Delta^{k-1}\, y(t) - \Delta^{k-1}\, y(t\text{–}1).$$

$$\Delta^k y(t) = y(t) - C_k^1 y(t-1) + C_k^2 y(t-2) - \cdots + (-1)^k y(t-k),$$

$$t = k+1, k+2, \ldots, N$$

bolýandygyny görkezip bolar.

Eger $y(t) - f(t)$ hatar stasionar hatar bolsa, onda $y(t)$ wagt hataryna $f(t)$ determinirlenen trende görä stasionar hatar diýilýär. Eger $y(t)$ hatar käbir determinirlenen trende görä stasionar bolsa, onda bu hatar determinirlenen trende görä stasionar hatarlaryň toparyna girýär diýilýär ýa-da oňa TS hatar diýilýär (TS – time stationary). TS hatarlaryň toparyna determinirlenen trendi ýok stasionar hatarlar hem girýärler.

Eger:

1) $y(t)$ hatar stasionar däl ýa-da determinirlenen trende görä stasionar däl, ýagny TS hatar däl bolsa;

2) $y(t)$ hatary k gezek differensirlemekden alnan $\Delta^k y(t)$ hatar stasionar bolsa;

3) $y(t)$ hatary $(k - 1)$ gezek differensirlemekden alnan $\Delta^{k-1} y(t)$ hatar TS hatar däl bolsa, onda $y(t)$ hatara k tertipli integrirlenen hatar diýilýär, $k = 1,2,\dots$.

Dürli tertipli $(k = 1,2,\dots)$ integrirlenen hatarlaryň toplumy tapawutly stasionar hatarlaryň toparyny ýa-da DS hatarlaryň toparyny (DS – difference stationary) düzýär.

Eger käbir $y(t)$ hatar şu topara degişli bolsa, onda oňa DS hatar diýilýär.

Goý, $y(t)$ k tertipli integrirlenýän hatar bolsun. Bu hatary k gezek differensirläliň. Eger netijede ARMA (p, q) görnüşli stasionar hatar alynsa, onda başlangyç $y(t)$ hatar ARIMA (p, k, q) görnüşli hatar bolýar ýa-da k gezek integrirlenen ARMA (p, q) hatar bolýar diýilýär (ARIMA – awtoregressive integrated moving average).

Awtoregressiýa we integrirlenen süýşýän orta bahaly ARIMA (p, k, q) prosesler J. Boks we G. Jenkins tarapyndan hödürlendi.

Eger derňelýän hatar stasionar däl bolsa, onda onuň awtokorrelýasiýa funksiýasy kemelmez. Eger hatar stasionar bolsa, onda haýsy hem bolsa bir tertipden başlap nazary awtokorrelýasiýalar kemeler. Şonuň üçin olaryň bahalandyrmalary bolan saýlama awtokorrelýasiýalary hasaplap, olaryň kemelýändigine ýa-da kemelmeýändigine seredip bolar. Eger hatar stasionar bolsa, onda p we q parametrleri kesgitlemeklige geçmeli; eger hatar stasionar däl bolsa, onda birinji tertipli tapawutlar hataryny gurmaly we onuň stasionarlygyny barlamaly.

Şeýlelik bilen, Boksyň-Jenkinsiň modeli aşakdaky häsiýetlere eýe bolan $y(t)$ stasionar däl wagt hatarlaryny $(t = 1,2,\dots, N)$ beýan etmek üçin niýetlenendir:

1. Hatar $(k - 1)$ tertipli, t görä algebraik polinom görnüşli $f(t)$ additiw düzüjini özünde saklaýar $(k \geq 1)$; polinomyň koeffisiýentleri stohastiki we stohastiki däl tebigatly bolup bilýärler;

2. $y(t)$ hatardan yzygiderli tapawutlary k gezek ulanyp alnan $y_k(t)$, $t = 1,2,\ldots, N-k,$ hatar ARMA (p, q) model bilen beýan edilip bilner.

Bu bolsa, $y(t)$, $t = 1,2,\ldots, N,$ hataryň ARIMA (p, k, q) modelini aşakdaky görnüşde ýazyp bolýandygyny aňladýar:

$$y_k(t) = \phi_1 y_k(t-1) + \cdots + \phi_p y_k(t-p) + \varepsilon_t + \theta_1\varepsilon_{t-1} + \ldots + \theta_q\varepsilon_{t-q}\ ,$$

bu ýerde

$$y_k(t) = \Delta^k y(t) = y(t) - C_k^1 y(t-1) + C_k^2 y(t-2) -$$
$$- \cdots + (-1)^k y(t-k),$$

$$t = k+1, k+2,\ldots, N,$$

$\Delta^k y\ (t)$ – k-njy tertipli yzygiderli tapawutlar.

Ilki bilen modeliň k tertibini saýlap almaly. Onuň üçin gerekli k tertibe ýetilýänçä $\Delta\, y(t)$, $\Delta^2 y(t),\ldots$ prosesleriň awtokorrelýasiýa funksiýalaryny seljerip bolar. Eger $y_k(t) = \Delta^k\ y(t)$ hataryň awtokorrelýasiýa funksiýasy çalt sönýän bolsa, onda stasionarlyk alynmagy üçin Δ^k tapawudyň zerur k tertibi alnan hasaplanýar. Adatça, iş ýüzünde $k = 0;1$ ýa-da 2 bolýar.

k tertip saýlanyp alnandan soň, biz $y(t)$ hatary däl-de, onuň k-njy tapawudyny, ýagny $y_k\ (t) =\Delta^k\ y(t)$ hatary seljerýäris, onuň identifikasiýasy ARMA (p, q) modeliň identifikasiýasyna getirilýär.

§10.10. Paýlanan lagaly regressiýa modelleri

Goý, Y görkeziji derňelýän bolsun. Onuň t wagt pursatyndaky (momentindäki) bahasyny y_t (ýa-da $y(t)$), soňky pursatlardaky bahalaryny $y_{t+1}, y_{t+1}, \cdots, y_{t+k}, \cdots$ (ýa-da $y(t + 1)$, $y(t + 2),\ldots$, $y(t + k),\ldots$), t pursatdan öňki pursatlardaky bahalaryny $y_{t-1}, y_{t-2},\ldots y_{t-k}, \ldots$ (ýa-da $y(t–1)$, $y(t–2),\ldots$, $y(t–k),\ldots$) bilen belgileýärler.

Täsiri kesgitli gijä galmak bilen häsiýetlendirilýän üýtgeýän ululyklara **lagaly üýtgeýän ululyklar** diýilýär.

Lagaly modeller (paýlanan lagaly modeller) – bu lagaly üýtgeýän ululyklar hökmünde diňe garaşsyz (düşündiriji) üýtgeýänleri saklaýan modellerdir:

$$y_t = \alpha + \beta_0 x_t + \beta_1 x_{t-1} + \beta_2 x_{t-2} + \cdots + \beta_k x_{t-k} + \varepsilon_t\ , \qquad (10.30)$$

$$y_t = \alpha + \beta_0 x_t + \beta_1 x_{t-1} + \beta_2 x_{t-2} + \cdots + \varepsilon_t\,. \qquad (10.31)$$

Lagalaryň sany tükenikli ýa-da (nazary) tükeniksiz bolup bilýär.

ε_t tötän faktor üçin adaty iň kiçi kwadratlar usulynyň şertleri ýerine ýetýär. Ekonometriki seljermede şeýle modeller ýeterlik giňden ulanylýar. Sebäbi, köplenç ýagdaýlarda, bir ykdysady faktoryň beýleki faktorlara edýän täsiri şol pursatda däl-de käbir wagta gijä galmak bilen, lagaly amala aşyrylýar. Ykdysadyýetde lagalaryň bolmaklygynyň sebäpleri köpdür. Olaryň käbirlerine seredeliň.

Psihologiki sebäpler. Bu sebäpler adatça, adamlaryň özüni alyp barşyndaky inersiýanyň üsti bilen aňladylýar. Meselem, adamlar öz girdejilerini bir pursatda däl-de, ýuwaş-ýuwaşdan harçlaýarlar.

Tehnologiki sebäpler. Meselem, personal kompýuterleriň oýlanyp tapylmagy uly EHM-leri şol pursatda gysyp çykarmady. Degişli programma üpjünçiligini çalyşmak zerurlygy dowamly wagty talap etdi.

Institusional sebäpler. Meselem, kärhanalaryň arasyndaky gatnaşyklaryň, zähmet şertnamalarynyň wagt boýunça kesgitli üýtgewsiz bolmagy zerurdyr.

Ykdysady görkezijileriň emele gelmek mehanizmi. Meselem, puluň hümmetsizlenmegi, köplenç, inersiýaly proses bolýar. Puluň multiplikatory (bank ulgamynda puluň döredilmegi) hem kesgitli wagt aralygynda hereket edýär.

(10.30–10.31) modellerde β_0 koeffisiýente **gysgamöhletleýin multiplikator** diýilýär. Ol Y ululygyň orta bahasynyň X üýtgeýän ululygyň şol bir wagt pursatyndaky birlik üýtgemesiniň täsiri astynda üýtgemesini häsiýetlendirýär.

Ähli koeffisiýentleriň $\sum_j \beta_j$ jemine **uzakmöhletleýin multiplikator** diýilýär. Ol Y ululygyň X üýtgeýän ululygyň her bir seredilýän wagt döwründäki birlik üýtgemesiniň (bir birlige üýtgemesiniň) täsiri astynda üýtgemesini häsiýetlendirýär. Koeffisiýentleriň islendik $\sum_{j=1}^{h} \beta_j\,, (h < k)$ jemine **aralyk multiplikator** diýilýär.

Modele adaty iň kiçi kwadratlar usuly ulanylanda düşündiriji üýtgeýänleriň arasynda korrelýasiýa meselesi (ýokary derejede multikollinearlyk) ýüze çykýar. Mundan başga-da, lagalaryň sany uly bolanda bahalandyrmak erkinlik derejesiniň sany düýpli azalanda bolup geçýär.

11. sargyt № 2842

Bu kynçylyklar bahalandyrylýan parametrleriň sanyny azaltmak üçin $\beta_1, \beta_2, \ldots, \beta_k$ agram koeffisiýentleriň formalary baradaky käbir tejribeden öň tassyklamalary (aprior) kabul etmeklige getirdi. Koýkuň geometriki lagaly gurluşuna seredeliň.

Tükeniksiz sanly lagaly model öwrenilýär:

$$y_t = \alpha + \beta_0 x_t + \beta_1 x_{t-1} + \beta_2 x_{t-2} + \cdots + \varepsilon_t \,. \qquad (10.32)$$

$\sum_{i=0}^{\infty} \beta_i = \beta$ hataryň ýygnanmaklygyny talap etmek tebigydyr, $\lim_{i\to\infty} \beta_i = 0$.Bu ýagdaý x_{t-i} bahanyň $y(t)$ ululyga edýän tasiriniň olaryň arasyndaky wagt aralygynyň artmagy bilen kemelýändigini aňladýar.

Koýk normirlenen

$$w_i = \frac{\beta_i}{\sum_{i=0}^{\infty} \beta_i}, \qquad \sum_{i=0}^{\infty} w_i = 1$$

koeffisiýentleriň geometrik progressiýada kemelýändigini postulirledi. Ýagny

$$w_i = (1-\lambda)\,\lambda^i, \qquad 0 < \lambda < 1.$$

Bu ýolberme modeliň güýçli ýönekeýleşmegine getirýär. λ parametr laganyň artmagy bilen koeffisiýentleriň kemelmeginiň tizligini häsiýetlendirýär.

Başlangyç modeli şeýle görnüşde ýazyp bolar:

$$y_t = \alpha + \beta w_0 x_t + \beta w_1 x_{t-1} + \beta w_2 x_{t-2} + \cdots + \varepsilon_t = \alpha + \beta(1-\lambda)\cdot$$
$$\cdot(x_t + \lambda x_{t-1} + \lambda^2 x_{t-2} + \cdots) + \varepsilon_t \,. \qquad (10.33)$$

Deňlemäni öňden gelýän (t–1) wagt pursady üçin ýazalyň:

$$y_{t-1} = \alpha + \beta(1-\lambda)(x_{t-1} + \lambda x_{t-2} + \lambda^2 x_{t-3} + \cdots) + \varepsilon_{t-1} \,. \qquad (10.34)$$

(10.34) deňlemäni λ köpeldip, (10.33) deňlemeden aýyrýarys:

$$y_t = (1-\lambda)\,\alpha + \beta\,(1-\lambda)\,x_t + \lambda y_{t-1} + (\varepsilon_t - \lambda\,\varepsilon_{t-1}).$$

Netijede, bary-ýogy birnäçe näbelli parametrli deňleme alnar. Ýöne, $(\varepsilon_t - \lambda\,\varepsilon_{t-1})$ tötän düzüji bahalandyrylýan parametre baglydyr we y_{t-1} düşündiriji üýtgeýän ululyk bilen korrelirlenýär.

Deňlemede düşündiriji üýtgeýän ululyk hökmünde bagly ululygyň y_{t-1} lagaly bahasy ýüze çykdy. Şuňa meňzeş netijelere beýleki modeller hem getirýärler. Şeýle görnüşli gowy belli modeller bolup bölek korrektirleme modeli we adaptiw garaşmalar modeli hyzmat edip biler.

Bölek korrektirleme modeline seredeliň. Bölek korrektirlemäni ulanmaklygyň argumenti bolup öwrenilýän ykdysagy ululyk (obýekt) barada doly göz öňüne getirmäniň ýoklugy, ykdysagy ululygyň inersiýalylygy hem-de üýtgemeler üçin töleg hyzmat edip biler.

Goý, $y_t^* = \alpha + \beta x_t$ ýaly kesgitlenýän y_t^* ululyk y ululygyň x_t degişli optimal bahasyny görkezýän bolsun. Meselem, eger x_t bar bolan sarp ediş girdejini aňladýan bolsa, onda y_t^* sarp ediş çykdajylarynyň degişli optimal bahasyny (ululygyny) aňladyp biler. Girdeji üýtgände täze ýagdaýa çalt girişer ýaly sarp edijide özüniň islegler giňişligi barada zerur maglumatlaryň bolmazlygy mümkin. Şonuň üçin onuň özüni alyp barşyny korrektirleýän funksiýa bilen beýan edýärler:

$$y_t - y_{t-1} = \lambda(y_t^* - y_{t-1}) + \varepsilon_t, \quad 0 \le \lambda \le 1. \tag{10.35}$$

Bu funksiýa geçýän döwrüň içinde sarp edijiniň y_{t-1} başlangyç ýagdaýdan y_t^* optimal ýagdaýa çenli aralygy geçýändigini görkezýär. (10.35) deňleme şeýle görnüşe özgerdilýär:

$$y_t = \lambda y_t^* + (1 - \lambda)y_{t-1} + \varepsilon_t\,. \tag{10.36}$$

$y_t^* = \alpha + \beta x_t$ deňlemäni (10.36) deňlemede goýup, alarys:

$$y_t = \lambda\alpha + \lambda\beta x_t + (1 - \lambda) y_{t-1} + \lambda\varepsilon_t\,. \tag{10.37}$$

Bu modele bölek korrektirleme modeli diýilýär.

(10.36) deňlemeden görnüşi ýaly, y_t baha islenilýän y_t^* baha bilen berlen bagly ululygyň öňdäki döwürdäki bahasynyň agramlaşdyrylan orta bahasy bolýar.

λ uly boldugyça korrektirleme hem çalt geçýär. $\lambda = 1$ bolanda doly korrektirleme bir döwrüň (periodyň) dowamynda bolup geçýär. $\lambda = 0$ bolanda hiç hili korrektirleme geçmeýär.

(10.37) bölek korrektirleme modeli **Koýkuň** modeline meňzeşdir. Bu model tötän düşündiriji y_{t-1} üýtgeýäni hem özünde saklaýar. Ýöne, bu modelde y_{t-1} üýtgeýän ululyk ε_t tötän gyşarmanyň bahasy bilen korrelirlenmeýär.

Bölek korrektirleme modeli bilen baglanyşykly kynçylyk şeýle ýagdaýdan durýar. Ýagny, käwagt *y* ululygyň optimal bahasynyň diňe *x*-iň häzirki bahasyna baglylygy baradaky öňünden aýdylan tassyklama ýaramsyz bolýar. Eger *x* – iň bahasy döwürden döwre üýtgeýän bolsa, onda onuň şu wagtky bahasy çözüw kabul etmek üçin esasy sebäp bolup bilmeýär. Şu nukdaý nazar (pikir) adaptiw garaşmalar modelinde şöhlelenme tapdy.

Garaşmalar ykdysady işjeňlikde düýpli orun tutýarlar. Bu degişli ykdysady prosesleri modelleşdirmegi kynlaşdyrýar. Şeýle modeller bilen ykdysadyýetiň ösüşiniň takyk çaklaýyşlaryny etmekde hem kynçylyk döreýär. Aýratyn hem, bu mesele makroykdysady derejede düýpli meseledir.

Meselem, diňe göterim derejesiniň esasynda maýa goýumlaryň göwrümi barada çaklaýyş geçirmek kanagatlanarly çaklaýşy almaga mümkinçilik bermeýär.

Döwletiň ykdysady syýasaty düýpli orun tutýar. Bu syýasatyň esasynda maýadarlar öz çözüwlerini kabul edýärler. Hususan-da, doly işliligi üpjün etmäge ugrukdyrylan syýasata hümmetsizlenmäni höweslendiriji hökmünde seredýärler. Bu bolsa işewür adamlaryň ynamyny ýok edýär we maýa goýumyň göwrümi peselýär.

Seredilýän meseläni çözmekligiň ugurlarynyň biri hem adaptiw garaşmalar modelidir. Bu modelde derňelýän görkezijini amala aşyrmak baradaky maglumatlaryň esasynda garaşmalary hemişelik korrektirleme bolup geçýär. Eger görkezijiniň hakyky bahasy garaşylýan bahadan uly bolsa, onda indiki döwürdäki garaşylýan baha artýan tarapa korrektirlenýär. Garşylykly ýagdaýda ters ugra korrektirleme geçirilýär. Korrektirlemäniň ululygy hakyky we garaşylýan bahalaryň tapawudyna proporsionaldyr. Goý, bagly y_t ululyk düşündiriji üýtgeýän ululygyň garaşylýan x_t^* bahasy bilen şeýle baglanyşýan bolsun:

$$y_t = \alpha + \beta x_t^* + \varepsilon_t \ . \tag{10.38}$$

Bu deňleme bilen amal geçirmek mümkinçiligi bolar ýaly garaşmalaryň nähili formirlenýänligi baradaky öňden tassyklamalar bilen modeli doldurmaly.

Adaptiw garaşmalar baradaky öňden tassyklamalar şeýle görnüşde ýazylyp bilner:

$$x_t^* - x_{t-1}^* = \gamma(x_t - x_{t-1}^*), \qquad 0 \le \gamma \le 1, \tag{10.39}$$

bu ýerde γ – garaşmanyň koeffisiýenti. Ykdysady ululyklaryň garaşmalary bu ýagdaýda geçen döwürdäki garaşmalardan durýar. Geçen döwürdäki garaşmalar göýberilen ýalňyşlyklaryň ululygyna korrektirlenýärler.

(10.39) deňlemäni şeýle görnüşde ýazyp bolar:

$$x_t^* = \gamma x_t + (1-\gamma)x_{t-1}^*. \tag{10.40}$$

(10.40) deňlemeden görnüşi ýaly x_t^* garaşylýan baha x_t hakyky baha bilen onuň öňki döwürdäki x_{t-1}^* garaşylýan bahasynyň agramlaşdyrylan orta bahasy bolýar. x_t ululygyň agram koeffisiýenti γ, x_{t-1}^* ululygyň agram koeffisiýenti (1–γ) deňdir.

(10.38) deňlemede y_t ululyk x_t^* ululyk bilen aňladylan.

Eger (10.40) deňleme t döwür üçin ýerine ýetýän bolsa, onda ol (t–1) döwür üçin hem ýerine ýetmeli.

$$x_{t-1}^* = \gamma x_{t-1} + (1-\gamma)x_{t-2}^*. \tag{10.41}$$

(10.41) deňlemede x_{t-1}^* ululygy çalşyp bolýar, ýöne onuň ýerine x_{t-2}^* ýüze çykýar:

$$x_t^* = \gamma x_t + \gamma(1-\gamma)x_{t-1} + (1-\gamma)^2 x_{t-2}^*. \tag{10.42}$$

Eger (10.41) aňlatmada (t–2) döwri saýlasak, onda x_{t-1}^* ululygyň ýerine (10.42) aňlatmada x_{t-2}^* ýüze çykýar. Bu ýagdaýy tükeniksiz gezek gaýtalap, alarys:

$$x_t^* = \gamma x_t + \gamma((1-\gamma)x_{t-1} + (1-\gamma)^2 x_{t-2} + \cdots). \tag{10.43}$$

Netijede, adaptiw garaşmalar modeli aşakdaky tassyklama getirilýär: üýtgeýän ululygyň garaşylýan bahasy onuň geçen döwürlerdäki bahalarynyň geometriki kemelýän agram koeffisiýentleri bilen alnan agramlaşdyrylan orta bahasy bolýar. (10.43) deňligi (10.38) deňlikde goýup we (1– γ) ululygy λ bilen çalşyp, alarys:

$$y_t = \alpha + \beta\gamma(x_t + \lambda x_{t-1} + \lambda^2 x_{t-2} + \cdots) + \varepsilon_t. \tag{10.44}$$

Bu deňlikden görnüşi ýaly y_t baha x ululygyň häzirki we geçen döwürlerdäki lagaly bahalary bilen kesgitlenýär. Lagalar **Koýkuň** paýlanyşyna boýun egýärler.

Agram koeffisiýentleriň formirlenýän shemasy **Koýkuň** şertlerini kanagatlandyrýan ýagdaýynda modeliň sag tarapynda düşündirilýän (bagly) ululygyň lagaly bahalary ýüze çykýarlar. Bu bolsa bahalandyrmanyň täze meseleleriniň ýüze çykmagyna getirýär. $y_{t\text{-}1}$ düşündiriji üýtgeýän ululygyň tötän ýagdaýy (häsiýeti) bolýar. Bu bolsa iň kiçi kwadratlar usulynyň şertleriniň biriniň ýerine ýetmeýändigini aňladýar. Mundan başga-da, bu düşündiriji üýtgeýän ululygyň $v_t = \varepsilon_t - \rho\, \varepsilon_{t-1}$ tötän gyşarma bilen korrelirlenýän bolmagy gaty ahmal.

Eger başlangyç modeliň ε_t, ε_{t-1} tötän gyşarmalary üçin iň kiçi kwadratlar usulynyň 3-nji şerti ýerine ýetýän bolsa, onda v_t tötän gyşarmalar üçin awtokorrelýasiýa bardyr.

Uollis tarapyndan hödürlenen usula seredeliň. Bu usul üç tapgyrdan durýar:

1. $y_t = \beta_0 + \beta_1 y_{t-1} + \beta_2 x_t + v_t$ regressiýanyň koeffisiýentleri bahalandyrylýar, bu ýerde x_{t-1} ululyk y_{t-1} üýtgeýän ululyk üçin **instrumental** üýtgeýän ululyk hökmünde peýdalanylýar.

Şeýlelik bilen

$$\hat{\beta} = [Z^T X]^{-1} Z^T Y .$$

Bu ýerde

$$\hat{\beta} = \begin{pmatrix} \hat{\beta}_0 \\ \hat{\beta}_1 \\ \hat{\beta}_2 \end{pmatrix}, \quad Z = \begin{pmatrix} 1 & x_0 & x_1 \\ 1 & x_1 & x_2 \\ \dots & \dots & \dots \\ 1 & x_{n-1} & x_n \end{pmatrix},$$

$$X = \begin{pmatrix} 1 & y_0 & x_1 \\ 1 & y_1 & x_2 \\ \dots & \dots & \dots \\ 1 & y_{n-1} & x_n \end{pmatrix}, \quad Y = \begin{pmatrix} y_1 \\ y_2 \\ \dots \\ y_n \end{pmatrix}.$$

2. Galyndylar aşakdaky ýaly hasaplanýar:

$$\begin{pmatrix}\hat{v}_1\\ \hat{v}_2\\ \dots\\ \hat{v}_n\end{pmatrix}=\begin{pmatrix}y_1\\ y_2\\ \dots\\ y_n\end{pmatrix}-\begin{pmatrix}1 & x_0 & x_1\\ 1 & x_1 & x_2\\ \dots & \dots & \dots\\ 1 & x_{n-1} & x_n\end{pmatrix}\times\begin{pmatrix}\hat{\beta}_0\\ \hat{\beta}_1\\ \hat{\beta}_2\end{pmatrix}.$$

Bu galyndylar üçin birinji tertipli awtokorrelýasiýanyň koeffisiýenti (süýşmä düzedişi göz öňünde tutup) hasaplanýar:

$$r=\frac{\dfrac{\sum_{t=2}^{n}\hat{v}_t\hat{v}_{t-1}}{(n-1)}}{\dfrac{\sum_{t=1}^{n}\hat{v}_t^2}{n}}+\frac{3}{n}.$$

r ululyk ρ parametriň bahalandyrmasy üçin ulanylýar.

3. ρ üçin alnan bahalandyrmany ulanyp, aşakdaky matrisa alynýar:

$$\hat{\Omega}=\begin{pmatrix}1 & r & r^2 & \cdots & r^{n-1}\\ r & 1 & r & \cdots & r^{n-2}\\ \dots & \dots & \dots & \dots & \dots\\ r^{n-1} & r^{n-2} & r^{n-3} & \dots & 1\end{pmatrix}.$$

Soňra, umumylaşdyrylan iň kiçi kwadratlar usuly bilen parametrleriň täze bahalandyrmasy hasaplanýar:

$$b=[X^T\hat{\Omega}^{-1}X]^{-1}Z^T\hat{\Omega}^{-1}Y.$$

§10.11. Ş. Almonyň polinomly paýlanan lagalary

Koýkuň özgertmesi peýdalanylanda regressiýa koeffisiýentlerine ýeterlik berk çäklendirmeler goýulýar. Lagaly üýtgeýän ululyklaryň koeffisiýentleriniň «agramlary» geometrik progressiýa görnüşde kemelýär diýlip hasaplanylýar. Käbir ýagdaýlarda şeýle şertiň goýulmagy ýerliklidir, ýöne, käbir başga ýagdaýlarda bu şert ýerine ýetmeýär. Gözegçilik edilýän pursatdan soňky 3-4 döwürlerdäki lagaly düşündiriji üýtgeýän ululygyň bahalary bagly ululyga häzirki ýa-da geçen döwürlerdäki bahalardan köp täsir edýän ýagdaýlar bolýar. Şeýle üýtgemeleri **Almonyň** paýlanan lagalarynyň kömegi bilen ýeterlik derejede modelleşdirip bolýar. **Weýerştrassyň** teoremasyna esaslanyp, (10.30) modeldäki β_i agram koeffisiýentlere laganyň i ululygyna bagly funksiýa ýaly garap, Ş. Almon β_i agram koeffisiýentleri uly bolmadyk m tertipli ($m \le 3$), i ululyga bagly polinom görnüşde aňlatmaklygy teklip etdi:

$$\beta_i = \alpha_0 + \alpha_i i + \alpha_2 i^2 + \cdots + \alpha_m i^m . \qquad (10.45)$$

Almonyň shemasyny ýönekeý düşündirmek üçin β_i ululygy şeýle baglanyşykda ýazalyň:

$$\beta_i = \alpha_0 + \alpha_1 i + \alpha_2 i^2. \qquad 10.46)$$

Onda (10.30) deňlemäni şeýle görnüşde ýazyp bolar:

$$y_t = \alpha + \sum_{i=0}^{k} (\alpha_0 + \alpha_1 i + \alpha_2 i^2) x_{t-i} + \varepsilon_t =$$

$$= \alpha + \alpha_0 \sum_{i=0}^{k} x_{t-i} + \alpha_1 \sum_{i=0}^{k} i x_{t-i} + \alpha_2 \sum_{i=0}^{k} x_{t-i} i^2 + \varepsilon_t . \qquad (10.47)$$

$$z_{t_0} = \sum_{i=0}^{k} x_{t-i} , \qquad z_{t_1} = \sum_{i=0}^{k} i x_{t-i} , \qquad z_{t_2} = \sum_{i=0}^{k} i^2 x_{t-i}$$

ornuna goýmalary ulanyp, alarys:

$$y_t = \alpha + \alpha_0 z_{t0} + \alpha_1 z_{t1} + \alpha_2 z_{t2} + \varepsilon_t. \qquad (10.48)$$

$\alpha, \alpha_0, \alpha_1, \alpha_2$ bahalar iň kiçi kwadratlar usuly boýunça bahalandyrylyp bilner. ε_t tötän gyşarmalar iň kiçi kwadratlar usulynyň şertlerini kanagatlandyrýarlar. β_i koeffisiýentler (10.46) gatnaşykdan kesgitlenýärler.

Almonyň shemasyny ulanmak üçin ilki bilen lagalaryň k sanyny tapmaly. Adatça, ilki bilen «ýaramly» maksimal baha tapylýar, soňra kemeldilip alynýar. k san kesgitlenenden soňra (10.45) polinomyň m derejesini saýlamaly.

Z_{t_i} üýtgeýänleriň özara korrelirlenýänligi we bu korrelýasiýanyň m–iň artmagy bilen ýokarlanýanlygy bu usulyň kemçiligidir. Bu bolsa (10.48) görnüşli deňlemeleriň α_i koeffisiýentleriniň standart ýalňyşlyklaryny artdyrýar.

10.4-nji mysal. Goý, x – girdeji; y – käbir haryda sarp edilýän çykdajy bolsun. Aşakdaky maglumatlar berlen (10.5-nji tablisa).

10.5-nji tablisa

Şertli wagt	x	y	z_0	z_1	z_2
1	11,4	13,2	–	–	–
2	11,8	14	–	–	–
3	7,1	12,5	–	–	–
4	10,4	13	40,7	64,9	156,9
5	7,5	11,5	36,8	60	145
6	14	13,8	39	49,6	113
7	9,9	13,8	41,8	60,2	137,6
8	14,4	15,9	45,8	60,4	133,4
9	9	14	47,3	76,2	180
10	9,4	13,3	42,7	67,5	155,7
11	14,9	15,7	47,7	70,6	175
12	15,3	16,9	48,6	60,7	133,5
13	12,8	16,5	52,4	73,3	159,5
14	14,8	17,6	57,8	88,1	208,1
15	9,6	15,3	52,5	86,3	203,7
16	18	18,1	55,2	77,6	184
17	11,3	16,8	53,7	81,6	189,6
18	9,8	14,8	48,7	76,1	169,7

Goý, lagalaryň sany üçe deň we **Almonyň** modelindäki agramlar ikinji derejeli polinoma degişli bolsunlar:

$$y_t = \alpha + \beta_0 x_t + \beta_1 x_{t-1} + \beta_2 x_{t-2} + \beta_3 x_{t-3} + \varepsilon_t\,,$$

$$\beta_i = \alpha_0 + \alpha_1 i + \alpha_2\, i^2.$$

Onda model aşakdaky görnüşi alar:

$$y_t = \alpha + \alpha_0 z_{t0} + \alpha_1 z_{t1} + \alpha_2 z_{t2} + \varepsilon_t\,,$$

$$z_{t0} = x_t + x_{t-1} + x_{t-2} + x_{t-3}\,,$$

$$z_{t1} = x_{t-1} + 2x_{t-2} + 3x_{t-3}\,,$$

$$z_{t2} = x_{t-1} + 4x_{t-2} + 9x_{t-3}\,.$$

Parametrler bahalandyrylandan soňra regressiýanyň empiriki deňlemesini alarys:

$$\hat{y}_t = 2,2 + 0,4994z_{t0} + 0,2374z_{t1} + 0,03646z_{t2}\,,$$

$$\beta_i = 0,4994 + 0,2374i + 0,03646i^2\,.$$

Başky üýtgeýän ululyklara dolanyp, alarys:

$$\hat{y}_t = 2,2 + 0,499x_t + 0,298x_{t-1} + 0,170x_{t-2} + 0,1152x_{t-3}\,.$$

Soraglar:

1. Wagt hatary diýlip nämä aýdylýar ?
2. Wagt hatarynyň nähili düzüjileri bar ?
3. Wagt hatarlarynyň additiw modeli nähili bolýar?
4. Wagt hatarlarynyň multiplikatiw modeli nähili bolýar ?
5. Trend näme ?
6. Wagt hatarynyň haýsy düzüjisi hemme wagt modelde bar ?
7. Haýsy hatara dar manyda stasionar hatar diýilýär ?
8. Haýsy hatara giň manyda stasionar hatar diýilýär ?

XI bap

BIRWAGTLAÝYN DEŇLEMELER ULGAMLARY

§11.1. Umumy düşünjeler

Özarabaglanyşykly regressiýa modelleriň toplumyna **birwagtlaýyn deňlemeler ulgamy** diýilýär. Bu modellerde şol bir üýtgeýän ululyklar bir wagtda (dürli deňlemelerde) bagly we bagly däl (düşündiriji) üýtgeýän ululyk bolup bilýär.

Birwagtlaýyn deňlemeler ulgamyna seredilende üýtgeýän ululyklar iki uly bölege – endogen we ekzogen üýtgeýän ululyklara bölünýärler. Endogen üýtgeýän ululyklaryň bahalary modeliň içinde kesgitlenýär. Ekzogen üýtgeýän ululyklar modele daşyndan girizilýär. Ekzogen üýtgeýän ululyklaryň bahalary modeliň daşynda kesgitlenýär, olar berkidilen hasaplanýar. Bu ululyklaryň esasy tapawudy ekzogen üýtgeýän ululyklaryň tötän gyşarmalar (ýalňyşlyklar) bilen korrelirlenmeýänliginde we endogen üýtgeýän ululyklaryň bolsa tötän gyşarmalar bilen korrelirlenip bilýänligindedir. Mundan başga-da, model dürli görnüşli parametrleri (koeffisiýentleri) saklaýar, bu parametrler statistiki bahalandyrmanyň barşynda kesgitlenýärler.

Ykdysadyýetçileri modeliň mukdar seljermesi gyzyklandyrýar. Ýagny, bar bolan maglumatlaryň esasynda parametrleriň bahalandyrmasyny kesgitlemek gyzyklandyrýar. Bu ýerde identifisirlenmek meselesi ýüze çykýar: teklip edilýän modelde käbir parametrleriň bahasyny birbelgili dikeltmek mümkinmi ýa-da mümkin däl? Bahalandyrmaga geçmezden öň olary ulanmaklygyň manysynyň bardygyna ynamyň bolmagy zerurdyr. Başlangyç modeli düzýän deňlemelere modeliň gurluş deňlemeleri diýilýär. Modeliň gurluş formasy bu ykdysady nazaryýetiň düzgünlerine laýyklykda üýtgeýän ululyklaryň arasyndaky baglanyşygy şöhlelendirýän deňlemeler ulgamydyr. Modeliň gurluş formasynyň parametrlerine **gurluş parametrleri** diýilýär.

Eger model toždestwolary saklaýan bolsa, onda olara deňlemeler diýip bolar. Bu toždestwolarda üýtgeýän ululyklaryň gurluş parametrleri bire deň.

Endogen üýtgeýän ululyklary kesgitlemegiň shemasy bar bolan deňlemelere **getirilen deňlemeler** diýilýär. Bu deňlemelerde endogen üýtgeýän ululyklar diňe ekzogen üýtgeýänleriň, endogen üýtgeýänleriň lagaly bahalarynyň we tötän düzüjileriň üsti bilen aňladylýar. Ekzogen we lagaly endogen üýtgeýän ululyklar öňden kesgitlenen diýlip hasaplanylýar. Şeýlelik bilen, modeliň getirilen formasynda umumy ýagdaýda endogen üýtgeýän ululyklar öňden kesgitlenen üýtgeýän ululyklar bilen aňladylýar. Modeliň getirilen formasy – bu her bir endogen üýtgeýän ululyk modeliň ähli öňden kesgitlenen üýtgeýän ululyklaryna görä çyzykly funksiýa bölýän deňlemeler ulgamydyr. Ykdysady düşündiriş (interpretasiýa) üçin gurluş deňlemeleri, çaklaýyş üçin getirilen forma ulanylýar.

Özara bagly endogen üýtgeýän ululyklary (wagt boýunça yza galmaýan) $Y_{1t}, Y_{2t}, ..., Y_{mt}$ ýaly belgiläliň. Wagt boýunça yza galýan endogen üýtgeýän ululyklary we ekzogen üýtgeýän ululyklary (yza galýan we yza galmaýan) $X_{1t}, X_{2t}, \ldots, X_{kt}$ ýaly belgiläliň.

Toždestwo – deňlemeleri saklaýan modele seredilmeýär. Onda modeliň umumy formasy şu görnüşde bolar:

$$
\begin{aligned}
Y_{1t} &= \sum_{i=2}^{m} \beta_{1t} Y_{it} + \sum_{j=0}^{k} \gamma_{1j} x_{jt} + \varepsilon_{1t} \ , \\
Y_{2t} &= \sum_{\substack{i=1 \\ i \neq 2}}^{m} \beta_{2t} Y_{it} + \sum_{j=0}^{k} \gamma_{2j} X_{jt} + \varepsilon_{2t} \ , \\
&\cdots\cdots\cdots\cdots\cdots\cdots\cdots\cdots \\
Y_{mt} &= \sum_{i=1}^{m-1} \beta_{mt} Y_{it} + \sum_{j=0}^{k} \gamma_{mj} X_{jt} + \varepsilon_{mt} \ .
\end{aligned}
\tag{11.1}
$$

Bu ýerde $j = 0$ azat koeffisiýente degişli. $X_0 = (1,1,...,1)$ diýip hasap edýäris.

Umumy ýagdaýda β we γ koeffisiýentleriň käbirleri nola deň bolmaly. Eger şeýle bolmasa, statistiki bahalandyrmak mümkin däldir. (11.1) ulgamy matrisa görnüşinde ýazalyň:

$$BY_t + \Gamma X_t = \varepsilon_t, \tag{11.2}$$

bu ýerde

$$Y_t = \begin{pmatrix} Y_{1t} \\ Y_{2t} \\ \cdots \\ Y_{mt} \end{pmatrix} -$$

– wagt boýunça yza galmaýan endogen üýtgeýän ululyklaryň $m \times 1$ ölçegli wektor – sütüni;

$$X_t = \begin{pmatrix} 1 \\ X_{1t} \\ X_{2t} \\ \cdots \\ X_{kt} \end{pmatrix} -$$

– öňden kesgitlenen üýtgeýän ululyklaryň (wagt boýunça yza galýan we galmaýan ekzogen üýtgeýän ululyklaryň we wagt boýunça yza galýan endogen üýtgeýänleriň) $(k+1) \times 1$ ölçegli wektor – sütüni;

$$B = \begin{pmatrix} 1 & -\beta_{12} & \cdots & -\beta_{1m} \\ -\beta_{21} & 1 & \cdots & -\beta_{2m} \\ \cdots & \cdots & \cdots & \cdots \\ -\beta_{m1} & -\beta_{m2} & \cdots & 1 \end{pmatrix} -$$

– endogen üýtgeýän ululyklaryň bahalaryna degişli parametrleriň $m \times m$ ölçegli matrisasy;

$$\varepsilon_t = \begin{pmatrix} \varepsilon_{1t} \\ \varepsilon_{2t} \\ \cdots \\ \varepsilon_{mt} \end{pmatrix} -$$

– tötän gyşarmalaryň $m \times 1$ ölçegli wektor – sütüni;

$$\Gamma = \begin{pmatrix} -\gamma_{10} & -\gamma_{11} & -\gamma_{12} & \cdots & -\gamma_{1k} \\ -\gamma_{20} & -\gamma_{21} & -\gamma_{22} & \cdots & -\gamma_{2k} \\ \cdots & \cdots & \cdots & \cdots & \cdots \\ -\gamma_{m0} & -\gamma_{m1} & -\gamma_{m2} & \cdots & -\gamma_{mk} \end{pmatrix} -$$

– X üýtgeýän ululyklaryň koeffisiýentlerinden düzülen $m \times (k+1)$ ölçegli matrisa.

Eger B matrisa aýratyn däl matrisa (kesgitleýjisi nola deň däl matrisa) bolsa, onda Y üýtgeýän ululyklary X üýtgeýän ululyklaryň üsti bilen aňladyp bolar:

$$BY_t + \Gamma X_t = \varepsilon_t,\ B^{-1} BY_t + B^{-1}\Gamma X_t = B^{-1} \varepsilon_t,$$

$$Y_t = -B^{-1} \Gamma X_t + B^{-1} \varepsilon_t .$$

Onda modeliň getirilen formasyny alarys:

$$Y_{1t} = \sum_{j=0}^{k} \pi_{1j} X_{jt} + \eta_{1t} ,$$

$$Y_{2t} = \sum_{j=0}^{k} \pi_{2j} X_{jt} + \eta_{2t} ,$$

… … … … … … … … … … … …

$$Y_{mt} = \sum_{j=0}^{k} \pi_{mj} X_{jt} + \eta_{mt} .$$

Getirilen formany matrisa görnüşde ýazalyň:

$$Y_t = \Pi X_t + \eta_t,$$

bu ýerde

$$\Pi = \begin{pmatrix} \pi_{10} & \pi_{11} & \pi_{12} & \cdots & \pi_{1k} \\ \pi_{20} & \pi_{21} & \pi_{22} & \cdots & \pi_{2k} \\ \cdots & \cdots & \cdots & \cdots & \cdots \\ \pi_{m0} & \pi_{m1} & \pi_{m2} & \cdots & \pi_{mk} \end{pmatrix} -$$

– getirilen formadaky X üýtgeýän ululyklaryň koeffisiýentlerinden düzülen $m \times (k+1)$ ölçegli matrisa;

$$\eta_t = \begin{pmatrix} \eta_{1t} \\ \eta_{2t} \\ \cdots \\ \eta_{mt} \end{pmatrix} -$$

– modeliň getirilen formasyndaky tötän gyşarmalaryň wektory.

Modeliň gurluş we getirilen formalarynyň parametrleri şeýle baglanyşýar:

$$\Pi = -B^{-1} \Gamma, \qquad \eta_t = B^{-1} \varepsilon_t.$$

Ýokardaky gatnaşyklardan we modeliň getirilen formasyndan görnüşi ýaly, Y_{1t}, Y_{2t}, …, Y_{mt} endogen üýtgeýänleriň her biri ε_{1t}, ε_{2t},…, ε_{mt} tötän täsirleriň her biriniň täsirini duýup biljek. Şonuň üçin, eger modeliň gurluş formasynda Y_{1t}, Y_{2t},…, Y_{mt} endogen üýtgeýänleriň haýsy hem bolsa biri düşündiriji üýtgeýän ululyk hökmünde duran bolsa, onda bu ululyk bu deňlemäniň tötän faktory bilen hökman diýen ýaly korrelirlenýär. Endogen düşündiriji üýtgeýänler bilen tötän tolgunmalaryň arasyndaky korrelýasiýa adaty iň kiçi kwadratlar usuly bilen alnan bahalandyrmalaryň ygtybarly däldigini aňladýar.

11.1-nji mysal. Aşakdaky modele seredeliň:

$$I_t = \beta_{13} V_t + \gamma_{10} + \gamma_{11} I_{t-1} + \varepsilon_{1t},$$
$$X_t = \beta_{23} V_t + \gamma_{20} + \gamma_{22} K_t + \varepsilon_{2t},$$
$$V_t = \beta_{32} X_t + \gamma_{30} + \gamma_{31} I_{t-1} + \varepsilon_{3t},$$

bu ýerde I – maýa goýum çykdajylary; X – işleýänleriň sany; V – önümiň mukdary; K – esasy önümçilik serişdeleriniň gymmaty.

Berlen mysalda I_t, X_t, V_t – endogen üýtgeýän ululyklar, K_t – ekzogen üýtgeýän ululyk, I_{t-1} – öňden kesgitlenen üýtgeýän ululyk (lagaly endogen üýtgeýän ululyk). Tötän ululyklardan başga ähli goşulyjylary çep tarapa geçirip, alarys:

$$I_t - \beta_{13} V_t - \gamma_{10} - \gamma_{11} I_{t-1} = \varepsilon_{1t},$$
$$X_t - \beta_{23} V_t - \gamma_{20} - \gamma_{22} K_t = \varepsilon_{2t},$$
$$V_t - \beta_{32} X_t - \gamma_{30} - \gamma_{31} I_{t-1} = \varepsilon_{3t}\ .$$

Gurluş modeliň matrisa formasy şeýle görnüşde bolar:

$$\begin{pmatrix} 1 & 0 & -\beta_{13} \\ 0 & 1 & -\beta_{23} \\ 0 & -\beta_{32} & 1 \end{pmatrix} \cdot \begin{pmatrix} I_t \\ X_t \\ V_t \end{pmatrix} + \begin{pmatrix} -\gamma_{10} & -\gamma_{11} & 0 \\ -\gamma_{20} & 0 & -\gamma_{22} \\ -\gamma_{30} & -\gamma_{31} & 0 \end{pmatrix} \cdot \begin{pmatrix} 1 \\ I_{t-1} \\ K_t \end{pmatrix} = \begin{pmatrix} \varepsilon_{1t} \\ \varepsilon_{2t} \\ \varepsilon_{3t} \end{pmatrix}.$$

Modeliň getirilen formasyny ýazalyň:

$$\begin{pmatrix} I_t \\ X_t \\ V_t \end{pmatrix} = \begin{pmatrix} \pi_{10} & \pi_{11} & \pi_{12} \\ \pi_{20} & \pi_{21} & \pi_{22} \\ \pi_{30} & \pi_{31} & \pi_{32} \end{pmatrix} \times \begin{pmatrix} 1 \\ I_{t-1} \\ K_t \end{pmatrix} + \begin{pmatrix} \eta_{1t} \\ \eta_{2t} \\ \eta_{3t} \end{pmatrix}.$$

Getirilen formanyň parametrlerini modeliň gurluş formasynyň parametrleriniň üsti bilen aňladalyň:

$$B^{-1}=\begin{pmatrix}1 & 0 & -\beta_{13}\\ 0 & 1 & -\beta_{23}\\ 0 & -\beta_{32} & 1\end{pmatrix}^{-1}=\begin{pmatrix}1 & \dfrac{-\beta_{13}\beta_{32}}{1-\beta_{23}\beta_{32}} & \dfrac{-\beta_{13}}{1-\beta_{23}\beta_{32}}\\ 0 & \dfrac{1}{1-\beta_{23}\beta_{32}} & \dfrac{\beta_{23}}{1-\beta_{23}\beta_{32}}\\ 0 & \dfrac{\beta_{32}}{1-\beta_{23}\beta_{32}} & \dfrac{1}{1-\beta_{23}\beta_{32}}\end{pmatrix},$$

$$\Pi=-B^{-1}\Gamma=-\begin{pmatrix}1 & \dfrac{-\beta_{13}\beta_{32}}{1-\beta_{23}\beta_{32}} & \dfrac{-\beta_{13}}{1-\beta_{23}\beta_{32}}\\ 0 & \dfrac{1}{1-\beta_{23}\beta_{32}} & \dfrac{\beta_{23}}{1-\beta_{23}\beta_{32}}\\ 0 & \dfrac{\beta_{32}}{1-\beta_{23}\beta_{32}} & \dfrac{1}{1-\beta_{23}\beta_{32}}\end{pmatrix}\cdot\begin{pmatrix}-\gamma_{10} & -\gamma_{11} & 0\\ -\gamma_{20} & 0 & -\gamma_{22}\\ -\gamma_{30} & -\gamma_{31} & 0\end{pmatrix}=$$

$$=-\begin{pmatrix}\dfrac{\gamma_{20}\beta_{13}\beta_{32}+\gamma_{30}\beta_{13}}{1-\beta_{23}\beta_{32}}-\gamma_{10} & \dfrac{\gamma_{31}\beta_{13}}{1-\beta_{23}\beta_{32}}-\gamma_{11} & \dfrac{\gamma_{22}\beta_{13}\beta_{32}}{1-\beta_{23}\beta_{32}}\\ \dfrac{-\gamma_{20}-\gamma_{30}\cdot\beta_{23}}{1-\beta_{23}\beta_{32}} & \dfrac{-\gamma_{31}\beta_{23}}{1-\beta_{23}\beta_{32}} & \dfrac{-\gamma_{32}}{1-\beta_{23}\beta_{32}}\\ \dfrac{-\gamma_{20}\cdot\beta_{32}-\gamma_{30}}{1-\beta_{23}\beta_{32}} & \dfrac{-\gamma_{31}}{1-\beta_{23}\beta_{32}} & \dfrac{-\gamma_{22}\beta_{32}}{1-\beta_{23}\beta_{32}}\end{pmatrix},$$

$$\eta_t=B^{-1}\varepsilon_t=\begin{pmatrix}\varepsilon_{1t}+\dfrac{-\varepsilon_{2t}\beta_{13}\beta_{32}-\varepsilon_{3t}\beta_{13}}{1-\beta_{23}\beta_{32}}\\ \dfrac{\varepsilon_{2t}+\varepsilon_{3t}\beta_{23}}{1-\beta_{23}\beta_{32}}\\ \dfrac{\varepsilon_{2t}\beta_{32}+\varepsilon_{3t}}{1-\beta_{23}\beta_{32}}\end{pmatrix}.$$

§11.2. Modeliň gurluş formasynyň identifikasiýasy

Identifisirlenmek meselesi getirilen formanyň parametrlerine degişli däl-de, gurluşlaýyn parametrlere degişlidir. Bu mesele şeýle goýlup biler: Π matrisanyň elementleri belli bolan ýagdaýda B we Γ matrisalaryň käbir ýa-da hemme elementlerini birbelgili kesgitläp bolarmy?

Eger gurluşlaýyn koeffisiýent getirilen formanyň koeffisiýentleriniň esasynda kesgitlenip bilýän bolsa, onda oňa identifisirlenýär diýilýär. Eger modeliň gurluşlaýyn formasyndaky haýsy hem bolsa bir deňlemäniň ähli koeffisiýentleri identifisirlenýän bolsa, onda deňlemäniň özi hem identifisirlenýär diýilýär.

Identifisirlenmek meselesi logiki nukdaý nazardan bahalandyrmak meselesinden öňden gelýän meseledir. Eger ulgamyň berlen deňlemesiniň gurluşlaýyn parametrleri getirilen koeffisiýentler boýunça birbelgili kesgitlenýän bolsa, onda bu deňleme takyk identifisirlenen hasaplanýar. Şeýle deňlemäniň gurluşlaýyn parametrlerini gytaklaýyn iň kiçi kwadratlar usuly bilen tapmak bolar.

Eger modeliň getirilen formasyndan gurluşlaýyn parametrleriň birnäçe bahalandyrmalaryny alyp bolýan bolsa, onda deňleme aşa identifisirlenen hasaplanýar. Şeýle deňlemäniň gurluşlaýyn parametrleri **iki ädimleýin iň kiçi kwadratlar usuly** boýunça kesgitlenýärler.

Eger modeliň deňlemesiniň gurluşlaýyn parametrlerini getirilen koeffisiýentleriň üsti bilen tapyp bolmaýan bolsa, onda şeýle gurluşlaýyn deňleme identifisirlenmedik diýilýär, onuň parametrleriniň san bahalandyrmalaryny tapyp bolmaýar.

Wagt boýunça yza galmaklygy bolmadyk endogen üýtgeýän ululyklaryň arasyndaky özarabaglanyşyklar nukdaý nazaryndan birwagtlaýyn deňlemeler ulgamy ýönekeý modellere, rekursiw modellere we özarabaglanyşykly üýtgeýän ululykly modellere bölünýärler. Modeliň topary endogen üýtgeýänleriň gurluşlaýyn parametrleriniň *B* matrisasyny barlamak bilen kesgitlenýär.

Eger *B* matrisa diagonal matrisa ýa-da modeliň deňlemeleri täzeden belgilenenden (nomerlenenden) soň diagonal matrisa bolýan bolsa, onda modele **ýönekeý model** diýilýär. Şeýle modellerde endogen üýtgeýänleriň arasynda özarabaglanyşyk ýokdur. Hiç bir deňlemede şeýle üýtgeýän ululyklar düşündiriji üýtgeýän ululyk bolmaýar. Şeýle modeliň her bir deňlemesine aýratynlykda seredip bolýar we adaty iň kiçi kwadratlar usuly bilen bahalandyryp bolýar.

Eger *B* matrisa üçburçluk formada bolsa ýa-da modeliň deňlemeleri täzeden belgilenende, ýa-da deňlemelerde üýtgeýänleriň orunlary üýtgedilende üçburçluk forma gelýän bolsa, onda modele **rekursiw**

model diýilýär. Bu toparyň modellerinde her bir anyk deňlemede düşündiriji üýtgeýänler hökmünde diňe öňden gelýän deňlemelerde bagly üýtgeýän ululyk bolan endogen üýtgeýänler bolup biler.

Galan ýagdaýlarda özarabaglanyşykly deňlemeleri bolan modeli alarys. Bu model üçin adaty iň kiçi kwadratlar usuly ulanarlykly däl.

Ekonometriki barlagyň birinji ädimi öwrenilýän ulgamyň hakyky modelini spesifikasiýa etmekden durýar. Şeýle modelleri, eger olar çyzykly bolsalar, umumy formada ýazyp bolýar:

$$BY_t + \Gamma X_t = \varepsilon_t.$$

Spesifikasiýa bar bolan ykdysady nazaryýete, ýörite bilimlere ýa-da ulgam baradaky intuitiw göz öňüne getirmelere esaslanýar. Bu tejribeden öň (aprior) maglumatlar B we Γ matrisalaryň tebigatyny kesgitleýärler. Meselem, kesgitli üýtgeýän ululyklaryň käbir deňlemäniň spesifikasiýasyna gatnaşmaýanlygy baradaky maglumat B we Γ matrisalaryň setirlerindäki degişli elementleriň nola deňdigini aňladýar. Ulgam barada goşmaça maglumatlar matrisalaryň elementleriniň kombinasiýalaryna goýulýan çäklendirmeleriň görnüşini almagy mümkin. Mundan başga-da, tötän tolgunmalar barada şertler bar. Ähli ekzogen üýtgeýänler $\varepsilon_{1t}, \varepsilon_{2t}, \ldots, \varepsilon_{mt}$ tötän faktorlar bilen korrelirlenmeýärler. Adatça, X sütün – wektora girýän endogen üýtgeýänleriň lagaly bahalary hem $\varepsilon_{1t}, \varepsilon_{2t}, \ldots, \varepsilon_{mt}$ elementler bilen korrelirlenmeýärler diýen goşmaça şertler hem kabul edilýär. Bu ýerden tötän tolgunmalaryň awtokorrelýasiýasynyň ýokdugy gelip çykýar.

Eger biz modeliň getirilen formasynyň her bir deňlemesine adaty iň kiçi kwadratlar usulyny ulansak, netijeleri birleşdirsek, we getirilen modeliň bahalandyrylan koeffisiýentleriniň $(X^T X)^{-1} X^T Y$ matrisasyny alsak, onda bahalandyrmalar ygtybarly bolarlar. Şonda identifikasiýa meselesi gurluş parametrlerine degişli bolýar we şeýle formulirlenýär: Π matrisanyň elementleri birbelgili bahalandyrylan diýlip hasap edilende, B we Γ matrisalaryň käbir ýa-da ähli elementlerini kesgitläp bolarmy?

Hemme zatdan öň, identifisirlenmekligiň şeýle şertiniň ýerine ýetirilmegi zerurdyr: ulgamyň deňlemeleriniň sany seljerilýän endogen üýtgeýänleriň sanyna deň bolmaly, B matrisa bolsa aýratyn däl matrisa bolmaly (ýagny bu matrisanyň kesgitleýjisi nola deň bolmaly däl we B^{-1} ters matrisa bar bolmaly).

Öňden kesgitlenen üýtgeýänleriň (ekzogen we lagaly endogen) gözegçilikler matrisasynyň, ýagny

$$X = \begin{pmatrix} 1 & x_{12} & \cdots & x_{1k} \\ 1 & x_{22} & \cdots & x_{2k} \\ \ldots & \ldots & \ldots & \ldots \\ 1 & x_{n2} & \cdots & x_{nk} \end{pmatrix}$$

matrisanyň rangynyň $(k + 1) – e$ deň bolmagy zerurdyr. Şunlukda gözegçilikleriň n sanynyň ($t = 1,2,\ldots, n$) seljerilýän üýtgeýänleriň $(m + k)$ umumy sanyndan düýpli artyk bolmagy hökmandyr.

Şeýle şerti subut etmek mümkin: tejribeden öň (aprior) çäklendirmeleriň sany modeliň deňlemeleriniň bir birlik kemelen sanyndan az bolmaly däl. Eger çäklendirmeler hökmünde diňe ýok etmek çäklendirmeleri bar bolsa, onda aýratyn alnan deňlemäniň identifisirlenmeginiň zerurlyk şerti şeýle bolar: deňlemeden ýok edilen üýtgeýänleriň sany azyndan deňlemeleriň bir birlik kemelen sanyna deň bolmaly. Ýok etmekligiň tejribeden öň çäklendirmeleriniň arasynda birmeňzeşi bolmaly däl.

Bu zerurlyk şert alternatiw formada ýazylyp bilner: deňlemeden ýok edilen öňden kesgitlenen üýtgeýänleriň (ekzogen we lagaly endogen) sany deňlemedäki endogen üýtgeýänleriň bir birlik kemeldilen sanyndan az bolmaly däl. Modeliň gurluş deňlemesiniň identifisirlenenligini kesgitlemek üçin her bir deňleme we tutuş model boýunça: k – modeliň öňden kesgitlenen üýtgeýänleriniň sanyny, k_i – deňlemedäki öňden kesgitlenen üýtgeýänleriň sanyny, m_i – deňlemedäki endogen üýtgeýänleriň sanyny hasaplaýarlar. Soňra her bir deňleme üçin aýratynlykda şeýle gatnaşygy barlaýarlar:

$$k – k_i \geq m_i – 1.$$

Eger deňlemä girmeýän öňden kesgitlenen üýtgeýänleriň sany deňlemä girýän endogen üýtgeýänleriň bir birlik kemeldilen sanyndan takyk uly bolsa, ýagny $k – k_i > m_i – 1$ bolsa, onda deňleme aşa identifisirlenendir. Eger $k – k_i = m_i – 1$ bolsa, onda deňleme takyk identifisirlenendir.

Eger $k - k_i < m_i - 1$ bolsa, onda deňleme identifisirlenen däldir.

Modeliň toždestwosynyň identifisirlenenligini barlamagyň zerurlygy ýok. Sebäbi olaryň gurluş parametrleri belli we 1–e deňdirler. Ýöne, toždestwo girýän üýtgeýänler modeliň endogen we öňden kesgitlenen üýtgeýänleriniň sany hasaplananda hasaba alynýar.

Aşakdaky şert ulgamyň aýratyn alnan deňlemesiniň identifisirlenmeginiň zerurlyk we ýeterlik şertidir.

Modele girýän we m sany özarabagly endogen üýtgeýänleri saklaýan i-nji deňlemäniň identifisirlenmegi üçin modeliň düzümine girýän (endogen we öňden kesgitlenen), ýöne i-nji deňlemede bolmadyk üýtgeýänleriň parametrleriniň A_i matrisasynyň rangynyň $(m - 1)$ – e deň bolmagy zerur we ýeterlikdir.

Goý, d_i – modeliň i-nji deňlemä girmeýän üýtgeýänleriniň sany bolsun. Eger $d_i = m - 1$ bolsa, onda i-nji deňleme birbelgili identifisirlenen hasaplanýar. Eger $d_i > m - 1$ bolsa, onda i-nji deňleme birbelgili däl identifisirlenen hasaplanýar. Eger $d_i < m - 1$ bolsa, onda i-nji deňleme identifisirlenen däl hasaplanýar.

Özarabaglanyşykly deňlemeleri bolan modeliň parametrlerini bahalandyrmakdan ozal her bir deňlemäniň identifisirlenýändigini barlamak zerurdyr. Eger ähli deňlemeler identifisirlenen bolsa, onda tutuş model identifisirlenen hasaplanýar.

11.2-nji mysal. Model berlen:

$$Y_{1t} = \beta_{12} Y_{2t} + \beta_{13} Y_{3t} + \gamma_{10} + \gamma_{11} X_{1t} + \varepsilon_{1t},$$

$$Y_{2t} = \beta_{21} Y_{1t} + \gamma_{20} + \gamma_{22} X_{2(t-1)} + \varepsilon_{2t},$$

$$Y_{3t} = \beta_{32} Y_{2t} + \gamma_{30} + \gamma_{31} X_{1t} + \gamma_{33} X_{3(t-1)} + \varepsilon_{3t},$$

bu ýerde

Y_{1t} – öňümiň göwrümi,
Y_{2t} – esasy önümçilik gaznalarynyň gymmaty,
X_{1t} – çig malyň iberilişi,
$X_{2(t-1)}$ – öňki ýyldaky maýa goýumyň göwrümi,
$X_{3(t-1)}$ – öňki ýylda işleýänleriň sany.

Modeli şeýle görnüşde ýazalyň:

$$Y_{1t} - \beta_{12} Y_{2t} - \beta_{13} Y_{3t} - \gamma_{10} - \gamma_{11} X_{1t} = \varepsilon_{1t},$$
$$Y_{2t} - \beta_{21} Y_{1t} - \gamma_{20} - \gamma_{22} X_{2(t\text{-}1)} = \varepsilon_{2t},$$
$$Y_{3t} - \beta_{32} Y_{2t} - \gamma_{30} - \gamma_{31} X_{1t} - \gamma_{33} X_{3(t-1)} = \varepsilon_{3t}.$$

Birinji deňlemäniň identifisirlenýändigini ýa-da däldigini barlalyň. Bu deňlemä $X_{2(t-1)}$, $X_{3(t-1)}$ üýtgeýänler girmeýärler. Bu üýtgeýänleriň öňündäki parametrleriň A_1 matrisasy şeýle görnüşde bolar:

$$A_1 = \begin{pmatrix} -\gamma_{22} & 0 \\ 0 & -\gamma_{33} \end{pmatrix}.$$

Bu matrisanyň kesgitleýjisi $|A_1| = \gamma_{22} \cdot \gamma_{33} \neq 0$. Diýmek, A_1 matrisanyň rangy 2-ä deň.

Model üç deňlemeden durýar (üç sany endogen üýtgeýänleri saklaýar), şonuň üçin şeýle şert ýerine ýetýär:

$$\text{rang}\ (A_1) = 2,\ m - 1 = 3 - 1 = 2,\ \text{rang}\ (A_1) = m - 1,$$
$$d_1 = 2,\ m - 1 = 2,\ d_1 = m - 1.$$

Şeýlelik bilen, ulgamyň birinji deňlemesi birbelgili identifisirlenýär.

Ikinji deňlemäniň identifisirlenýändigini ýa-da däldigini barlalyň. Bu deňlemä Y_{3t}, X_{1t}, $X_{3(t-1)}$ üýtgeýänler girmeýärler. A_2 matrisa şeýle görnüşde bolar:

$$A_2 = \begin{pmatrix} -\beta_{13} & -\gamma_{11} & 0 \\ 1 & -\gamma_{31} & -\gamma_{33} \end{pmatrix}.$$

Eger

$$\begin{vmatrix} -\beta_{13} & -\gamma_{11} \\ 1 & -\gamma_{31} \end{vmatrix}, \quad \begin{vmatrix} -\beta_{13} & 0 \\ 1 & -\gamma_{33} \end{vmatrix}, \quad \begin{vmatrix} -\gamma_{11} & 0 \\ -\gamma_{31} & -\gamma_{33} \end{vmatrix}$$

kesgitleýjileriň iň bolmanda biri noldan tapawutly bolsa, onda rang(A_2) = 2 bolar. Bu şertiň ýerine ýetýändigi görünýär. Ikinji deňleme birbelgili däl identifisirlenýär. Sebäbi

$$\text{rang}\ (A_2) = 2,\ m–1 = 3–1 = 2, \qquad \text{rang}\ (A_2) = m–1,$$
$$d_2 = 3,\ m–1 = 2,\ d_2 > m–1.$$

Üçünji deňlemäni barlaýarys. Bu deňlemede Y_{1t}, $X_{2(t-1)}$ üýtgeýänler ýok. Bu üýtgeýänlere degişli parametrleriň A_3 matrisasy şeýle bolar:

$$A_3 = \begin{pmatrix} 1 & 0 \\ -\beta_{21} & -\gamma_{22} \end{pmatrix}, \quad |A_3| = -\gamma_{22} \neq 0 .$$

$$\text{rang } (A_3) = 2, m-1 = 3-1 = 2, \text{rang } (A_3) = m-1,$$

$$d_3 = 2, m-1 = 2, d_3 = m-1.$$

Üçünji deňleme birbelgili identifisirlenýär. Şeýlelik bilen, ähli deňlemeler we tutuş model identifisirlenýär. Modeliň parametrlerini bahalandyrmak mümkinçiligi bar.

§11.3. Gytaklaýyn iň kiçi kwadratlar usuly

Bu usul birbelgili identifisirlenýän özara baglanyşykly deňlemeleri bolan modeliň parametrlerini bahalandyrmak üçin ulanylýar. Bu usul aýratyn alnan birbelgili identifisirlenýän deňlemäniň parametrlerini bahalandyrmak üçin hem ulanylyp bilner. Bu usulda modeliň getirilen formasynyň parametrleriniň bahalandyrmalary modeliň gurluş formasynyň parametrleriniň bahalandyrmalary üçin ulanylýar.

Usul aşakdaky tapgyrlardan durýar:

1. $BY_t + \varGamma X_t = \varepsilon_t$ gurluş model $Y_t = \varPi X_t + \eta_t$ getirilen forma getirilýär (syrykdyrylýar), bu ýerde $\varPi = -B^{-1}\varGamma$, $\eta_t = B^{-1}\varepsilon_t$.

2. Getirilen formanyň parametrleri klassyky iň kiçi kwadratlar usuly bilen bahalandyrylýar:

$$\hat{\varPi}^T = (X^T \cdot X)^{-1} X^T Y ,$$

bu ýerde

$$\hat{\varPi} = \begin{pmatrix} \hat{\pi}_{10} & \hat{\pi}_{11} & \hat{\pi}_{12} & \cdots & \hat{\pi}_{1k} \\ \hat{\pi}_{20} & \hat{\pi}_{21} & \hat{\pi}_{22} & \cdots & \hat{\pi}_{2k} \\ \cdots & \cdots & \cdots & \cdots & \cdots \\ \hat{\pi}_{m0} & \hat{\pi}_{m1} & \hat{\pi}_{m2} & \cdots & \hat{\pi}_{mk} \end{pmatrix} -$$

– getirilen formanyň parametrleriniň bahalandyrmalarynyň matrisasy,

$$X = \begin{pmatrix} 1 & x_{11} & x_{12} & \cdots & x_{1k} \\ 1 & x_{21} & x_{22} & \cdots & x_{2k} \\ \cdots & \cdots & \cdots & \cdots & \cdots \\ 1 & x_{n1} & x_{n2} & \cdots & x_{nk} \end{pmatrix} -$$

– modeliň ekzogen we öňden kesgitlenen üýtgeýänleriniň gözegçilikler matrisasy,

$$Y = \begin{pmatrix} y_{11} & y_{12} & \cdots & y_{1m} \\ y_{21} & y_{22} & \cdots & y_{2m} \\ \cdots & \cdots & \cdots & \cdots \\ y_{n1} & y_{n2} & \cdots & y_{nm} \end{pmatrix} -$$

– modeliň özara bagly endogen üýtgeýänleriniň gözegçilikler matrisasy.

3. Gurluş formanyň parametrleriniň bahalandyrmalary

$$\hat{B}\hat{\Pi} = -\hat{\Gamma}$$

deňlemeler ulgamynyň çözüwi netijesinde tapylýar.

Bu ýerde $\hat{B} - Y$ üýtgeýänleriň parametrleriniň bahalandyrmalarynyň matrisasy;

$\hat{\Gamma} - X$ üýtgeýänleriň parametrleriniň bahalandyrmalarynyň matrisasy.

11.3-nji mysal. Modele seredeliň (11.1-nji tablisa):

$$K_t = \beta_{12} Z_t + \gamma_{10} + \gamma_{11} I_t + \varepsilon_{1t},$$

$$Z_t = \beta_{21} K_t + \gamma_{20} + \gamma_{22} P_t + \varepsilon_{2t},$$

bu ýerde

K_t – esasy önümçilik serişdeleriniň gymmaty (endogen üýtgeýän ululyk);

Z_t – işleýänleriň sany (endogen üýtgeýän ululyk);

I_t – maýa goýumyň göwrümi (ekzogen üýtgeýän ululyk);

P_t – önümiň göwrümi (ekzogen üýtgeýän ululyk).

11.1-nji tablisa

Gytaklaýyn iň kiçi kwadratlar usuly üçin başlangyç maglumatlar

t	K_t	Z_t	I_t	P_t
1	73	4,0	2,1	32
2	76	4,1	2,5	34
3	76	4,2	2,4	35
4	82	4,5	2,7	38
5	82	4,5	2,7	39
6	72	4,0	1,9	33
7	72	4,3	1,6	32
8	74	4,4	1,8	34
9	74	4,4	1,7	35
10	78	4,6	2,0	37

Modeliň getirilen formasynyň parametrlerini kesgitläliň. Degişli matrisalar şeýle göwrüşi alarlar:

$$Y = \begin{pmatrix} 73 & 4,0 \\ 76 & 4,1 \\ 76 & 4,2 \\ 82 & 4,5 \\ 82 & 4,5 \\ 72 & 4,0 \\ 72 & 4,3 \\ 74 & 4,4 \\ 74 & 4,4 \\ 78 & 4,6 \end{pmatrix}, X = \begin{pmatrix} 1 & 2,1 & 32 \\ 1 & 2,5 & 34 \\ 1 & 2,4 & 35 \\ 1 & 2,7 & 38 \\ 1 & 2,7 & 39 \\ 1 & 1,9 & 33 \\ 1 & 1,6 & 32 \\ 1 & 1,8 & 34 \\ 1 & 1,7 & 35 \\ 1 & 2,0 & 37 \end{pmatrix},$$

$$X^T X = \begin{pmatrix} 10 & 21,4 & 349 \\ 21,4 & 47,3 & 752,7 \\ 349 & 752,7 & 12233 \end{pmatrix},$$

$$(X^TX)^{-1} = \begin{pmatrix} 26,5391 & 1,9934 & -0,8798 \\ 1,9934 & 1,1638 & -0,1285 \\ -0,8798 & -0,1285 & 0,03309 \end{pmatrix},$$

$$X^TY = \begin{pmatrix} 759 & 43 \\ 1636 & 92,11 \\ 26566 & 1504 \end{pmatrix},$$

$$\hat{\Pi}^T = \begin{pmatrix} 30,649 & 1,3121 \\ 3,2009 & -0,3578 \\ 1,1003 & 0,1076 \end{pmatrix}, \quad \hat{\Pi} = \begin{pmatrix} 30,649 & 3,2009 & 1,1003 \\ 1,3121 & -0,3578 & 0,1076 \end{pmatrix}.$$

Şeýlelik bilen, getirilen model bahalandyrmadan soň şeýle görnüşde bolar:

$$\hat{K}_t = 30,649 + 3,2009\, I_t + 1,1003 P_t,$$
$$\hat{Z}_t = 1,3121 - 0,3578 I_t + 0,1076 P_t.$$

Modeliň gurluş formasynyň B we Γ matrisalary şeýle görnüşde bolarlar:

$$B = \begin{pmatrix} 1 & -\beta_{12} \\ -\beta_{21} & 1 \end{pmatrix}, \quad \Gamma = \begin{pmatrix} -\gamma_{10} & -\gamma_{11} & 0 \\ -\gamma_{20} & 0 & -\gamma_{22} \end{pmatrix}.$$

Gurluş modeliň koeffisiýentleriniň bahalandyrmalaryny tapmak üçin aşakdaky deňlemeler ulgamyny çözeliň:

$$\begin{pmatrix} 1 & -b_{12} \\ -b_{21} & 1 \end{pmatrix} \times \begin{pmatrix} 30,649 & 3,2009 & 1,1003 \\ 1,3121 & -0,3578 & 0,1076 \end{pmatrix} = -\begin{pmatrix} -c_{10} & -c_{11} & 0 \\ -c_{20} & 0 & -c_{22} \end{pmatrix},$$

$$\begin{pmatrix} 1 & -b_{12} \\ -b_{21} & 1 \end{pmatrix} \times \begin{pmatrix} 30,649 & 3,2009 & 1,1003 \\ 1,3121 & -0,3578 & 0,1076 \end{pmatrix} = \begin{pmatrix} c_{10} & c_{11} & 0 \\ c_{20} & 0 & c_{22} \end{pmatrix},$$

bu ýerde b_{12}, b_{21}, c_{10}, c_{20}, c_{11}, c_{22} – degişlilikde β_{12}, β_{21}, γ_{10}, γ_{20}, γ_{11}, γ_{22} parametrleriň bahalandyrmalary.

Matrisalary köpeldip, alarys:

$$\begin{cases} 30,649 - 1,3121b_{12} = c_{10} \\ 3,2009 + 0,3578b_{12} = c_{11} \\ 1,1003 - 0,1076b_{12} = 0 \\ -30,649b_{21} + 1,3121 = c_{20} \\ -3,2009b_{21} - 0,3578 = 0 \\ -1,1003b_{21} + 0,1076 = c_{22}\,. \end{cases}$$

Ulgamyň çözüwi şeýle bolar:

$$b_{12} = 10{,}23;\ c_{11} = 6{,}86;\ c_{10} = 17{,}23;\ b_{21} = -0{,}1118;$$

$$c_{20} = 4{,}738;\ c_{22} = 0{,}2306\,.$$

Gutarnykly görnüşde gurluş modeliň bahalandyrmasy şeýle görnüşde bolar:

$$\hat{K}_t = 10,23Z_t + 17,23 + 6,86I_t\,,$$

$$\hat{Z}_t = -\,0,1118K_t + 4,738 + 0,2306P_t\,.$$

Gytaklaýyn iň kiçi kwadratlar usuly süýşen, ýöne, ygtybarly bahalandyrmalara getirýär. Aşa identifisirlenmek ýagdaýynda gytaklaýyn iň kiçi kwadratlar usuly ulanarlykly däl.

Islendik birwagtlaýyn deňlemeler ulgamlaryny bahalandyrmak üçin häzirki wagtda ýeterlik mukdarda usullar bar.Bu usullar iki topara bölünýärler. Birinji topara her bir deňlemä aýratynlykda ulanyp bolýan usullar, ýagny, deňlemeleriň her birini gezekli-gezegine bahalandyrmaga ulanylýan usullar degişlidir. Ikinji topara tutuş ulgamy (ähli deňlemeleri birbada) bahalandyrmak üçin ulanylýan usullar degişlidir. Birinji topara iki ädimli iň kiçi kwadratlar usulyny, ikinji topara üç ädimli iň kiçi kwadratlar usulyny we doly maglumatyň maksimal hakykata ýakynlyk usulyny degişli edip bolar.

§11.4. Iki ädimli iň kiçi kwadratlar usuly

Bu usul deňlemeleri birbelgili we birbelgili däl identifisirlenýän modelleriň parametrlerini bahalandyrmak üçin ulanylýar. Her bir deňlemäniň parametrleri aýratyn bahalandyrylýar.

Bu usul ulanylanda birinji ädimde getirilen formanyň parametrleri adaty iň kiçi kwadratlar usuly bilen bahalandyrylýar. Beýle etmeklik endogen üýtgeýän Y_{it} ululygyň ulgamlaýyn we tötän düzüjileriniň bahalandyrmasyny almaga mümkinçilik berýär. Ýagny $Y_{it} = \hat{Y}_{it} + \eta_{it}$. Bu ýerde $\hat{Y}_{it} - Y_{it}$ üýtgeýäniň getirilen forma boýunça bahalandyrmasy. Ikinji ädimde gurluş deňlemeleriniň sag tarapynda ýerleşýän endogen üýtgeýänler olaryň $\hat{Y}_{it}$ bahalandyrmalary bilen çalşyrylýar. Şeýle ýol bilen özgerdilen gurluş deňlemesine adaty iň kiçi kwadratlar usuly ulanylýar. Gurluş parametrleriniň iki ädimli iň kiçi kwadratlar usuly bilen alnan bahalandyrmalary süýşen, ýöne, netijeli we ygtybarly bolýarlar.

Goý, i modeliň gurluş formasynyň bahalandyrylýan deňlemesiniň tertip belgisi bolsun. Bu deňlemede h sany endogen Y üýtgeýänler bar. Olaryň $(h – 1)$ sanysy düşündiriji üýtgeýän ululyk hökmünde çykyş edýär. Mundan başga-da, bahalandyrylýan deňlemede f sany öňden kesgitlenen X (ekzogen we lagaly endogen) üýtgeýänler bar. Bahalandyrylýan deňleme şeýle görnüşde bolar:

$$Y_{it} = \sum_{\substack{d=1 \\ d \neq i}}^{h} \beta_{id} Y_{dt} + \sum_{j=0}^{f} \gamma_{ij} X_{jt} + \varepsilon_{it} .$$

Iki ädimli iň kiçi kwadratlar usulynyň manysy $Y_{1t}, Y_{2t}, \ldots, Y_{(i-1)t}, Y_{(i+1)t}, \ldots, Y_{dt}$ üýtgeýänleriň öňden kesgitlenen $X_{1t}, X_{2t}, \ldots, X_{kt}$ üýtgeýänler bilen aňladylýandygyndan ybaratdyr. Onda bu ýerden getirilen formany almak bolar:

$$Y_{dt} = \sum_{j=0}^{k} \pi_{dj} X_{jt} + \eta_{dt}, \quad (d = 1, 2, \ldots, i-1, i+1, \ldots, h).$$

Getirilen formanyň parametrleri adaty iň kiçi kwadratlar usuly bilen

$$\Pi_{(i)}^{T} = (X^{T} X)^{-1} X^{T} Y_{(i)}$$

formulany ulanyp, bahalandyrylýar,

bu ýerde X – modeliň ähli öňden kesgitlenen üýtgeýänleriniň gözegçiliklerininiň $n \times k$ ölçegli matrisasy; $Y_{(i)}$ – bahalandyrylýan deňlemede düşündiriji üýtgeýän bolup çykyş edýän endogen üýtgeýänleriň gözegçilikleriniň $n \times (h - 1)$ ölçegli matrisasy; $\hat{\Pi}^T_{(i)} = (X^T X)^{-1} X^T Y_{(i)}$ – getirilen formadaky endogen üýtgeýänleriň (bu üýtgeýänler bahalandyrylýan deňlemede düşündiriji üýtgeýänler bolup çykyş edýärler) parametrleriniň bahalandyrmalarynyň $k \times (h - 1)$ ölçegli matrisasy.

Modeliň gurlan getirilen formasynyň esasynda i-nji deňlemede düşündiriji üýtgeýänler bolup çykyş edýän endogen üýtgeýänleriň empiriki bahalary hasaplanýar:

$$\hat{Y}_{(i)} = X \hat{\Pi}^T_{(i)},$$

bu ýerde $\hat{Y}_{(i)}$ – bu üýtgeýänleriň bahalandyrmalarynyň $n \times (h - 1)$ ölçegli matrisasy.

Üýtgeýänleriň empiriki bahalary deňlemede goýulýar, deňleme şeýle formany alýar:

$$Y_i = \sum_{\substack{d=1 \\ d \neq i}}^{h} \beta_{id} \hat{Y}_d + \sum_{j=0}^{f} \gamma_{ij} X_j + \varepsilon_i .$$

$\hat{Y}_d$ bahalara **instrumental üýtgeýänler** diýilýär. Tötän tolgunmalar bilen korrelirlenýän Y_d üýtgeýän $\hat{Y}_d$ instrumental üýtgeýäne çalşyrylýar. $\hat{Y}_d$ üýtgeýän tötän gyşarma bilen korrelirlenmeli däl. Alnan deňlemäniň parametrleri adaty iň kiçi kwadratlar usuly bilen bahalandyrylýar:

$$a_{(i)} = \begin{pmatrix} b_{(i)} \\ c_{(i)} \end{pmatrix} = \begin{bmatrix} \hat{Y}^T_{(i)} \hat{Y}_{(i)} & \hat{Y}^T_{(i)} X_{(i)} \\ X^T_{(i)} \hat{Y}_{(i)} & X^T_{(i)} X_{(i)} \end{bmatrix}^{-1} \times \begin{bmatrix} \hat{Y}^T_{(i)} Y_{it} \\ X^T_{(i)} Y_{it} \end{bmatrix},$$

bu ýerde $a_{(i)}$ – bahalandyrylýan deňlemäniň gurluş parametrleriniň bahalandyrmalarynyň $(h - 1 + f + 1) \times 1$ ölçegli wektory (sütün matrisa), $b_{(i)}$ – deňlemede düşündiriji üýtgeýänler bolup çykyş edýän endogen üýtgeýänleriň gurluş parametrleriniň bahalandyrmalarynyň $(h–1) \times 1$ ölçegli wektory; $c_{(i)}$– deňlemedäki öňden kesgitlenen üýtgeýänleriň gurluş parametrleriniň bahalandyrmalarynyň $(f + 1) \times 1$ ölçegli wektory; $X_{(i)}$ – bahalandyrylýan deňlemedäki öňden kesgitlenen üýtgeýänleriň gözegçilikleriniň $n \times (f + 1)$ ölçegli matrisasy; Y_{it} – bahalandyrylýan i-nji deňlemede bagly üýtgeýän bolup çykyş edýän endogen üýtgeýäniň gözegçilikleriniň $n \times 1$ ölçegli wektory.

Bu ýerde bahalandyrylýan deňlemede f sany öňden kesgitlenen üýtgeýänler bar diýlip hasaplanýar, $X(i)$ matrisanyň birinji sütüni birliklerden durýar, bu bolsa azat koeffisiýente degişlidir.

Deňlemäniň tötän gyşarmalarynyň dispersiýasy aşakdaky formula bilen bahalandyrylýar:

$$S_i^2 = \frac{e_i^T e_i}{n - (h - 1 + f + 1)}.$$

Gurluş parametrleriniň bahalandyrmalarynyň dispersiýasynyň we kowariasiýasynyň matrisasy şeýle görnüşde bolýar:

$$D^2\begin{pmatrix} b_{(i)} \\ c_{(i)} \end{pmatrix} = S_i^2 \times \begin{bmatrix} \hat{Y}_{(i)}^T \hat{Y}_{(i)} & \hat{Y}_{(i)}^T X_{(i)} \\ X_{(i)}^T \hat{Y}_{(i)} & X_{(i)}^T X_{(i)} \end{bmatrix}^{-1}.$$

11.4-nji mysal. Aşakdaky model gurlan:

$$P_t = \beta_{12} Y_t + \gamma_{10} + \gamma_{11} X_t + \varepsilon_{1t},$$
$$Y_t = \beta_{23} K_t + \gamma_{20} + \varepsilon_{2t},$$
$$K_t = \beta_{32} Y_t + \gamma_{30} + \gamma_{33} I_t + \varepsilon_{3t},$$

ýa-da

$$P_t - \beta_{12} Y_t - \gamma_{10} - \gamma_{11} X_t = \varepsilon_{1t},$$
$$Y_t - \beta_{23} K_t - \gamma_{20} = \varepsilon_{2t},$$
$$K_t - \beta_{32} Y_t - \gamma_{30} - \gamma_{33} I_t = \varepsilon_{3t},$$

bu ýerde

K_t – esasy önümçilik serişdeleriniň gymmaty (endogen üýtgeýän),
Y_t – işleýänleriň sany (endogen üýtgeýän),
I_t – maýa goýumyň göwrümi (ekzogen üýtgeýän),
P_t – önümiň göwrümi (endogen üýtgeýän),
X_t – çig malyň ulanylyşy (ekzogen üýtgeýän).
11 ýylyň gözegçilikler maglumatlary berlen (*11.2-nji tablisa*).

Iki ädimli iň kiçi kwadratlar usuly üçin başlangyç maglumatlar berlen:

11.2-nji tablisa

t	P_t	Y_t	K_t	X_t	I_t
1	55	4,1	29	2,8	1,2
2	58	4,1	30	2,9	1,3
3	59	4,2	30	3,8	1,3
4	62	4,4	31	4,1	1,2
5	62	4,6	32	4,1	1,3
6	65	4,6	32	4,1	1,4
7	68	4,7	34	4,0	1,3
8	71	4,8	35	4,1	1,6
9	71	5,2	37	4,2	1,8
10	72	5,4	40	4,2	1,9
11	73	5,8	42	4,3	2,0

Birinji we üçünji deňlemeleriň parametrleri birbelgili identifisirlenýärler we olar gytaklaýyn iň kiçi kwadratlar usuly bilen bahalandyrylyp bilner. Ikinji deňlemä seredeliň.

Bu deňlemede P_t, X_t, I_t üýtgeýänler ýok. Bu üýtgeýänlere degişli parametrleriň matrisasy şeýle görnüşde bolar:

$$A_2 = \begin{pmatrix} 1 & -\gamma_{11} & 0 \\ 0 & 0 & -\gamma_{33} \end{pmatrix},$$

$$\text{rang}\ (A_2) = 2 = m–1 = 3–1 < d_2 = 3.$$

Diýmek, ikinji deňleme birbelgili däl identifisirlenýär. Bu deňlemäni iki ädimli iň kiçi kwadratlar usuly bilen bahalandyralyň. Ikinji deňlemede düşündiriji üýtgeýän bolup çykyş edýän K_t üýtgeýän üçin deňlemäniň getirilen formasy şeýle ýazylýar:

$$K_t = \pi_{20} + \pi_{21} X_t + \pi_{22} I_t + \eta_{2t}\ .$$

Bu deňlemäniň parametrlerini adaty iň kiçi kwadratlar usuly bilen bahalandyralyň:

$$X = \begin{pmatrix} 1 & 2,8 & 1,2 \\ 1 & 2,9 & 1,3 \\ 1 & 3,8 & 1,3 \\ 1 & 4,1 & 1,2 \\ 1 & 4,1 & 1,3 \\ 1 & 4,1 & 1,4 \\ 1 & 4,0 & 1,3 \\ 1 & 4,1 & 1,6 \\ 1 & 4,2 & 1,8 \\ 1 & 4,2 & 1,9 \\ 1 & 4,3 & 2,0 \end{pmatrix}, Y_{(2)} \text{ ýa-da } K = \begin{pmatrix} 29 \\ 30 \\ 30 \\ 31 \\ 32 \\ 32 \\ 34 \\ 35 \\ 37 \\ 40 \\ 42 \end{pmatrix},$$

$$\hat{\Pi}_{(2)} = (X^T X)^{-1} X^T Y_{(2)} = \begin{pmatrix} 9,443 \\ 1,512 \\ 12,50 \end{pmatrix}.$$

Bu ýerde $Y_{(2)}$ matrisa diýip ýeke-täk endogen K_t üýtgeýäniň bahalaryna düşünmeli. K_t ululyk modeliň ikinji deňlemesinde düşündiriji ululykdyr. Şeýlelik bilen, K_t üýtgeýäniň getirilen deňlemesi:

$$\hat{K}_t = 9,443 + 1,512 X_t + 12,50 I_t \text{ bolar.}$$

Bu deňlemeden $\hat{K}_t = \hat{Y}_{(2)}$ empiriki bahalary tapýarys. Soňra ikinji deňlemede K_t ululyga derek $\hat{K}_t$ bahalary goýup, bu deňlemäni bahalandyrýarys:

$$Y_t = \beta_{23} \hat{K}_t + \gamma_{20} + \varepsilon_{2t}.$$

Ulgamyň ikinji deňlemesinde öňden kesgitlenen üýtgeýänleriň ýoklugy üçin $X_{(2)}$ matrisa birliklerden durýar:

$$X_{(2)} = \begin{pmatrix} 1 \\ 1 \\ 1 \\ 1 \\ 1 \\ \ldots \end{pmatrix}, \quad \hat{Y}_{(2)} = \hat{K}_t = X\hat{\Pi}_{(2)} = \begin{pmatrix} 28,677 \\ 30,078 \\ 31,439 \\ 30,642 \\ 31,892 \\ \ldots \end{pmatrix},$$

$$\begin{pmatrix} \cdots \\ 1 \\ 1 \\ 1 \\ 1 \\ 1 \\ 1 \end{pmatrix}, \begin{pmatrix} \cdots \\ 33,142 \\ 31,741 \\ 35,642 \\ 38,293 \\ 39,543 \\ 40,945 \end{pmatrix},$$

$$y_{2t} = Y_t = \begin{pmatrix} 4,1 \\ 4,1 \\ 4,2 \\ 4,4 \\ 4,6 \\ 4,6 \\ 4,7 \\ 4,8 \\ 5,2 \\ 5,4 \\ 5,8 \end{pmatrix},$$

$$a_{(2)} = \begin{pmatrix} b_{(2)} \\ c_{(2)} \end{pmatrix} = \begin{bmatrix} \hat{Y}_{(2)}^T \hat{Y}_{(2)} & \hat{Y}_{(2)}^T X_{(2)} \\ X_{(2)}^T \hat{Y}_{(2)} & X_{(2)}^T X_{(2)} \end{bmatrix}^{-1} \times \begin{bmatrix} \hat{Y}_{(2)}^T y_{2t} \\ X_{(2)}^T y_{2t} \end{bmatrix} =$$

$$= \begin{pmatrix} 12754,3 & 372,034 \\ 372,034 & 11 \end{pmatrix}^{-1} \times \begin{pmatrix} 1777,32 \\ 51,9 \end{pmatrix} = \begin{pmatrix} 0,1282 \\ 0,3838 \end{pmatrix}.$$

Şeýlelik bilen β_{23}, γ_{20} parametrleriň aşakdaky bahalandyrmalaryny alarys:

$$b_{23} = 0,1282, \qquad c_{20} = 0,3838 .$$

Ulgamyň ikinji deňlemesiniň bahalandyrmasy şeýle bolar:

$$\hat{Y}_t = 0,1282 K_t + 0,3838 .$$

Alnan parametrleriň standart ýalnyşlyklaryny hasaplalyň:

$$S_i^2 = \frac{e_i^T e_i}{n-(h-1+f+1)} = \frac{0,071}{9} = 0,0079;$$

$$D_2\begin{pmatrix} b_{(2)} \\ c_{(2)} \end{pmatrix} = S_2^2 \begin{bmatrix} \hat{Y}_{(2)}^T \hat{Y}_{(2)} & \hat{Y}_{(2)}^T X_{(2)} \\ X_{(2)}^T \hat{Y}_{(2)} & X_{(2)}^T X_{(2)} \end{bmatrix}^{-1} =$$

$$= 0,0079 \times \begin{pmatrix} 12754,3 & 372,034 \\ 372,034 & 11 \end{pmatrix}^{-1} = \begin{pmatrix} 4,6\times 10^{-5} & -0,0016 \\ -0,0016 & 0,05339 \end{pmatrix}.$$

Standart ýalnyşlyklar:

$$S_{b_{23}} = \sqrt{4,6\times 10^{-5}} = 0,00678,\ S_{c_{20}} = \sqrt{0,05339} = 0,231.$$

§11.5.Üç ädimli iň kiçi kwadratlar usuly

Bu usul birwagtlaýyn deňlemeler ulgamynyň parametrlerini tutuşlaýyn bahalandyrmak üçin ulanylýar. Başda, koeffisiýentleriň we tötän ýalňyşlyklaryň dispersiýasynyň bahalandyrmalaryny kesgitlemek üçin, her bir deňlemä iki ädimli iň kiçi kwadratlar usuly peýdalanylýar. Soňra, tötän ýalňyşlyklaryň dispersiýalarynyň tapylan bahalandyrmalaryny peýdalanyp, kowariasiýa matrisasynyň bahalandyrmasy gurulýar. Ondan soňra tutuş ulgamyň koeffisiýentlerini bahalandyrmak üçin umumylaşdyrylan iň kiçi kwadratlar usuly ulanylýar. Üç ädimli iň kiçi kwadratlar usuly dürli gurluş deňlemelerine girýän tötän gyşarmalar biri-biri bilen korrelirlenýän ýagdaýda iki ädimli iň kiçi kwadratlar usulyndan asimptotiki netijelidir.

Üç ädimli iň kiçi kwadratlar usuly amalyýetde ulanylanda aşakdakylary göz öňünde tutmaly:

1) Toždestwo bolýan her bir deňlemäni hasaplama başlamazdan öň ulgamdan çykarmaly;

2) Her bir identifisirlenmeýän deňlemäni hem ulgamdan aýyrmaly;

3) Ulgamda diňe takyk we aşa identifisirlenýän deňlemeler galýarlar.

Deňlemeleriň her bir toparyna üç ädimli iň kiçi kwadratlar usulyny aýratynlykda ulanmak maksadalaýykdyr.

4) Eger kowariasiýa matrisasy gurluşlaýyn tolgunmalar üçin blok – diagonal bolsa, onda üç ädimli iň kiçi kwadratlar usulyny bir bloga degişli deňlemeleriň her bir toparyna aýratynlykda ulanyp bolar.

Soraglar:

1. Birwagtlaýyn deňlemeler ulgamynyň gurluş formasy diýlip nämä aýdylýar?
2. Birwagtlaýyn deňlemeler ulgamynyň getirilen formasy näme?
3. Ulgamyň aýratyn alnan deňlemesiniň identifisirlenen bolmagynyň zerur we ýeterlik şertleri nähili?
4. Gytaklaýyn iň kiçi kwadratlar usuly haçan we nähili tertipde ulanylýar?
5. Eger modeliň gurluş formasynyň deňlemeleri özara baglanyşykly däl bolsalar, parametrler bahalandyrylanda nähili usul ulanylýar?
6. Instrumental üýtgeýänleriň nähili häsiýetleri bolmaly?
7. Iki ädimli iň kiçi kwadratlar usuly haçan ulanylýar?
8. Matrisanyň rangy näme? Ol nähili kesgitlenýär?
9. Endogen üýtgeýänler näme?
10. Ekzogen üýtgeýänler näme?

Barlag testi

1. *X* we *Y* iki üýtgeýän ululyklaryň korrelýasiýa koeffisiýentiniň 1 – e deň bolmagy, nämani aňladýar?

a) Üýtgeýän ululyklaryň arasynda hiç hili baglanyşyk ýok;

b) Üýtgeýän ululyklaryň arasynda çyzykly däl baglanyşyk bar;

ç) Üýtgeýän ululyklaryň arasynda gös-göni çyzykly baglanyşyk bar;

d) Üýtgeýän ululyklaryň arasynda ters çyzykly baglanyşyk bar.

2. *X* we *Y* üýtgeýän ululyklaryň korrelýasiýa koeffisiýenti 0,8-e deň. Eger iki üýtgeýänleriň bahalary 10 – *a* köpeldilse, korrelýasiýa koeffisiýenti näçä deň bolar?

a) – 0,8;

b) 0,8;

ç) –8;

d) 8.

3. Iki üýtgeýän ululyklaryň bahalary *n* esse artsa, onda kowariasiýa nähili üýtgär?

a) üýtgemez;

b) *n* esse artar;

ç) n^2 esse artar;

d) kowariasiýanyň üýtgeýşini aýdyp bolmaz.

4. Jübüt çyzykly regressiýada bagly üýtgeýän ululygyň bahalarynyň alamatlary üýtgedilse, onda determinasiýa koeffisiýenti nähili üýtgär?

a) üýtgemez;

b) *n* esse artar;

ç) n^2 esse artar;

d) determinasiýa koeffisiýentiniň üýtgeýşini aýdyp bolmaz.

5. *X* we *Y* üýtgeýän ululyklaryň bahalary tablisada berlen. Hasaplamalary geçirmän, üýtgeýän ululyklaryň korrelýasiýa koeffisiýentiniň bahasyny aýtmaly

X	1	2	3	4	5	6	7	8	9	10
Y	10	9	8	7	6	5	4	3	2	1

a) –1;
b) 0;
ç) 1;
d) ∞.

6. Eger azat agzanyň bahasy ähli synaglarda n esse artsa, çyzykly regressiýanyň koeffisiýentiniň standart ýalňyşlygy nähili üýtgär?

a) üýtgemez;
b) n esse artar;
ç) n^2 esse artar;
d) n esse kemelýär.

7. Düşündiriji ululygyň ähli bahalary n esse artyp, bagly üýtgeýän ululyk hemişelik bolanda, jübüt çyzykly regressiýa deňlemesiniň ($\hat{y} = b_0 + b_1 x$) b_1 koeffisiýenti nähili üýtgär?

a) üýtgemez;
b) n esse kemelýär;
ç) n esse artar;
d) n^2 esse artar.

8. $$X^T X = \begin{pmatrix} 13 & 61 & 71 & 88 \\ 61 & 399 & 383 & 513 \\ 71 & 383 & 519 & 589 \\ 88 & 513 & 589 & 808 \end{pmatrix}$$

matrisa berlen bolsa, onda köplük çyzykly regressiýa deňlemesiniň koeffisiýentleriniň mukdary, synaglaryň sany, düşündiriji üýtgeýän ululyklaryň sany näçä deň?

a) 3, 16, 4;
b) 4, 16, 3;
ç) 3, 13, 4;
d) 4, 13, 3.

9. Göni funksional çyzykly y – iň x – e bolan baglanyşygynda F statistika, R^2 determinasiýa koeffisiýenti we korrelýasiýa koeffisiýenti näçä deň?

a) 1,0 ∞;
b) 1,1, ∞;
ç) 1,1,0;
d) 0,1,∞.

10. Darbiniň-Uotsonyň statistikasy 2-ä deň bolsa:

a) galyndylaryň awtokorrelýasiýasy ýok;
b) galyndylaryň položitel awtokorrelýasiýasy bar;
ç) galyndylaryň otrisatel awtokorrelýasiýasy bar;
d) galyndylaryň awtokorrelýasiýasy barada kesgitli netije çykaryp bolmaýar.

11. Käbir görkezijiniň möwsümleýin yrgyldylara sezewar edilen we düşündiriji üýtgeýän ululygyň bahasynyň artmagy bilen çyzykly artýan alty ýyl üçin çärýeklik maglumatlary bar. Möwsümleýin yrgyldyny öwrenmek üçin modele näçe «emeli» üýtgeýän ululyklary girizmeli?

a) 3;
b) 4;
ç) 5;
d) 6.

12. Koýkuň paýlanyşynda şeýle şert bar: laganyň tertip belgisiniň artmagy bilen lagaly düşündiriji üýtgeýän ululygyň koeffisiýentleri:

a) geometrik progressiýa görnüşinde artar;
b) geometrik progressiýa görnüşinde kemeler;
ç) arifmetrik progressiýa görnüşinde artar;
d) arifmetrik progressiýa görnüşinde kemeler.

13. Eger düşündiriji üýtgeýän ululyklar özara güýçli korrelirlenýän bolsalar, onda alarys:

a) geteroskedastiklik;

b) gomoskedastiklik;
ç) multikollinearlyk;
d) awtokorrelýasiýa.

14. Empiriki model $Y = b_0 + b_1 X_1 + b_2 X_2 + e$ gurlan. X_1 we X_2 üýtgeýän ululyklaryň korrelýasiýa koeffisiýenti r_{X_1, X_2} 1–e deň. $X^T X$ matrisanyň kesgitleýjisi näçä deň?

a) – 1;
b) 0;
ç) 1;
d) ∞.

15. $\hat{y} = b_0 + b_1 x$ regressiýa deňlemesiniň b_0 koeffisiýenti kesgitlenende ýalňyşlyk goýberilen (b_1 koeffisiýent dogry hasaplanan). Netijede, $b_0 = 4$ alnan.Galyndylaryň jemi

$$\sum_{i=1}^{30} e_i = \sum_{i=1}^{30} (y_i - \hat{y}_i) = -30 .$$

b_0 koeffisiýentiň hakyky bahasy näçe bolmaly?

a) 3;
b) 4;
ç) 5;
d) 6.

16. Endogen we ekzogen üýtgeýän ululyklaryň lagalanan bahalary nähili atlandyrylýar?

a) öňden kesgitlenen;
b) emeli;
ç) instrumental;
d) üýtgeýän ululyklar biri-birini çalşyjy.

17. Sarp edişde özüni alyp barşyň görnüşi we ýylyň möwsümi (çärýegiň tertibi) diýen iki sany hil nyşany bar. Ähli öý hojalyklary birinji nyşan boýunça üç görnüşli durmuş-ykdysady gatlaklara bölünýär: «pes girdejili», «orta girdejili», «ýokary girdejili». Ikinji nyşan boýunça dört möwsüm bar. Modele näçe emeli üýtgeýän ululyk girizmeli?

a) 4;
b) 5;
ç) 6;
d) 7.

18. Bagly üýtgeýäniň umumy dispersiýasynyň regressiýanyň deňlemesi bilen düşündirilýän bölegini näme häsiýetlendirýär?

a) determinasiýa koeffisiýenti;
b) korrelýasiýa koeffisiýenti;
ç) çeýelik koeffisiýenti;
d) ranglaryň korrelýasiýa koeffisiýenti.

19. Iki üýtgeýän ululygyň korrelýasiýa koeffisiýenti (–1)-e ýakyn. Bu bir üýtgeýän ululygyň üýtgemesi beýleki üýtgeýän ululygyň üýtgemesiniň netijesidigini aňladýarmy?

a) hawa;
b) ýok;
ç) belli bir netije aýdyp bolmaýar.

20. Düşündiriji üýtgeýän ululyk bir göterim artanda bagly üýtgeýän ululygyň näçe göterim üýtgejekdigini görkezýän ululyk nähili atlandyrylýar?

a) regressiýa koeffisiýenti;
b) determinasiýa koeffisiýenti;
ç) korrelýasiýa koeffisiýenti;
d) çeýelik koeffisiýenti.

21. Jübüt çyzykly regressiýadaky bagly we düşündiriji üýtgeýän ululyklaryň özara korrelýasiýa koeffisiýenti 0,9-a deň. Jübüt çyzykly regressiýa ýagdaýynda bagly üýtgeýän ululygyň üýtgemesiniň näçe göterimi düşündiriji üýtgeýän ululygyň üýtgemesi bilen düşündirilýär?

a) 0,9%;
b) 9%;
ç) 81%;
d) 90%.

22. Çyzykly regressiýanyň koeffisiýentleriniň bahalandyrmalarynyň ähmiýetliligini bahalandyrýan statistika:

a) F statistika;
b) t statistika;
ç) DW statistika;
d) h statistika.

23. Eger bahalandyrmanyň dispersiýasy beýleki alternatiw bahalandyrmalaryň dispersiýalaryna görä iň kiçi baha eýe bolsa, onda bahalandyrma:

a) netijeli;
b) süýşmedik;
ç) asimptotiki netijeli;
d) ygtybarly.

24. Jübüt çyzykly regressiýa ýagdaýynda saýlama maglumatlara nazary $y = \beta_0 + \beta_1 x + \varepsilon$, empiriki $y = b_0 + b_1 x + e$ deňlemeleriň haýsysy has gowy degişli?

a) nazary;
b) empiriki;
ç) iki deňleme birmeňzeş gowy;
d) kesgitli netije aýdyp bolmaýar.

25. Iň kiçi kwadratlar usulynyň manysy:

a) regressiýanyň koeffisiýentleriniň kwadratlarynyň jemini;
b) bagly üýtgeýän ululygyň kwadratlarynyň jemini;
ç) tötän gyşarmanyň bahalandyrmasynyň kwadratlarynyň jemini;
d) regressiýanyň empiriki we nazary deňlemeleriniň gyşarma nokatlarynyň kwadratlarynyň jemini minimallaşdyrmakdyr.

26. Iki çyzykly däl modellere seredilýär:

$$y = \beta_0 x^{\beta_1} + \varepsilon\,, \quad (1)$$

$$y = \beta_0 x^{\beta_1} \cdot \varepsilon\,. \quad (2)$$

Çyzykly görnüşe getirip bolar:

a) iki modeli;
b) (1) modeli;
ç) (2) modeli;
d) hiç birini.

27. Galyndylaryň geteroskedastikligi bar bolanda adaty iň kiçi kwadratlar usuly ulanmaklyk, şeýle netijä getirer:

a) koeffisiýentleriň bahalandyrmasy süýşen bolar;
b) bahalandyrmalar netijeli bolar;
ç) bahalandyrmalaryň dispersiýasy süýşmek bilen hasaplanar;
d) t we F statistika esasynda alnan netije ynamly bolar.

28. Aşakda görkezilen modelleriň haýsysy awtoregressiýa modelidir?

a) $y_t = \alpha + \beta_0 x_t + \cdots + \beta_k t_{t-k} + \varepsilon_t$;
b) $y_t = \alpha + \beta x_t + \gamma y_{t-1} + \varepsilon_t$;
ç) $y_t = \alpha + \beta_0 x_t + \beta_1 t$;
d) $y_t = \alpha + \beta_0 t + \beta_1 t^2 + \cdots + \beta_k t^k + \varepsilon_t$.

29. Birwagtlaýyn deňlemeler ulgamynyň gurluş formasyndan getirilen formany alýarlar, onuň koeffisiýentleri adaty iň kiçi kwadratlar usuly boýunça bahalandyrylýar. Soňra, getirilen modeliň koeffisiýentleri boýunça gurluş modeliň parametrleri bahalandyrylýar. Amallaryň şeýle tertibi nähili atlandyrylýar?

a) adaty iň kiçi kwadratlar usuly;
b) iki ädimli iň kiçi kwadratlar usuly;
ç) üç ädimli iň kiçi kwadratlar usuly;
d) gytaklaýyn iň kiçi kwadratlar usuly.

30. Eger deňlemede endogen üýtgeýän ululygy kesgitlemegiň ýoly görkezilen bolsa, onda oňa

a) toždestwo deňlemeleri;
b) getirilen görnüşli deňlemeler;
ç) tertipli deňlemeler ulgamy;
d) gurluşly deňlemeler modeli diýilýär.

Barlag testiň jogaplary

Soragyň tertibi	Jogaplary	Soragyň tertibi	Jogaplary	Soragyň tertibi	Jogaplary
1	d	11	a	21	ç
2	b	12	b	22	b
3	ç	13	ç	23	a
4	ç	14	b	24	b
5	a	15	a	25	ç
6	b	16	a	26	ç
7	b	17	b	27	ç
8	d	18	a	28	b
9	ç	19	ç	29	d
10	a	20	d	30	b

Özbaşdak ýumuşlar

I wariant

1-nji mesele

10 ýylyň maglumatlary berlen. X– ortaça girdeji, Y – ortaça çykdajy (sarp ediş) (mln.manat):

Ýyllar	2000	2001	2002	2003	2004	2005	2006	2007	2008	2009
X	10,5	11,6	12,3	13,7	14,5	16,1	17,3	18,7	20,1	21,8
Y	8,12	10,0	8,41	12,1	12,4	11,4	12,8	13,9	17,3	17,5

1. $Y = \beta_0 + \beta_1 X + \varepsilon$ çyzykly regressiýanyň koeffisiýentlerini iň kiçi kwadratlar usuly boýunça bahalandyryň.

2. Eger ähmiýetlilik derejesi $\alpha = 0{,}05$ bolsa, onda β_0, β_1 nazary koeffisiýentleriň b_0, b_1 bahalandyrmalarynyň statistiki ähmiýetliligini barlaň.

3. Regressiýanyň nazary koeffisiýentleriniň 95% ynamly aralyklaryny hasaplaň.

4. Girdeji $X = 19{,}0$ bolanda sarp edişiň çaklaýşyny tapyň we $M(Y|X = 19{,}0)$ şertli matematiki garaşmanyň 95% ynamly aralygyny hasaplaň.

5. Girdeji X =19,0 bolanda sarp edişiň 95% ähtimallykly aralygynyň çäklerini hasaplaň.

6. Eger girdeji 3 mln.manat artsa, onda sarp edişiň näçe üýtgejekdigini bahalandyryň.

7. R^2 determinasiýa koeffisiýenti hasaplaň.

8. Determinasiýa koeffisiýenti üçin F statistikany hasaplaň we determinasiýa koeffisiýentiniň statistiki ähmiýetliligini bahalandyryň.

2-nji mesele

15 sany gözegçiligiň esasynda şeýle maglumatlar alnan:

$$\sum_{i=1}^{15} x_{i1} = 120, \quad \sum_{i=1}^{15} x_{i1}^2 = 1240, \quad \sum_{i=1}^{15} x_{i2} = 104, \quad \sum_{i=1}^{15} x_{i2}^2 = 1004,$$

$$\sum_{i=1}^{15} y_i = 590, \quad \sum_{i=1}^{15} e_i^2 = 30.$$

$$\sum_{i=1}^{15} x_{i1}x_{i2} = 936, \quad \sum_{i=1}^{15} x_{i1}y_i = 5732, \quad \sum_{i=1}^{15} x_{i2}y_i = 4841, \quad \sum_{i=1}^{15} y_i^2 = 27468,$$

1. Çyzykly regressiýanyň koeffisiýentlerini bahalandyryň:

$$Y = \beta_0 + \beta_1 x_1 + \beta_2 x_2 + \varepsilon.$$

2. Koeffiýentleriň standart ýalňyşlyklaryny kesgitläň.
3. R^2 we $\bar{R}^2$ – ni hasaplaň.
4. Eger ähmiýetlilik derejesi α = 0,05 bolsa, onda regressiýa koeffisiýentleriniň we determinasiýa koeffisiýentiniň statistiki ähmiýetliligini bahalandyryň.

3-nji mesele

Goý, $\hat{Y} = b_0 + b_1x_1 + b_2x_2$ regressiýa kesgitlenen bolsun, $b_1 > 0$. x_2 üýtgeýän ululyk taşlanýar we regressiýanyň $\hat{Y} = b_0 + b_1x_1 + b_2x_2$ deňlemesi bahalandyrylýar, netijede, b_1 koeffisiýent otrisatel bolýar ($b_1 < 0$). Bu bolup bilermi? Eger bolsa, onda haýsy ýagdaýda?

4-nji mesele

Eger $\bar{x}, \bar{y}$ – üýtgeýän ululyklaryň ortaça bahalary bolsa, onda jübüt çyzykly regressiýanyň deňlemesiniň grafiginiň hemme wagt $(\bar{x}, \bar{y})$ nokatdan geçýändigini subut ediň.

II wariant

1-nji mesele

10 sany kompaniýanyň işi barada maglumatlar tablisada berlen. X (mlrd.pul ölçeg birligi) – goruň (kapitalyň) aýlawy, Y(mlrd. manat) – arassa girdeji.

№	1	2	3	4	5	6	7	8	9	10
X	31,3	13,4	4,5	10,0	20,0	15,0	60,1	17,9	40,2	2,0
Y	2,2	1,7	0,7	1,7	2,2	1,3	4,1	1,6	2,5	0,5

1. $Y = \beta_0 + \beta_1 X + \varepsilon$ çyzykly regressiýanyň koeffisiýentlerini iň kiçi kwadratlar usuly boýunça bahalandyryň.

2. Eger-de ähmiýetlilik derejesi $\alpha = 0{,}05$ bolsa,onda β_0, β_1 nazary koeffisiýentleriň b_0, b_1 bahalandyrmalarynyň statistiki ähmiýetliligini barlaň.

3. Regressiýanyň nazary koeffisiýentleriiniň 95% ähtimallykly ynamly aralyklaryny hasaplaň.

4. Goruň aýlawy $X = 50{,}0$ bolanda arassa girdejiniň çaklaýşyny geçiriň we $M\ (Y|X = 50{,}0)$ şertli matematiki garaşma üçin 95% ähtimallykly ynamly aralygy hasaplaň.

5. Goruň aýlawy X =50,0 bolanda arassa girdejiniň alyp biljek bahalarynyň 95% – den az bolmadyk göwrüminiň düşjek aralygynyň çäklerini hasaplaň.

6. Eger goruň aýlawy 3 mln.manat artsa, onda arassa girdejiniň näçe üýtgejekdigini bahalandyryň.

7. R^2 determinasiýa koeffisiýentini hasaplaň.

8. Determinasiýa koeffisiýenti üçin F statistikany hasaplaň we onuň statistiki ähmiýetliligini bahalandyryň.

2-nji mesele

X (pul ölçeg birligi) ortaça girdeji we Y (pul ölçeg birligi) ortaça sarp ediş barada 15 ýylyň maglumatlary tablisada berlen.

Ýyllar	X	Y	Ýyllar	X	Y	Ýyllar	X	Y
1995	10,5	8,8	2000	16,1	11,9	2005	23,1	20,5
1996	11,6	12,0	2001	17,3	13,5	2006	24,3	19,5

tablisanyň dowamy

1997	12,3	13,0	2002	18,7	15,0	2007	25,5	19,1
1998	13,7	12,6	2003	20,1	18,2	2008	27,8	19,3
1999	14,5	11,2	2004	21,8	21,2	2009	30,0	24,0

1. $Y = \beta_0 + \beta_1 X + \varepsilon$ çyzykly regressiýanyň koeffisiýentlerini iň kiçi kwadratlar usuly boýunça bahalandyryň.

2. Darbiniň-Uotsonyň *DW* statistikasynyň bahasyny hasaplaň we galyndylaryň awtokorrelýasiýasynyň barlygyny seljeriň.

3. Awtokorrelýasiýa bar ýagdaýynda Kohranyň-Orkattyň usulynyň bir siklini ulanyp, regressiýanyň deňlemesini täzeden bahalandyryň.

3-nji mesele

X we *Y* üýtgeýän ululyklaryň bahalary berlen.

X	1	2	3	4	5	6	7	8	9	10
Y	2,6	4,6	6,0	9,4	9,0	12,3	15,1	14,3	17,9	23,1

r_{xy} korrelýasiýa koeffisiýentini hasaplaň we korrelýasiýa baglanyşygyň barlygynyň (ýoklugynyň) gipotezasyny barlaň.

4-nji mesele

X we *Y* üýtgeýän ululyklaryň bahalarynyň *n* esse artdyrylmagy $r_{x,\,y}$ korrelýasiýa koeffisiýentiniň bahasyna nähili täsir eder?

III wariant

1-nji mesele

10 sany arçynlyk boýunça *X* (pul birligi görnüşinde) – ortaça günlük zähmet haklary we iýmit harytlaryna edilen *Y* (% görnüşinde) çykdajylar barada maglumatlar berlen.

№	1	2	3	4	5	6	7	8	9	10
X	340	389	452	509	540	567	643	658	679	720
Y	70,1	62,1	66,1	65,6	55,6	58,0	55,1	57,3	53,1	48,1

1. $Y = \beta_0 + \beta_1 X + \varepsilon$ çyzykly regressiýanyň koeffisiýentlerini iň kiçi kwadratlar usuly boýunça bahalandyryň.

2. Eger ähmiýetlilik derejesi $\alpha = 0{,}05$ bolsa, β_0, β_1 nazary koeffisiýentleriň b_0, b_1 bahalandyrmalarynyň statistiki ähmiýetliligini barlaň.

3. Regressiýanyň nazary koeffisiýentleriniň 95% ähtimallykly ynamly aralyklaryny hasaplaň.

4. Ortaça günlük haky $X = 700$ (pul birligi) bolanda iýmit harytlara çykdajylaryň mukdarynyň çaklaýşyny geçiriň we $M\ (Y|X = 700)$ şertli matematiki garaşma üçin 95% ähtimallykly ynamly aralygy hasaplaň.

5. $X = 700$ bolanda Y ululygyň 95% – den az bolmadyk bahalarynyň düşjek aralygynyň çäklerini hasaplaň.

6. Eger ortaça günlük haky 10 pul birligine artsa, onda iýmit harytlary üçin edilýän çykdajylar näçe göterime üýtgejekdigini bahalandyryň.

7. R^2 determinasiýa koeffisiýentini hasaplaň.

8. Determinasiýa koeffisiýenti üçin F statistikany hasaplaň we onuň statistiki ähmiýetliligini bahalandyryň.

2-nji mesele

30 sany öý hojalyklaryň girdejisi (X) we çykdajysy (Y) barada maglumatlar berlen.

X	26	28	31	32	34	35	37	40	41	43
Y	11,2	9,74	12,4	15,0	12,2	12,1	16,4	14,7	16,4	20,2
X	45	48	49	52	53	54	57	60	61	62
Y	14,9	19,2	23,0	24,4	21,2	17,8	22,8	28,2	21,6	20,5
X	63	66	67	68	69	70	75	77	79	80
Y	29,6	31,0	24,8	22,4	22,8	34,9	31,5	30,8	23,3	41,1

1. $Y = \beta_0 + \beta_1 X + \varepsilon$ çyzykly regressiýanyň koeffisiýentlerini iň kiçi kwadratlar usuly boýunça bahalandyryň.

2. Galyndylaryň geteroskedastikliginiň ýoklugy baradaky gipotezany öwrenmek üçin Goldfeldiň-Kwandtyň testini ulanyň.

3. Galyndylaryň geteroskedastikligi bar ýagdaýda gyşarmalaryň σ_i^2 dispersiýasy x_i^2 ululyga proporsional diýip hasap edip, agramlaşdyrylan iň kiçi kwadratlar usulyny ulanyň.

4. Adaty iň kiçi kwadratlar usuly boýunça gurlan deňlemelerdäki bahalandyrmalaryň hiline geteroskedastikligiň düýpli täsir edendigini kesgitläň.

3-nji mesele

Eger

$$(X^T X)^{-1} = \begin{pmatrix} 2 & -0,3 & -0,3 \\ -0,3 & 0,1 & 0 \\ -0,3 & 0 & 0,1 \end{pmatrix}, \sum_{i=1}^{15} e_i^2 = 4$$

bolsa, onda çyzykly regressiýa modeliniň koeffisiýentleriniň S_{b_0}, S_{b_1}, S_{b_2} standart ýalňyşlyklaryny hasaplaň.

4-nji mesele

Çyzykly jübüt regressiýanyň galyndylary barada aşakdaky maglumatlar (t-synag pursadynyň belgisi)berlen.

$$\sum_{t=1}^{15} e_t^2 = 90, \ \sum_{t=2}^{15} (e_t - e_{t-1})^2 = 31$$

Darbiniň-Uotsonyň testini ulanyp, awtokorrelýasiýanyň barlygy ýa-da ýoklugy barada netije çykaryň.

IV wariant

1-nji mesele

10 sany kärhanada bir önümiň özüne düşýän Y (pul ölçeg birligi) gymmatynyň bir önüme düşýän X (adam-sagat) zähmet sygymyna baglylygy barada maglumatlar tablisada berlen.

№	1	2	3	4	5	6	7	8	9	10
X	10,3	11,2	12,3	11,8	14,6	15,8	15,2	14,2	13,1	10,8
Y	110	125	130	131	150	172	158	145	140	118

1. $Y = \beta_0 + \beta_1 X + \varepsilon$ çyzykly regressiýanyň koeffisiýentlerini iň kiçi kwadratlar usuly boýunça bahalandyryň.

2. Eger ähmiýetlilik derejesi $\alpha = 0,05$ bolsa, onda β_0, β_1 nazary koeffisiýentleriň, b_0, b_1 bahalandyrmalarynyň statistiki ähmiýetliligini barlaň.

3. Regressiýanyň nazary koeffisiýentleri üçin 95% ähtimallykly ynamly aralyklary hasaplaň.

4. Zähmet sygymy X =15,0 bolanda bir önümiň özüne düşýän gymmatynyň çaklaýşyny ediň we $M(Y|X = 15{,}0)$ şertli matematiki garaşma üçin 95% ähtimallykly ynamly aralygy hasaplaň.

5. Zähmet sygymy X = 15,0 bolanda önümiň özüne düşýän gymmatynyň bahalarynyň 95% -inden az bolmadyk böleginiň düşjek aralygynyň çäklerini hasaplaň.

6. Eger zähmet sygymy 1 adam-sagat artsa, onda bir önümiň özüne düşýän gymmatynyň näçe üýtgejekdigini bahalandyryň.

7. R^2 determinasiýa koeffisiýentini hasaplaň.

8. Determinasiýa koeffisiýenti üçin F statistikany hasaplaň we onuň statistiki ähmiýetliligini bahalandyryň.

2-nji mesele

Bäsleşik şertlerde işleýän kärhana üçin käbir Y harydyň teklibiniň göwrümi bu harydyň X_1 bahasyna we işgärleriň X_2 zähmet haklaryna çyzykly bagly hasaplanýar: $Y = \beta_0 + \beta_1 X_1 + \beta_2 X_2 + \varepsilon$.

X_1	10	15	20	25	40	37	43	35	38	55	50	35	40	45
X_2	12	10	9	9	8	8	6	4	4	5	3	1	2	1
Y	20	35	30	45	60	69	75	90	105	110	120	130	130	135

1. Regressiýa deňlemesiniň koeffisiýentlerini iň kiçi kwadratlar usuly boýunça bahalandyryň.

2. Gurlan modeliň hilini t statistikanyň we F statistikanyň kömegi bilen barlaň.

3-nji mesele

$\hat{y} = b_0 + b_1 x$ regressiýa deňlemesiniň koeffisiýentleri hasaplananda b_0 koeffisiýentiň bahasynda ýalňyşlyk göýberilen (b_1 koeffisiýent dogry hasaplanan). Netijede b_0 = 5 alnan. Galyndylaryň jemi

$$\sum_{i=1}^{20} e_i = \sum_{i=1}^{20} (y_i - \hat{y}_i) = 40 .$$

b_0 koeffisiýenti kesgitläň.

4-nji mesele

X we Y üýtgeýän ululyklaryň arasyndaky korrelýasiýa koeffisiýenti 0,9 - a deň. Çyzykly regressiýa modeli ýagdaýynda determinasiýa koeffisiýenti nähili bolar?

V wariant

1-nji mesele

10 sany kärhanada Y udel hemişelik çykdajylaryň öndürilen önümiň X göwrümine baglylygy barada maglumatlar tablisada berlen.

№	1	2	3	4	5	6	7	8	9	10
X	1000	900	950	1020	1100	950	1150	1200	1220	1250
Y	800	720	730	800	845	745	890	940	922	960

1. $Y = \beta_0 + \beta_1 X + \varepsilon$ çyzykly regressiýanyň koeffisiýentlerini iň kiçi kwadratlar usuly boýunça bahalandyryň.

2. Ähmiýetlilik derejesi $\alpha = 0{,}05$ bolanda β_0, β_1 nazary koeffisiýentleriň b_0, b_1 bahalandyrmalarynyň statistiki ähmiýetliligini barlaň.

3. Regressiýanyň nazary koeffisiýentleri üçin 95% ähtimallykly ynamly aralyklary hasaplaň.

4. Önümiň öndürilen göwrümi $X = 120{,}0$ bolanda hemişelik çykdajylaryň çaklaýşyny geçiriň we $M(Y|X = 1200{,}0)$ şertli matematiki garaşma üçin 95% ähtimallykly ynamly aralygy hasaplaň.

5. Önümiň öndürilen göwrümi $X = 120{,}0$ bolanda, hemişelik çykdajylaryň aljak bahalarynyň 95% - inden az bolmadyk böleginiň düşjek aralygynyň çäklerini hasaplaň.

6. Eger önümiň öndürilen göwrümi 100 birlik artsa, onda hemişelik çykdajylaryň näçe birlik üýtgejekdigini bahalandyryň.

7. R^2 determinasiýa koeffisiýentini hasaplaň.

8. Determinasiýa koeffisiýenti üçin F statistikany hasaplaň we onuň statistiki ähmiýetliligini bahalandyryň.

2-nji mesele

Çyzykly däl modeli saýlap alyň, ony çyzykly görnüşe geçiriň we eger aşakdaky maglumatlar berilse (X – düşündiriji üýtgeýän ululyk, Y – bagly üýtgeýän ululyk), parametrlerini bahalandyryň.

X	1	2	3	4	5	6	7	8	9	10
Y	5	12,3	20,9	30,3	40,5	51,4	62,7	74,6	87,0	99,8

3-nji mesele

$Y = b_0 + b_1 X_1 + b_2 X_2 + e$ modele seredilýär.

$$(X^T X)^{-1} = \begin{pmatrix} 0,74 & -0,06 & -0,06 \\ -0,06 & 0,01 & -0,002 \\ -0,06 & -0,002 & 0,01 \end{pmatrix}, X^T Y = \begin{pmatrix} 330 \\ 2000 \\ 2060 \end{pmatrix}$$

matrisalar alnan.

Modeliň parametrleriniň b_0, b_1, b_2 bahalandyrmalaryny hasaplaň.

4-nji mesele

Y we X berk funksional baglanyşyk ýagdaýynda bolsa R^2 determinasiýa koeffisiýenti we F statistika näçä deň bolar?

VI wariant

1-nji mesele

10 sany kärhana üçin materiallaryň Y sarp edilişi we öndürilen önümiň X göwrümi barada maglumatlar tablisada berlen.

	1	2	3	4	5	6	7	8	9	10
X	105	116	123	137	145	161	173	187	201	218
Y	210	240	270	290	300	320	350	400	400	450

1. $Y = \beta_0 + \beta_1 X + \varepsilon$ çyzykly regressiýanyň koeffisiýentlerini iň kiçi kwadratlar usuly boýunça bahalandyryň.

2. Ähmiýetlilik derejesi $\alpha = 0,05$ bolsa, β_0, β_1 nazary koeffisiýentleriň b_0, b_1 bahalandyrmalarynyň statistiki ähmiýetliligini barlaň.

3. Regressiýanyň nazary koeffisiýentleri üçin 95% ähtimallykly ynamly aralyklary hasaplaň.

4. Önümçiligiň göwrümi $X = 200$ bolanda materiallaryň sarp edilişiniň çaklaýşyny geçiriň we M $(Y|X = 200)$ şertli matematiki garaşma üçin 95% ähtimallykly ynamly aralygy hasaplaň.

5. Önümçiligiň göwrümi $X = 200$ bolanda, materiallaryň sarp edilişiniň 95%-inden az bolmadyk bahalarynyň jemlenen aralygynyň çäklerini hasaplaň.

6. Eger girdeji 10-a artsa, onda materiallaryň sarp edilişiniň näçä üýtgejekdigini bahalandyryň.

7. R^2 determinasiýa koeffisiýentini hasaplaň.

8. Determinasiýa koeffisiýenti üçin F statistikany hasaplaň we onuň statistiki ähmiýetliligini bahalandyryň.

2-nji mesele

Çyzykly däl modeli saýlap, ony çyzykly görnüşe geçirmeli we aşakdaky maglumatlar berilse (X – düşündiriji üýtgeýän ululyk, Y – bagly üýtgeýän ululyk), parametrlerini bahalandyryň.

X	0,1	0,2	0,3	0,4	0,5	0,6	0,7	0,8	0,9	1,0
Y	5,5	5,7	6,3	6,6	7,1	7,7	8,12	9,1	9,3	10

3-nji mesele

X we Y üýtgeýän ululyklaryň arasyndaky korrelýasiýa koeffisiýenti 0,85-e deň. Eger X we Y üýtgeýän ululyklaryň ähli bahalaryny (–10) - a köpeltsek, korrelýasiýa koeffisiýenti näçä deň bolar?

4-nji mesele

Eger korrelýasiýa koeffisiýenti determinasiýa koeffisiýentinden kiçi bolsa, onda çyzykly regressiýa modelinde düşündiriji üýtgeýän ululygyň artmagy bilen bagly üýtgeýän ululyk özüni nähili alyp barar?

VII wariant

1-nji mesele

Konserniň 10 sany kärhanasy boýunça satuwyň Y (mln.manat) göwrümi bilen mahabatlandyrma (reklama) sarp edilen X (mln.manat) çykdajylaryň maglumatlary tablisada berlen.

	1	2	3	4	56	6	7	8	9	10
X	1,1	1,2	1,3	1,5	1,6	1,5	1,9	2,1	2,2	2,3
Y	23,1	23,6	24,2	23,1	25,2	25,1	26,7	26,3	27,1	26,9

1. $Y = \beta_0 + \beta_1 X + \varepsilon$ çyzykly regressiýanyň koeffisiýentlerini iň kiçi kwadratlar usuly boýunça bahalandyryň.

2. Ähmiýetlilik derejesi $\alpha = 0{,}05$ bolsa, β_0, β_1 nazary koeffisiýentleriň b_0, b_1 bahalandyrmalarynyň statistiki ähmiýetliligini barlaň.

3. Regressiýanyň nazary koeffisiýentleri üçin 95% ähtimallykly ynamly aralyklary hasaplaň.

4. Eger mahabatlandyrmagyň çykdajysy $X = 2{,}5$ bolsa, satuwyň göwrüminiň çaklaýyşyny geçiriň we $M\,(Y|X = 2{,}5)$ şertli matematiki garaşmanyň 95%-li ynamly aralygyny hasaplaň.

5. Mahabatlandyrmagyň çykdajysy $X = 2{,}5$ bolsa, satuwyň göwrüminiň 95%-inden az bolmadyk bahalarynyň jemlenen aralygynyň çäklerini hasaplaň.

6. Eger mahabatlandyrmagyň çykdajysy 0,1 mln. manat artsa, onda satuwyň göwrüminiň näçe birlik üýtgejekdigini bahalandyryň.

7. R^2 determinasiýa koeffisiýentini hasaplaň.

8. Determinasiýa koeffisiýenti üçin F statistikany hasaplaň we onuň statistiki ähmiýetliligini bahalandyryň.

2-nji mesele

Şeýle maglumatlar berlen (X – düşündiriji üýtgeýän ululyk, Y – bagly üýtgeýän ululyk). Çyzykly däl modeli saýlap, ony çyzykly görnüşe geçiriň we parametrlerini bahalandyryň.

X	10,0	11,7	13,7	16,0	18,7	21,9	25,7	30,0	35,1	41,1
Y	15,0	13,0	11,0	11,2	10,3	9,4	8,9	8,1	7,6	7,44

3-nji mesele

Iki empiriki model gurlan:

$$(1)\ Y = b_0 + b_1 X + e,$$

$$(2)\ \ln Y = b'_0 + b'_1 X + e.$$

Determinasiýa koeffisiýentleri, degişlilikde:

$$(1)\ R^2 = 0{,}91\ ,$$

$$(2)\ R^2 = 0{,}95\ .$$

(2) deňleme (1) deňlemä garanyňda başlangyç maglumatlary gowy ýazyp beýan edýär diýip bolarmy? Jogaby esaslandyrmaly.

4-nji mesele

Eger $\hat{Y} = b_0 + b_1X_1 + b_2X_2 + e$ model gurulsa (bu ýerde Y – peýda, X_1 – girdeji, X_2 – çykdajy), onda regressiýanyň koeffisiýentleri nähili bolar?

VIII wariant

1-nji mesele

Lomaý söwdanyň 10 sany kärhanasy boýunça önüm ýerleşdirmegiň Y göwrüminiň söwda meýdançasynyň X ölçegine baglylygynyň maglumatlary tablisada berlen.

	1	2	3	4	5	6	7	8	9	10
X	700	750	800	830	850	900	920	950	980	890
Y	6350	7800	7600	8600	8600	9200	9000	9100	9950	9000

1. $Y = \beta_0 + \beta_1 X + \varepsilon$ çyzykly regressiýanyň koeffisiýentlerini iň kiçi kwadratlar usuly boýunça bahalandyryň.

2. Ähmiýetlilik derejesi $\alpha = 0{,}05$ bolsa, β_0, β_1 nazary koeffisiýentleriň b_0, b_1 bahalandyrmalarynyň statistiki ähmiýetliligini barlaň.

3. Regressiýanyň nazary koeffisiýentleri üçin 95% ähtimallykly ynamly aralyklary hasaplaň.

4. Söwda meýdançasynyň ölçegi $X = 1000$ bolanda önüm ýerleşdirmegiň göwrüminiň çaklaýşyny geçiriň we $M(Y|X = 1000)$ şertli matematiki garaşma üçin 95% ähtimallykly ynamly aralygy hasaplaň.

5. Söwda meýdançasynyň ölçegi $X = 1000$ bolanda, önüm ýerleşdirmegiň göwrüminiň 95%-inden az bolmadyk bahalarynyň jemlenen aralygynyň çäklerini hasaplaň.

6. Eger söwda meýdançasynyň ölçegi 100 – e artsa, onda önüm ýerleşdirmegiň göwrüminiň näçe birlik üýtgejekdigini bahalandyryň.

7. R^2 determinasiýa koeffisiýentini hasaplaň.

8. Determinasiýa koeffisiýenti üçin F statistikany hasaplaň we onuň statistiki ähmiýetliligini bahalandyryň.

2-nji mesele

Welaýatda bölekleýin söwdanyň aýlanyşygy we sarp ediş bahanyň dinamikasy barada iki ýylyň maglumatlary tablisada berlen.

Ş.Almonyň usulyny ulanyp, paýlanan lagaly modeliň parametrlerini bahalandyryň. Laganyň uzynlygy 4-den uly bolmaly däl, approksimirleýji polinomyň derejesi 3-den uly bolmaly däl. Gurlan modeliň hilini bahalandyryň.

Aýlar	Bölekleýin söwdanyň aýlawynyň geçen aýa görä % – i	Sarp ediş bahalaryň indeksiniň geçen aýa görä % – i
Ýanwar	70,8	101,7
Fewral	98,7	101,1
Mart	97,9	100,4
Aprel	99,6	100,1
Maý	96,1	100,0
Iýun	103,4	100,1
Iýul	95,5	100,0
Awgust	102,9	105,8
Sentýabr	77,6	145,0
Oktýabr	102,3	99,8
Noýabr	102,9	102,7
Dekabr	123,1	109,4
Ýanwar	74,3	110,0
Fewral	92,9	106,4
Mart	106,0	103,2
Aprel	99,8	103,2
maý	105,2	102,9
Iýun	99,7	100,8
Iýul	99,7	101,6
Awgust	107,9	101,5
Sentýabr	98,8	101,4
Oktýabr	104,6	101,7
Noýabr	106,4	101,7
Dekabr	122,7	101,2

3-nji mesele

(1) $Y = \beta_0 + \beta_1 X + \varepsilon$ – regressiýanyň nazary deňlemesi,
(2) $Y = b_0 + b_1 X + e$ – regressiýanyň empiriki deňlemesi.

Deňlemeleriň haýsysy saýlamanyň maglumatlaryny has gowy şöhlelendirýär we näme üçin ?

4-nji mesele

1. Eger $\hat{Y} = b_0 + b_1X_1 + b_2X_2 + e$ modeli gursak (bu ýerde Y – peýda, X_1 – girdeji, X_2 – çykdajy), onda determinasiýa koeffisiýenti nähili bolar?

IX wariant

1-nji mesele

Lomaý söwdanyň 10 sany kärhanasy boýunça haryt ýerleşdirmegiň Y göwrümi we haryt gorlarynyň X göwrümi barada maglumatlar tablisada berlen.

	2000	2001	2002	2003	2004	2005	2006	2007	2008	2009
X	11,1	11,6	12,3	12,8	13,3	13,6	13,9	14,5	16,8	18,2
Y	70,1	73,3	77,1	76,1	80,1	76,5	79,5	81,5	86,8	91,5

1. $Y = \beta_0 + \beta_1 X + \varepsilon$ çyzykly regressiýanyň koeffisiýentlerini iň kiçi kwadratlar usuly boýunça bahalandyryň.

2. Ähmiýetlilik derejesi $\alpha = 0{,}05$ bolanda β_0, β_1 nazary koeffisiýentleriň b_0, b_1 bahalandyrmalarynyň statistiki ähmiýetliligini barlaň.

3. Regressiýanyň nazary koeffisiýentleri üçin 95% ähtimallykly ynamly aralyklary hasaplaň.

4. Harydyň gory $X = 20{,}0$ bolanda haryt ýerleşdirmegiň göwrüminiň çaklaýşyny geçiriň we $M(Y|X=20{,}0)$ şertli matematiki garaşma üçin 95% ähtimallykly ynamly aralygy hasaplaň.

5. Goruň derejesi X=20,0 bolanda, haryt ýerleşdirmegiň göwrüminiň 95%-inden az bolmadyk bahalarynyň jemlenen aralygynyň çäklerini hasaplaň.

6. Eger harydyň gory 1 birlik artsa, onda haryt ýerleşdirmegiň göwrüminiň näçe birlik üýtgejekdigini bahalandyryň.

7. R^2 determinasiýa koeffisiýentini hasaplaň.

8. Determinasiýa koeffisiýenti üçin *F* statistikany hasaplaň we onuň statistiki ähmiýetliligini bahalandyryň.

2-nji mesele

Kärhanada iki (*A* we *B*) kärhanalaryň enjamlary ulanylýar. Enjamlaryň ynamlylygy barlanylýar. Enjamlaryň köneligi, ýaşy (X – aý) we soňky döwülýänçä işlän (Y – sagat) wagty hasaba alynýar. 36 enjam boýunça saýlama maglumatlar alnan.

Kärhana	X	Y	Kärhana	X	Y
A	23	280	*B*	52	200
A	69	176	*B*	66	123
A	63	176	*B*	20	245
A	52	200	*B*	48	236
A	66	123	*B*	30	230
A	20	245	*B*	25	216
A	48	236	*B*	75	45
A	25	240	*B*	20	265
A	71	115	*B*	40	176
A	40	225	*B*	25	260
A	30	260	*B*	69	65
A	75	100	*B*	45	126
A	56	170	*B*	69	45
A	37	240	*B*	22	220
A	67	120	*B*	33	194
A	23	280	*B*	21	240
A	69	176	*B*	50	120
A	63	176	*B*	56	88

Dürli kärhananyň enjamynyň hiliniň dürlüdigini hasaba alyp, $Y = \beta_0 + \beta_1 X + \gamma_1 D + \gamma_2 DX + \varepsilon$ regressiýa deňlemesini bahalandyryň.

3-nji mesele

Iň kiçi kwadratlar usuly bilen azat agzasyz regressiýada ýapgytlyk koeffisiýentini bahalandyrmak üçin formulany getirip çykaryň, ýagny, gyşarmalaryň kwadratlarynyň $\sum_{i=1}^{n}(y_i - \hat{y}_i)^2$ jemi minimal bolar ýaly $Y = \beta_1 X + \varepsilon$ regressiýanyň β_1 parametriniň bahalandyrmasyny tapyň.

4-nji mesele

Eger çyzykly regressiýa modelinde korrelýasiýa koeffisiýenti determinasiýa koeffisiýentinden uly bolsa, düşündiriji üýtgeýän ululygyň artmagy bilen bagly üýtgeýän ululyk özüni nähili alyp barar?

X wariant

1-nji mesele

10 ýyl üçin X (mln. manat) – ortaça girdeji we Y (mln.manat) – ortaça sarp ediş barada maglumatlar tablisada berlen:

Ýyllar	2000	2001	2002	2003	2004	2005	2006	2007	2008	2009
X	10,5	11,6	12,3	13,7	14,5	16,1	17,3	18,7	20,1	21,8
Y	8,12	10,0	8,41	12,0	12,4	11,4	12,8	13,9	17,3	17,5

1. $Y = \beta_0 + \beta_1 X + \varepsilon$ çyzykly regressiýanyň koeffisiýentlerini iň kiçi kwadratlar usuly boýunça bahalandyryň.
2. Ähmiýetlilik derejesi $\alpha = 0,05$ bolanda β_0, β_1 nazary koeffisiýentleriň b_0, b_1 bahalandyrmalarynyň statistiki ähmiýetliligini barlaň.
3. Regressiýanyň nazary koeffisiýentleri üçin 95% ähtimallykly ynamly aralyklary hasaplaň.
4. Girdeji $X = 23,0$ bolanda sarp edişiň çaklaýşyny geçiriň we $M(Y|X = 23,0)$ şertli matematiki garaşma üçin 95% ähtimallykly ynamly aralygy hasaplaň.
5. Girdeji $X = 23,0$ bolanda, sarp edişiň göwrüminiň 95%-inden az bolmadyk bahalarynyň jemlenen aralygynyň çäklerini hasaplaň.
6. Eger girdeji 3mln. manada artsa, onda sarp edişiň näçe birlik üýtgejekdigini bahalandyryň.
7. R^2 determinasiýa koeffisiýentini hasaplaň.

8. Determinasiýa koeffisiýenti üçin F statistikany hasaplaň we onuň statistiki ähmiýetliligini bahalandyryň.

2-nji mesele

Keýns modeli berlen:

$C_t = a_1 + b_{11} Y_t + b_{12} T_t + \varepsilon_{t1}$ (sarp ediş funksiýasy),

$I_t = a_2 + b_{21} Y_{t-1} + \varepsilon_{t2}$ (maýa goýum funksiýasy),

$T_t = a_3 + b_{31} Y_t + \varepsilon_{t3}$ (salgytlar funksiýasy),

$Y_t = C_1 + I_t + G_t$ (girdejiniň toždestwosy),

bu ýerde C_t – t wagt döwründe jemi sarp ediş;

Y_t –t wagt döwründe girdeji;

I_t – t wagt döwründe maýa goýumlar;

T_t – t wagt döwründe salgytlar;

G_t – t wagt döwründe döwlet çykdajylary;

Y_{t-1} – $(t-1)$ wagt döwründe girdeji.

